**Kahramon Rajabow, Akbar Zamonow**

# Özbegistanyň taryhy

## (1917-1991-nji ý.ý.)

*Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik*

*1-nji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi
Daşkent-2017

**UO‘K 94(575.1)(075.3)=512.164**
**KBK 63.3(5O‘)ya721**
**R 17**

**Syn ýazanlar:**

**A.A.Mawrulow -** Respublikan Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkeziniň başlygy, t.y.d., professor

**S.I.Inoýatow -** Buhara döwlet uniwersitetiniň professory, t.y.d.

**Ş.Ergaşew** - Özbegistan YA Taryh institutynyň uly ylmy işgäri, t.y.k.

**B.A.Pasilow -** Özbegistan YA Taryh institutynyň uly ylmy işgäri, t.y.k.

**I.M.Şamsiýewa -** Özbegistan YA ýanyndaky Özbegistanyň iň täze taryhy merkeziniň uly ylmy işgäri, t.y.k.

**Ş.Holikulow -** Samarkant döwlet uniwersitetiniň kafedra müdiri, t.y.k., dosent

**Ş.Safarowa -** RTM baş metodisti.

**F.S.Amanowa -** Daşkent şäher Mirzo Ulugbek tümenindäki 248-nji mekdebiniň taryh mugallymy

**J. J. Abdullaýew -** Daşkent döwlet ýuridik uniwersitetiniň ýanyndaky akademik liseýiň taryh mugallymy

Taryhy edebiýatlary neşire taýýarlamak we çap etmek boýunça ekspert toparynyň pikirine görä Respublikan tälim merkeziniň taryh ylymlary ylmy-metodik maslahaty tarapyndan neşire hödürlendi.

**Dersligiň original maketi ÖzR YA Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy - metodik merkezinde hem-de Taryh institutynda taýýarlandy.**

***Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.***

**Rajabow, Kahramon.**

Özbegistanyň taryhy: Orta bilim berýän mekdepleriň 10-njy synp okuwçylary üçin derslik / Awt.: K. Rajabow, A. Zamonow. 1-nji neşir. – D.: Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2017. – 144 s.

**UO‘K 94(575.1)(075.3)=512.164**
**KBK 63.3(5O‘)ya721**

© K. Rajabow, A. Zamonow
© Gafur Gulam adyndaky
neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2017

**ISBN 978-9943-5009-3-8**

# GIRIŞ

*Eziz okuwçylar!*

**Taryh sapaklary.** Taryh halka sapak we ylym berýär. Taryhy öwrenmezden gelejegi aňlap bolmaýar. Her bir ynsan, her bir halk öz taryhyny we geçmişini ata babalary tarapyndan döredilen taryhy kitaplary okamak, öwrenmek we yzarlamak arkaly bilip alýar. Taryh ynsanyň akyl-paýhasy we aňyýetiniň şeýle bir täsin we jadylaýjy önümi bolanlygy üçin, onuň ruhy gudraty we kömegi bilen biz ähli geçmiş zamanlaryň adamlaryna has-da ýakyn bolýarys, geçip giden asyrlar wakalaryny ähli galagoplary, göreşleri we dartgynlyklary bilen göz öňümizde janlandyrýarys. Ynsan taryhdan tälim-terbiýe alýar, taryh uly sapak berýär. Taryh sapaklaryndan özüne degişli netije çykaryp bilmeýän, düýnki gününi gowy bilmeýän milletiň gelejek ykbaly hem öz-özünden aýdyň.

Meşhur özbek öňdebaryjysy, jeditçilik hereketiniň iri wekillerinden biri Abdurauf Fitrat 1917-nji ýylda taryhdan netije çykarmak dogrusynda şeýle ýazypdyr: “Taryh milletleriň geçmişini, ösüşini hem-de krizisiniň sebäplerini öwrenýän ylymdyr”.

Taryh sapaklary bu günki günde hem bizi hüşgärlige çagyrýar. Meselem, jahanyň käbir döwletlerinde we Özbegistana serhetleşýän käbir döwletlerde syýasy durnuklylyga zyýan ýerirmekçi bolan syýasy güýçler we terrorçy toparlaryň bar bolmagy adamy çynlakaý oýlandyrýar. Hormatly okuwçylar, şonuň üçin hem siz garaşsyzlygyň bize beren nygmatlaryny goramalysyňyz, erk we azatlygymyz hem-de birlik we agzybirligimizi gözümiziň göreji ýaly goramalydyrys.

**Özbegistanyň sowet döwri taryhynyň özboluşly aýratynlyklary we döwürleşdirmek meseleleri.** Şu dersligiň sahypalarynda Watanymyzyň taryhynyň iň çylşyrymly we dartgynly, uly ýitgilere we zyýanlara baý, şeýle hem, ata-babalarymyzyň ýurt azatlygy we garaşsyzlygy ugrundaky alyp baran gahrymanlarça göreşleri, ýeňlişleri we üstünlikleri hem-de özbek halkynyň dikeldijilik işi we zähmetlerini öz içine alan Özbegistanyň sowet döwründäki taryhy görkezilýär.

**1917- 1991-nji ýyllar** Özbegistanyň taryhynda sowet döwrüni düzdi. Şu döwri aşakdaky uly **2 basgançakda** görkezmek mümkin: 1) **birinji basgançak** – 1917-1924-nji ýyllar; 2) **ikinji basgançak** - 1925 - 1991 -nji ýyllar. Birinji basgançakda sebitde Türküstan, Buhara, Horezm respublikalary düzülen bolsa, ikinji döwür 1925-nji ýylyň fewralynda Özbegistan SSR-iň düzülmegi bilen başlanýar hem-de 1991-nji ýylda sowet döwletiniň dargamagy bilen gutarýar. Bu basgançaklar öz gezeginde birnäçe kiçi basgançaklara bölünýär.

**Pikir ediň!**

6 - 9-njy synp taryh derslerinde geçilen döwürler iň (gadymky döwür, orta asyrlar, täze döwür we b.) öz içinde ýene-de döwürleşdirmegi nähili ölçegler bilen bagly?

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti **Şawkat Mirziýoýew** 2016-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Aly Mejlisiň palatalarynyň göçme mejlisinde sözlän sözünde ýakyn geçmiş taryhymyza aşakdaky ýaly baha beripdi: “Özbek halkynyň näçe müň ýyllyk taryhynda nähili çylşyrymly döwürleriň, agyr synaglaryň bolanyny hemmämiz gowy bilýäris.

Özbegistanyň iň täze taryhy we biziň gazanan dünýä meşhur bolan üstünliklerimiz mert we çydamly halkymyzyň dürli kynçylyk, garşylyk we agyr synaglary öz güýji we erjelligi bilen ýeňip geçdi, diýip guwanç bilen aýtmaga doly esas bolýar.

Biz ata-babalarymyzyň hatyrasyny gorap, kalbymyzda, ýüregimizde ebedi saklaýarys. Egilmez erjellik, janypkeşlik we mertlik nusgalaryny amalda nusga edip, öz janyny eziz Watanymyzyň her taraplaýyn gülläp ösmegine bagyşlan halypa we mugallymlarymyz, zamandaşlarymyz bilen biz çäksiz buýsanýarys”.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. 9-njy synpda Özbegistanyň taryhy ylmynda haýsy döwür taryhyny öwrendiňiz? Bu döwür nähili ölçegler esasynda döwürleşdirilipdi?
2. Taryh sapaklary ynsanyň işi üçin nähili ähmiýete eýe?
3. Siziň pikriňize görä, Özbegistanda sowet döwrüniň taryhyny döwürleşdirmek nähili ölçeg esasynda amala aşyryldy?

# BIRINJI BAP. TÜRKÜSTAN ÜLKESINDE SOWET HÄKIMIÝETINIŇ ORNAŞDYRYLMAGY HEM-DE ÖZBEK HALKÝNÝŇ GARAŞSYZLYK ÜÇIN GÖREŞI (1917 – 1924-nji ý.ý.)

## § 1. Türküstan ülkesi 1917-nji ýylyň fewral-oktýabr aralygynda

**Garaşsyzlyk - Türküstan halklarynyň asyrlar dowamyndaky arzuwy**. Taryhy tejribäniň görkezişi ýalý, biziň ata-babalarymyz asyrlar dowamynda öz maşgalalary, mukaddes topraklary, dini garaýyşlary, däp-dessurlary we dabaralaryna wepaly bolmagy mertebe diýip hasaplapdyrlar. Bu eldegrilmesiz urp-adatlaryň bozulmazlygy üçin özbek halkynyň müňlerçe wepaly oglanlary öz janlaryny gurban etdiler, ýurdunyň garaşsyzlygy üçin bolan söweşlerde şehit boldular. Türküstan regiony Russiýa imperiýasy tarapyndan basyp alnan wagtdan bäri dyngysyz milli azatlyk hereketi halkyň milli özlügini aňlamagynda, öz Watany we milletiniň azatlygy, garaşsyzlygy üçin onuň watançylyk hereketlerini berkitmekde uly täsirini görkezdi.

Bize mälim bolşy ýaly, Türküstan jeditleri reformalary basgançaklaýyn amala aşyrmagy, ösüşi diňe parahatçylyk ýoly bilen, parlament arkaly gazanmagy göz öňünde tutupdylar.

**Pikir ediň!** 8-9-njy synplarda alan bilimleriňize esaslanyp, reformalary parlament ýoly bilen amala aşyrmak diýende nähili hadysa düşünilmegini pikir ediň.

Emma 1917-nji ýyldaky wakalar hadysasy, jeditçilik hereketiniň görnükli wekillerinden biri **Abdurauf Fitratyň** şol wagtlarda belläp geçişi ýaly, "Russiýada aýaga galan täze bir bela — bolşewik belasy" güýçleriň deňagramlygyny düýbünden üýtgedip goýberdi. Özbek halkynyň başga bir wepaly perzendi **Mahmuthoja Behbudiý** tarapyndan orta taşlanan "Hak alynur, berilmas!" şygary ähli milletiň söweşjeň çagyryşyna aýlandy. Garaşsyzlyk we azatlyk üçin, Türküstanda özbaşdaklygy(awtonomiýa) ornaşdyrmak üçin parlament ýoly arkaly göreşen Türküstanyň öňdebaryjylarynyň we jeditleriniň işi aradan 100 ýyldan gowrak wagt geçen bu günki günde hem örän wajyp hadysa hasaplanýar.

**Özüňizi barlap görüň**
Mahmuthoja Behbudiý şygary ....
Abdurauf Fitrat...

**Fewral rewolýusiýasy we onuň Türküstan ülkesine täsiri.** Ynsanyýet taryhynda şeýle wakalar bolýar, hat-da olar ähli ýurtlarda we döwletlerde ýaşaýan ýüzlerçe halklaryň soňky ykbalyny düýpden üýtgedip goýberýär. Ynha şeýle wakalardan biri **1917-nji ýylyň 27-nji fewral**ynda (täze hasap bilen 12-nji martynda) bolan Russiýadaky **Fewral rewolýusiýasy**dyr.

**Ýatda saklaň**
Türküstanda milady senäniň özünde täze we köne ýyl hasaby bolup, derslikde taryhy seneler 1918-nji ýylyň 31-nji ýanwaryna çenli köne hasap bilen, 1918-nji ýylyň 14-nji fewralyndan başlap täze hasap bilen berilýär. çünki RSFSR (Russiýa) Halk Komissarlary Soweti başlygynyň 1918-nji ýylyň 26-njy ýanwaryndaky ýörite dekreti bilen Russiýa çäklerinde grigorian kalendary yglan edilip, praktikada bar bolan 13 günlik tapawut düzedildi. Netijede, 1918-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndan soň 1-nji fewrala däl-de, eýsem 14-nji fewrala geçildi. Bu kalendar Türküstan ülkesine hem hödürlendi.

Russiýa imperiýasynyň paýtagty Petrogradda bu wagtda mitingler we gozgalaňlar başlanyp, ol Fewral rewolýusiýasynyň ýeňişi bilen gutardy. Fewral rewolýusiýasy Russiýa imperiýasynyň çäklerinde samoderžawiýany ýok etdi, imperator (patyşa) -yň çäksiz hökümdarlygy gutardy. Russiýa imperatory Nikolaý II öz islegi bilen 2-nji mart güni tagtdan geçdi.

Petrogradda Döwlet dumasynyň **Wagtlaýyn komiteti** düzüldi. Işçi we soldat deputatlarynyň Soweti saýlandy. 1-nji mart güni Moskwada, mart aýynda döwletiň ähli ýerinde täze häkimiýet ornaşdyryldy. Russiýadaky Wagtlaýyn hökümete Georgiý Lwow (1917-nji ýyl mart - iýul) we Aleksandr Kerenskiý (1917-nji ýyl iýul - oktýabr) ýolbaşçylyk etdiler.

Fewral rewolýusiýasy Türküstan ülkesindäki musulman halklaryny syýasy taýdan oýandyrmakda, demokratik özgerişlere ýolbaşçylyk etmek isleýän täze güýçleriň syýasat meýdanyna çykmagynda möhüm ähmiýete eýe boldy. Jeditler emele gelýän milli demokratik güýçleriň özeni boldy. Olar sebitde ýerli halklaryň ösüşi we garaşsyzlygy barasyndaky öz taglymyny Fewral re-

wolýusiýasynyň taglymlary bilen baglanyşdyryp, özleriniň yglan eden prinsiplerini amala aşyrmaga aktiw girişdiler.

**Russiýa Wagtlaýyn hökümetiniň Türküstan komitetiniň işi.** Daşkentde 1917-nji ýylyň 2-nji mart güni işçi deputatlary Soweti (Daşkent Soweti) düzülipdi. Wagtlaýyn hökümet ornaşdyrylandan soň, Türküstan ülkesiniň general-gubernatory we Türküstan harby okrugynyň komandiri general **A.N.Kuropatkin** we onuň kömekçileri wezipesinden azat edilip, 31-nji martda öý gabawynda saklandy.

> ! **Özüňizi barlap görüň!**
> Fewral rewolýusiýasy - bu ...
> Wagtlaýyn hökümet - bu ...

Wagtlaýyn hökümet tarapyndan 1917-nji ýylyň 7-nji aprelinde Türküstan ülkesini dolandyrmak üçin 9 adamdan ybarat **Türküstan komiteti** düzüldi we Daşkentde iş alyp bardy.

Türküstan komitetine kadetler partiýasynyň wekili **Nikolaý Şçepkin** we eserler partiýasyndan **Wladimir Nakiwkin** ýolbaşçylyk etdi. Onuň düzümine ýewropalylardan daşary türki halklaryň wekillerinden Muhammetjan Tinişboýew, Alihon Bukeýhonow, Sadri Maksudiý, Abdul Aziz Dawletşin hem giripdi. Emma olaryň ählisi diýen ýaly Türküstandaky ýerli ýagdaýy gowy bilmeýärdiler, üstesine-de güýçsüz syýasatçydylar.

Hadysanyň düýp esasy, Wagtlaýyn hökümet Türküstan ülkesiniň general-gubernatorlygyny Türküstan komitetine çalyşmak bilen koloniýaçylykdan ybarat ülkäniň dolandyryşyny düýpden öňküsi ýaly galdyrdy, diňe onuň adyny özgertdi. Bu ýagdaý, elbetde, duýulmazdan galmady we dürli ýagdaýlary getirip çykardy. Tiz arada Türküstan komiteti bilen ýerli, syýasy we köpçülik guramalaryň hem-de sowetleriň (Daşsowet) ortasynda dürli gapma-garşylyklaryň emele gelmegine sebäp boldy.

**Ähli Türküstan musulmanlarynyň gurultaýlary hem-de "Şurai yslamiýa" we "Şurai Ulamo" guramalarynyň işi. 1917-nji ýylyň 14-nji martynda** Daşkent şäherinde Türküstan öňdebaryjylarynyň sosial-syýasy guramasy bolan "Şurai yslamiýa" ("Yslam geňeşi") düzüldi. Gurama ilki **Abdulwohid-**

**Ýatda saklaň!**
Türküstan komitetiniň düzümine özbek halkynyň bir sany wekili hem girizilmedik.

**kori Abduraufkori ogly,** soňra bolsa **Ubaýdullahoja Asadullahojaýew** (Ubaýdulla Hojaýew) başlyk edip saýlandy. "Şurai yslamiýa" nyň işinde Munewwerkary Abduraşidhonow, Mahmudhoja Behbudiý, Mustafo Çokaý, Ahmad Zaki Walidiý, Yslam Sulton Şoahmedow, Toşpolatbek Norbotabekow ýaly şahslar möhüm rol oýnady.


Ubaýdulla Hojaýew

1917-nji ýylyň 16 – 23-nji aprelinde Daşkent şäherinde guramanyň başlangyjy bilen Ähli Türküstan musulmanlarynyň I gurultaýy bolup geçdi. Taryhda ilkinji gezek Ähli Türküstan möçberinde musulmanlaryň gurultaýy çagyrylyp, onda ýerli halklaryň özbaşdaklyga tarap ymtylmagy, öz däpleri, urp-adatlary we durmuş derejesini gowulandyrmak aýdyldy. Onda Türküstan musulmanlarynyň Milli Merkezi - **Türküstan ülke musulmanlar geňeşi** (Kraýmussowet) düzüldi. Mustafo Çokaý oňa başlyk, Munewwerkary Abduraşidhonow we Ahmad Zaki Walidiý sekretarlary boldular. Gurultaýda kabul edilen guramanyň maksatnamasynda ülkedäki musulmanlaryň arasynda reformalar geçirmek taglymlaryny ýaýratmak, sebitdäki ähli musulmanlary ýeke-täk maksat we pikir esasynda birleşdirip, Türküstana özbaşdaklyk adyny bermek üçin göreş wezipesi goýlan. 1917-nji ýylyň aprel aýynda guramanyň Samarkant, Kokant, Namangan, Andijan, Margilan, Skobelew (Fergana),

***Pikir ediň!*** 9-njy synpda alan bilimleriňize esaslanyp, Türküstan general-gubernatorlygynyň düzülmegi we onuň dolandyrylyşygyndaky özboluşlyklaryň nämelerden ybarat bolanlygyny ýadyňyza salyň. Onuň birinji general-gubernatory kimdi?


Ahmad Zaki Welidiý

Merw, Türküstan, Akmaçit (Gyzylorda), Oş we başga şäherlerinde şubalary düzüldi. Daşkentde “Şurai yslam” atly gazet hem çykaryldy.

Emma öňdebaryjy zyýalylar (jeditler) bilen öňkülik tarapdarlary bolan käbir ulamalar (gadymçylar) ortasyndaky gelişmezçilikler “Şurai yslamiýa” guramasyndaky bölünmekligiň emele gelmegine alyp geldi. **1917-nji ýylyň** iýunynda guramadan bir topar ulamalar bölünip çykyp, Kokant we Daşkentde täze jemgyýet - **“Şurai Ulamo”**-a esas salyndy. Jemgyýetiň Daşkent, Kokant, Samarkant, Namangan şäherlerindäki şubalary aktiw iş alyp bardy. Daşkent şubasyna Şeraly Lapin ýolbaşçylyk etdi. Jemgyýetiň iň iri Kokant şubasyna Molla Muhiddinhan, Molla Ulughan Toraýew başlyk boldy. Jemgyýetiň programma we nyzamyna görä, içki syýasy gurluşynda şerigat kanunlaryna pugta amal etmek, milli-dini gymmatlyklary has ýokary götermäge çagyrylan we medreseleri ykdysady taýdan gollap-kuwwatlajaklygy aýdylan. “Şurai Ulamo” tarapyndan **“al-Izoh”** we **“al-Isloh”** žurnallary neşir edildi. Ulamaçylaryň inisiýatiwasy bilen 1917-nji ýylyň sentýabrynda Daşkentde Türküstan we Gazagystan musulmanlarynyň gurultaýy geçirildi. Onda ulamaçylar we şuroi yslamçylar özara birleşip, **“Soýuzi muslimin”** syýasy partiýasyny düzdiler (1918-nji -nji ýylyň maý aýynda bolşewikler tarapyndan “Şurai yslamiýa” we “Şurai Ulamo” guramalary ýatyryldy).

Emma jeditler we ulamalaryň arasyndaky garşylyk hem-de ideologik göreş gitdigiçe güýçlendi. Bu ýagdaý regiondaky başga syýasy güýç - bolşewikler we çep eserler partiýalarynyň wekillerine amatly boldy.

***Ýatda saklaň!***

Şeýlelikde, Türküstanda Russiýadaky ýaly iki häkimiýetçilik däl-de, I eýsem aşakdaky üç häkimiýetçilik peýda boldy:

* Birinjisi, Russiýa Wagtlaýyn hökümetiniň Türküstan komiteti;
* Ikinjisi, Türküstandaky işçi we esger deputatlarynyň ýerli we merkezi Sowetleri;
* Üçünjisi, jeditleriň “Şurai yslamiýa” guramasy (jemgyýeti) we onuň ýerlerdäki şubalary, Daşkentde Türküstan ülke musulmanlarynyň soweti (Kraýmussowet) - Milli Merkez.

*«Şurai yslamiýa»* → *«Soýuzi muslimin»* ← *«Şurai Ulamo»*

***Adalgalara düşündiriş!***

***Özbaşdaklyk*** (Awtonomiýa) – islendik bir sebitiň döwlet häkimiýetini garaşsyz amala aşyrmak hukugy.

***Kadetear*** - «konstitusion demokratlar» birleşmesiniň baş harplaryndan alnan. Russiýada 1905-nji ýylda düzülen, konstitusion-demokratik partiýa diýip atlandyrylýan partiýanyň agzalary.

***Eserler*** - S (es) - sosial, R (er) - rewolýusion, ýagny, sosial rewolýusionerleriň adyndan alnan bolup, olar sowetleriň içinde daýhanlaryň bähbitlerini goraýan topar bolan.

***Bolşewik*** - (rusça bolşoý, bolşe - uly; köp) Russiýa sosial-demokratik işçi partiýasynyň 1903-nji ýyl II sýezdinde partiýa agzalarynyň köpçüligi esasynda düzülen topary bolşewikler, azçylygy bolsa menşewiklere bölündi.

***Şuba*** – bölüm, ugur.

## Sorag we ýumuşlar:

1. Türküstan halklarynyň asyrlar dowamyndaky arzuwy nämedi?
2. Türküstanlylar 1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasyndan nämelere garaşypdylar?
3. 1917-nji ýyldaky fewral özgerişinden soň Türküstanda nähili özgerişler bolup geçdi?
4. Täze taryhy şertde Türküstan jeditleriň öňünde nähili wajyp meseleler durýardy?
5. Änli Türküstan musulmanlarynyň I gurultaýy nähili meselelere bagyşlanandy?
6. Öýe işi: aşakdaky jedweli dolduryň!

| Gurama | Düzülen wagty | Gatnaşyjylary | Işi | Neşirleri |
|---|---|---|---|---|
| "Şurai yslamiýa" | | | | |
| "Şurai Ulamo" | | | | |

## § 2.Türküstanda sowet häkimiýetiniň mejbury ýagdaýda ornaşdyrylmagy hem-de bolşewikler diktaturasy

**Russiýadaky Oktýabr agdarylyşy hem-de onuň Türküstan ülkesine täsiri.** 1917-nji ýylyň awgust aýynyň ahyry - sentýabr aýynyň başlarynda bolşewikler Petrograd we Moskwa Sowetlerinde köpçüligi eýeledi hem-de häkimiýeti basyp almak üçin ýaragly agdarylyşyga taýýarlyk gördi. 24-nji oktýabrdan 25-nji oktýabra geçen gije ýaraglanan işçiler, Petrograd garnizonynyň soldatlary we Baltika flotunyň matroslary Gyşky saraýa çozup girdi we mejlis geçirýän Wagtlaýyn hökümet agzalaryny gabadylar. Petrogradda açylan Bütinrussiýa Sowetleriniň II sýezdinde bolşewikler ilki çep eserler bilen arkalaşykda Wagtlaýyn hökümetiň agdarylanlygyny kuwwatlap, Parahatçylyk we ýer dogrusyndaky dekretleri yglan etdiler.

**Pikir ediň!**
8-9 -njy synplarda alan bilimleriňize esaslanyp, dekret terminine düşündiriş beriň. Dekretiň başga kanun dokumentlerinden nähili tapawutlary bar?

Wladimir Iliç Ulýanow (Lenin) başçylygyndaky hökümet - Halk Komissarlary Soweti (HKS)-ni düzdüler. Bolşewikler Petrograd we Moskwada Wagtlaýyn hökümete wepaly güýçleriň garşylygyny rehimsiz ýatyryp, Russiýanyň möhüm merkezi senagat şäherlerinde tizlik bilen öz häkimiýetlerini ornatdylar. 1917-nji ýylyň güýzünde Türküstanda häkimiýetiň bolşewikleriň täsirindäki Sowetleriň eline geçmegi üçin obýektiw şert ýokdy, bolşewikleriň halk köpçüliginiň ortasynda täsiri hem azdy. Bu ýerde esasy syýasy güýçler eserler we milli partiýalardy. Emma ynha şeýle çylşyrymly syýasy şertde Turkistandaky milli syýasy güýçler we olaryň öňdebaryjylary bolşewikleriň güýçlerine dogry baha berip bilmediler hem-de oňa garşy göreşde birleşip bilmediler.

**Ýatda saklaň!**
Russiýadaky Oktýabr agdarylyşygy netijesinde häkimiýet Wagtlaýyn hökümetden, Leniniň başçylygyndaky bolşewikler partiýasynyň eline geçdi

**Daşkentde sowet häkimiýetiniň ornadylmagy hem-de Türküstan ülke Halk Komissarlary Sowetiniň düzülmegi.** Oktýabr agdarylyşygy hakyndaky habar 27-nji oktýabrda Daşkente ýetip gelenden soň, bolşewikler we çep eserler

häkimiýeti zorluk ýoly bilen eýelemek üçin göreşip başladylar. Bolşewikleriň ýolbaşçylyk edýän Daşkent Soweti işçi we soldatlary gozgalaň götermäge çagyrdy. Emma Wagtlaýyn hökümet tarapyndan Türküstan ülkesiniň baş komissary edip saýlanan general P.Korowiçenko wepaly bolan bölümler muňa garşylyk görkezdiler. 28-nji oktýabrdan başlap Daşkendiň täze şäherinde ýaragly çaknyşyklar öjükdi. Dört gün dowam eden söweşlerden soň Daşkendiň täze şäher bölüminde zorluk bilen sowet häkimiýeti ornadyldy. Emma ýaragly çaknyşykda ýerli ilat gatnaşmady diýen ýaly. 1917-nji ýylyň noýabrynda Samarkant, Skobelew we başga şäherlerinde hem sowet häkimiýeti ornaşdyryldy.

Daşkentde 1917-nji ýylyň 15 - 22-nji noýabrynda bolan Türküstan işçi we soldat deputatlarynyň Sowetleriniň III ülke sýezdinde çep eserler, bolşewikler we maksimalislerden ybarat sowet hökümeti - Türküstan ülke halk Komissarlary Soweti düzüldi. Hökümetde 8 orun çep eserlere, 7 orun bolşewikler bilen maksimalislere berildi hem-de ol diňe ýewropalylardan ybarat edip düzüldi. Türküstan ülkesi HKS başlygy wezipesini kesbi çyzuwçy bolan bolşewik Fýodor Kolesow eýeledi, harby komissar edip paýtunçy(arabakeş) Ý.Perfilew, başga komissarlyk wezipelerine hem orta maglumata eýe bolan adamlar saýlandy. Hökümet düzümine ýerli halklaryň wekillerinden bir adam hem girizilmedi. Bu garaşylmadyk ýagdaý däldi.

Netijede, Türküstanda-da bolşewikler tarapyndan zorluk bilen sowet häkimiýeti ornaşdyryldy. Bolşewikler hökümeti ýewropaly işçiler, gyzyl gwardiýaçylar we başga harby bölümlere daýanyp, sebitde öz diktaturasyny ornatdy.

**!** **Özüňizi barlap görüň!**

Gyşky saraýy eýelän güýçler - bu ... Wladimir Ulýanow - bu ...

F. Kolesow we Ýe.Perfilewler - bu ...

**Bolşewikler we çep eserleriň Türküstan jeditlerine garşy göreşi.**

Türküstanyň geljek ykbaly çözülýän ynha şu çylşyrymly wagtda bolşewikler we sowet häkimiýetine bolan gatnaşyk meselesinde musulman halkynyň esasy wekilleri bolan “Şurai Ulamo” hem-de öňdebaryjylardan ybarat Milli Merkez (Kraýmussowet) ortasynda göreş öjükdi. “Şurai Ulamo” guramasynyň Daşkent şubasynyň öňdebaryjylary (Şerali Lapin we b.) häkimiýeti zor-

luk bilen eýelän bolşewikleri goldady. Türküstan ülke musulmanlary Merkezi Geňeşi (Milli Merkez) bolşewikler bilen arkalaşyk etmäge garşy çykdylar we noýabr aýynyň başlarynda Daşkentden Kokant şäherine göçüp geçip, Fergana jülgesinde öz işlerini güýçlendirdiler. “Şurai yslamiýa” guramasy hem bu wagtda öz mesgenini Kokanda göçüripdi.

Daşkent şäherinde “Şurai Ulamo” guramasynyň başlangyjy bilen 1917-nji ýylyň 12 - 15-nji noýabrynda “dürli musulman toparlarynyň birleşen geňeşi” geçirilip, onda Syrderýa we Samarkant welaýatlaryndan gelen wekiller gatnaşdy. Geňeşiň gün tertibinde “Türküstanda häkimiýeti gurnamak” meselesi durýardy. Geňeş orunlarynyň ýarymy musulman ilaty wekillerine berilýän koalision hökümet düzülişini goldap çykdy. Emma bolşewikler özleri bilen koalision hökümet düzmegi arzuw eden Şerali Lapiniň ýolbaşçylygyndaky ulamaçylaryň pikirlerine gaty tertipde garşylyk görkezdiler. Ulamaçylaryň bu talabyny milli demokratik güýçler hem goldady.

Jeditler we olaryň “Şurai yslamiýa” hem-de Türküstan ülke musulmanlary Merkezi Geňeşi (Milli Merkez)däki egindeşleri Bütin Türküstan musulmanlarynyň gurultaýyny çagyrmak we onda Türküstana awtonomiýa adyny bermek teklipi bilen orta çykdylar. Bolşewikler iň birinji Türküstan öňdebaryjylary we jeditlerine garşy rehimsiz göreş alyp bardy.

***Adalgalara düşündiriş!***

Maksimalistler – bar bolan döwlet gurluşyny tankyt edip, radikal özgerişler we reformalar geçirmegi talap edýän syýasy akym

Koalision hökümet - umumy maksady gazanmak üçin düzülen meýletin birleşme, birnäçe partiýalar tarapyndan hökümeti soýuz bolup dolandyrmak.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Bolşewikler tarapyndan Oktýabr agdarylyşygynyň geçirilmegi üçin esas bolan faktorlar nämelerdi?
2. Russiýada we Türküstanda HKS başlyklary kimler boldy?
3. Türküstan ülke halk Komissarlary Soweti düzülenden soň, onuň sostawy kimlerden ybarat boldy? Hökümet sostawyna ýerli ilat wekilleri näme sebäpden girizilmedi?

4. Türküstanyň bolşewikleriň täsirindäki Sowetleriň eline geçmegi üçin şertleri bolmasa-da, näme sebäpden olar öz maksatlaryna ýetdiler?
5. Türküstan ülke musulmanlary Merkezi Geňeşi we "Şurai yslamiýa" guramalary näme sebäpden öz mesgenlerini özgertdiler?
6. Seneler bilen işlemek gönükmesi: aşakdaky senelerde bolan wakalar we olaryň netijelerine degişli maglumatlary toplaň.

| № | Sene | Waka | Netije |
|---|---|---|---|
| 1 | 15- 22-nji noýabr | | |
| 2 | 12-15-nji noýabr | | |
| 3 | 27-nji oktýabr | | |
| 4 | 24-25-nji oktýabr | | |
| 5 | 28-nji oktýabr | | |

## § 3. Türküstan Awtonomiýasy - ýerli halklaryň döwletliliginiň taryhynda täze basgançak

**Türküstan Awtonomiýasy hökümetiniň döredilmegi we işi. 1917-nji ýylyň 26 – 28-nji noýabrynda** Kokant şäherinde Bütin Türküstan ülke musulmanlarynyň adatdan daşary IV gurultaýy bolup geçdi.

Türküstany dolandyrmak şekli dogrusyndaky mesele gurultaýyň üns merkezinde durdy. Bu mesele ara alnyp maslahatlaşylanda söze çykanlaryň köpçüligi Türküstanyň awtonom respublika diýip yglan edilmegi ülke ilatynyň sosial maksatlaryndan gelip çikmagyny we oňa laýyk bolmagyny düşündirdi. Awtonomiýa we garaşsyzlyk yglan etmek pikirini hemme goldady.

Gurultaýda 27-nji noýabr güni gije kabul edilen kararda şeýle diýilýär: "Türküstanda ýaşap duran dürli millet wekilleri Rus rewolýusiýasynyň çagyryş eden halklaryň öz hukuklaryny özleri kesgitlemek baradaky erjelligini görkezip, Türküstany Federatiw Russiýa Respublikasynyň düzüminde ýerli taýdan awtonom diýip yglan edýär, şeýelikde awtonomiýanyň dörediliş şekillerini Guramaçylyk Mejlisine hödürleýär ". Gurultaý Türküstanda ýaşap duran milli azçylygyň hukuklarynyň doly goralmagyny dabaraly yglan etdi.

28-nji noýabrda düzülýän şu hökümetiň ady anyklanyp, Türküstan Awtonomiýasy diýip atlandyrylýan boldy. Gurultaý şol günki mejlisde Bütin Russiýa Guramaçylyk Mejlisi çagyrylýança häkimiýet **Türküstan Wagtlaýyn Geňeşi we Türküstan halk (Millet) Mejlisiniň** elinde bolmaly, diýip karar kabul etdi.

**Pikir ediň!**
Mejlisde Awtonomiýanyň merkezi Kokant şäheri diýip bellendi. Öňki derslerde alan bilimleriňize esaslanyp, gurultaýyň beýle karar kabul etmeginiň faktorlaryny sanamaga hereket ediň.

Gurultaýda Türküstan Wagtlaýyn Geňeşi agzalaryndan **8** adamdan ybarat düzümde Türküstan Awtonomiýa hökümeti düzüldi. Hökümetiň Baş ministri hem-de içeri işler ministri edip Muhammetjan Tinişbaýew saýlandy. Yslam Sulton Şoahmedow - Baş ministriň orunbasary, Mustafo Çokaý - daşary işler ministri, Ubaýdulla Hojaýew - harby ministr, Hidoýatbek Ýurguli Agaýew -ýer we suw baýlyklary ministri, Obidjon Mahmudow - azyk ministri, Abdurahmon Orazaýew - içeri işler ministriniň orunbasary, Solomon Gersfeld - maliýe ministri wezipelerini eýelediler. Hökümetiň düzüminde soňra käbir özgerişler boldy. Mustafo Çokaý Baş ministr wezipesini ýerine ýetirmäge başlady.

Bilimsiz we öz kesbine mynasyp bolmadyk sowet häkimiýetiniň bolşewik komissarlaryndan tapawutlylykda awtonomiýa hökümetiniň ministrleriniň köpçüligi **ýokary maglumatly hukukşynas** bolmagy olaryň bilim derejesiniň nähili ýokary bolanlygyndan habar berýär.

Gurultaý gutarandan soň, 1-nji dekabrda Türküstan Awtonomiýasynyň Wagtlaýyn hökümeti agzalarynyň (8 adam) gol çeken ýörite **Ýüzlenmesi** yglan edildi. Bu ÝüzlenmedeTürküstandaky ähli ilat: jynsy milleti, dini, ýaşy we syýasy ynamlaryna garamazdan, agzybirlige we raýdaşlyga çagyrylýardy.


Mustafo Çokaý

**Türküstan halklary tarapyndan awtonomiýa hökümetiniň goldap-kuwwatlanmagy.** Türküstan Awtonomiýa hökümeti döwlet konstitusiýasyny taýýarlamak



Obidjan Mahmudow

üçin tanymal hukukşynaslary jemledi. "Il baýdagy", "Birlik tugy", «Свободный Туркестан», «Известия Временного Правительства Автономного Туркестана» ýaly hökümet gazetleri özbek, gazak we rus dillerinde neşir edilip başlandy. Öň çykýan **"Ulug Türküstan"** gazeti hem öz sahypalarynda awtonomiýa hökümetiniň işine aýratyn orun berip başlady. Neşir işlerini gowulandyrmak üçin O.Mahmudowyň çaphanasy hökümetiň ygtyýaryna geçdi. Awtonomiýa hökümeti milli goşuny döretmeklige girişdi. Harby ministr Ubaýdulla Hojaýewiň gatnaşmagynda 1918-nji ýylyň başlarynda geçirilen parad wagtynda esgerleriň sany 2000 adam bolupdyr. Mundan başga Kokantda takmynan şunça mirşablar bardy. Hökümet ykdysady ugurda 30 million som

**Ýatda saklaň!**

Awtonomiýa hökümeti ministrleriniň köpçüligi ýokary maglumatly, kämil hünärmenler bolupdyr. Meselem, Muhammetjan Tinişbaýew demirýol inženeri, Yslam Sulton ogly Şoahmedow, Mustafo Çokaý, Ubaýdulla Hojaýew, Abdurahmon Orazaýew, Solomon Gersfeldler hukukşynas, Hidoýatbek Ýurguli Agaýew agronom, Obidjan Mahmudow magdan senagaty inženeri bolupdyr.

mukdarda içki zaýom çykarmagy ýola goýdy. Şeýle hem, hökümet agzalary açlyk girdabynda galan Türküstan ilatyna Kawkazdan Orenburg arkaly galla getirmek problemasyny çözmek üçin hem möhüm ädimler ätdi.

Türküstan Awtonomiýasy hökümeti gysga möhlet içinde halkyň arasynda uly abraý gazandy. Fitrat, Çolpan, Hamza ýaly özbek halkynyň görnükli şahyrlary awtonomiýa hökümetini alkyşlap, şygyrlar ýazdylar. Fitrat awtonomiýa yglan edilen 27-nji noýabr gijesini **"Milli laýlatulkadrymyz"** diýip atlandyrdy: Akyldar Fitratyň bu sözlerinde çuňňur many jemlenendi. Türküstan ülkesiniň dürli şäher we obalarynda awtonomiýany alkyşlap, köp müň adamlyk çykyşlar bolup geçdi. Şol döwürde çykan gazetleriň ýazmagyna görä, çykyş gatnaşyjylarynyň baýdaklarynda "Ýaşasyn Awtonom Türküstan we onuň hökümeti!" diýip ýazylan sözler parlap durýardy.

Samarkantda bolup geçen welaýat Sowetleri sýezdinde ýygnalanlar Türküstan Awtonomiýasyna goşulmaga karar etdiler we Millet Mejlisiniň düzümine 5 wekil saýladylar.

“Ulug Türküstan” gazetiniň ýazmagyna görä, 1917-nji ýylyň dekabrynda Daşkentde 60 000 adam gatnaşan miting bolup geçdi. Munawwarkarynyň ýolbaşçylygynda geçirilen bu miting gatnaşyjylary Awtonom Türküstan hökümetini bir agyzdan makulladylar we Türküstanda indi bu Wagtlaýyn hökümetden başga hiç bir hökümeti ykrar etmezlige karar edýändiklerini yglan etdiler.

**Gyzyl gwardiýaçylar we daşnoklar tarapyndan awtonomiýa hökümetiniň derbi-dagyn edilmegi. Kokantdaky köpçülikleýin gyrgynlar.** Ülkedäki ilkinji demokratik we halkçyl hökümet bolan Türküstan Awtonomiýasynyň işi, gynansak-da, uzaga barmady. Bolşewikler we Daşkent Soweti (başlygy: Iwan Tobolin) oňa uly howp diýip garadylar hem-de ony tiz ýok etmäge hereket etdiler.

Türküstan ülkesi işçi, soldat we daýhan deputatlary Sowetleriniň adatdan daşary 1918-nji ýylyň 19 - 26-njy ýanwarynda bolup geçen IV sýezdinde Türküstan Awtonom hökümetini güýç bilen ýatyrmaga karar etdi. Türküstan ülke HKS 1918-nji ýylyň 30-njy ýanwar güni harby hereketleri başlandy. Türküstan bolşewikleri munuň üçin gyzyl gwardiýaçylardan daşary ermenileriň **”Daşnok-sutýun”** partiýasynyň agzalaryndan düzülen ýaragly družinalardan hem peýdalandylar. 30-njy ýanwar gije Daşkentden goýberilen ilkinji harby otrýadlar Skobelewden Kokanta top we pulemýotlar bilen ýetip geldi. 31-nji ýanwar güni öýländen soň söweş hereketleri başlandy. 15-nji fewralda bolsa şäherde ýangynlar boldy.

Ilkinji söweşde awtonomiýanyň milli goşunyndan daşary Kokantly parahat ilat wekilleri hem gatnaşdy. Esasan palta, çekiç, taýak göteren halaýygyň sany **10 000 adama** ýetdi. Şuňa garamazdan, ýaragsyz bu adamlar sowet hökümetiniň harby güýçleriniň Kokant şäherine eden hüjümini üç günüň dowamynda mertlerçe gaýtardylar.

Kokant şäheriniň mirşablarynyň başlygy **Kiçi Ergaş** korbaşy 18-nji fewraldan başlap amalda awtonomiýa hökümetiniň başlygy boldy. Türküstan ülkesi

harby komissary **Ýe.Perfilewiň** ýolbaşçylygyndaky pyýada, atly we artilleriýa bölümlerinden ybarat 11 eşelon bolşewikleriň harby güýçlerine kömek bermek üçin Kokanta geldi. Şäheriň üstüne üç günüň dowamynda toplardan ýandyryjy snarýadlar atyldy. Himiki ýaraglar ulanydy. Gyzyl gwardiýaçylar we daşnoklar şäherde basgynçylyk edip, ony talamaklyga girişdiler. Türküstan Awtonom hökümeti bolşewikleriň ganly hüjümleri netijesinde agdaryp taşlandy. Emma Kokant we onuň töweregindäki parahat ilaty talamak, öldürmek öjükdi. Diňe Kokantyň özünde 3 günüň dowamynda 10 000 adam öldürildi. Musulmanlar köpçülikleýin görnüşde gyrgyn edildi. Kokant şäheri haraba öwrüldi.

"Ulug Türküstan" gazetiniň çuň gaýgy bilen habar berişi ýaly, "20-nji fewral Hokand (Kokant) taryhynyň iň ýaman günidi. Ermeniler aýratyn iş alyp bardylar..." Gazetdäki bu makala "Hokand häzir öliler şäheri" diýen jümleler bilen gutarýardy.

Ahyrynda, 1918-nji ýylyň 22-nji fewralynda Kokant şäherindäki Rus-Aziýa bankynyň binasynda bolşewikler tarapyndan taýýarlanan "parahatçylyk şertnamasyna" gol çekildi. Bu şertnamanyň 2-nji maddasynda: "Ilat ülke halk Komissarlar Soweti häkimiýetine we ähli ýerli sowet guramalaryna boýun egýär", diýip ýazylandy. Oka tutulan, öldürilen, talanan we horlanan kokantlylaryň diri galan bölegi sowet häkimiýetine boýun egmäge mejbur boldy.



*Türküstan Awtonomiýasy gyzyl esgerlar tarapyndan derbi-dagyn edilenden soňra Kokant şäheriniň görnüşi. 1918-nji ýyl fewral.*

**Özüňizi barlap görüň!**
Awtonomiýanyň administratiw merkezi - bu....
Awtonomiýanyň Baş ministrleri - bu ....
Bütin Türküstan musulmanlarynyň adatdan daşary IV gurultaýy - bu ...

Türküstan Awtonomiýa hökümeti diňe **72 kun** bolan bolsa hem, ol erksöýer halkymyzy milli garaşsyzlyk we azatlyk üçin göreşe çagyrdy. Watan duýgusy ýaly mukaddes duýgy kalbynyň töründen jaý alan Türküstan zyýalylarynyň awtonomiýa üçin alyp baran göreşleri yzsyz gitmedi. 1918-nji ýylyň ir baharynda ilki Fergana jülgesinde, soňra bütin Türküstan sebitinde sowet režimine garşy ýaragly azatlyk hereketi başlandy.

***Adalgalara düşündiriş!***
Daşnoklar - (ermeniçe) - ermeni milletçileriniň “Daşnoksutýun” (soýuz) partiýasynyň agzalary.
Eşelon - (fr. - basgançak) ýörite ýuk, tehnika, artilleriýa, tank we goşunlar ýüklenen otly ýa-da awtokolonna.

**Sorag we ýumuşlar:**
1. Türküstan Awtonomiýasy nähili şertde we kimler tarapyndan döredildi?
2. Siz Türküstan Awtonomiýasyny demokratik döwletçilik nusgasy hökmünde taryplap berip bilýärsiňizmi?
3. Bolşewikler Awtonomiýa näme sebäpden uly howp hökmünde garadylar?
4. Awtonomiýa hökümetiniň ýeňlişiniň esasy sebäplerini görkezip beriň.
5. Türküstan Awtonomiýasynyň tejribesinden nähili zerur netijeler çykarmak mümkin?
6. Öýe işi: Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Türküstan awtonomiýasy | Bar bolan senesi | Guramaçylyk şertleri | Hökümet agzalary | Döwletimiziň taryhyndaky orny |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## § 4. Türküstan ülkesinde sowet häkimiýetiniň dolandyryş sistemasynyň gurluşy we ykdysadyýet ugrundaky özgerişler

**Bolşewikleriň ülkede alyp baran syýasaty hem-de Türküstan ASSR we Türküstan Kompartiýasynyň döredilmegi.**

Bolşewikler we çep eserler musulman ilatyň ülkäni dolandyrmakda bolan kanyny hukuklaryny inkär edip, häkimiýet dogrusyndaky meseläni ylalaşmak mümkinçiliklerini ýoga çykardy we şonuň bilen Türküstanyň syýasy durmuşynda milli we demokratik güýçleriň gelejekde garşy topara geçmegini öňünden gutulgysyz edip goýdy.

Merkezdäki bolşewikleriň ýolbaşçylyk edýän sowet häkimiýeti çet ülke-lerde,meselem, Türküstanda hem "sowet awtonomiýasy"ny ornaşdyrmaga pugta girişdi. Bu işi ýerine ýetirmek üçin sowet Russiýasynyň paýtagty Moskwadan ençeme partiýa we sowet işgärleri Türküstan ülkesine goýberildi. Sowet hökümetiniň başlygy **W.I. Leniniň** buýrugy bilen bolşewik **Pýotr Kobozew** Orta Aziýanyň adatdan daşary komissary edip saýlandy.

1918-nji ýylyň 20-nji aprel - 1-nji maýynda Daşkentde Türküstan işçi, soldat, krestýan, musulman we daýhan deputatlarynyň V ülke sýezdi bolup geçdi. Sýezdiň deputatlary sowet Russiýasynyň hökümet başlyklary **W.I. Lenin** we **I.W. Staliniň** görkezmeleri esasynda 30-njy aprelde "Russiýa Sowet federasiýasynyň Türküstan Sowet Respublikasy baradaky Nyzamy"ny kabul etdi. Bu nyzam RSFSR-iň düzüminde Türküstanda awtonom respublika - **Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy** (Türküstan ASSR)düzülenligini yglan etdi. Sýezdde Türküstan ASSR Merkezi Ispolnitel Komiteti düzüldi we Türküstan ASSR halk Komissarlary Sowetiniň täze düzümi tassyklady.

**Pikir ediň!**
Türküstan general-gubernatorlygynyň düzüminde näçe welaýat bardy we olaryň düzüliş yzygiderligini bilýärsiňizmi? Türküstan general-gubernatorlygy we TASSR regional bölünişi boýunça tapawutlar barmy?

1918-nji ýylyň 17 - 25-nji iýunynda Daşkentde Türküstan bolşewistik guramalarynyň guramaçylyk ülke sýezdi bolup geçip, onda Russiýa Kommunistik partiýasy -RKP (b)nyň düzüm bölegi bolan Türküstan Kommunistik partiýasy (TKP) guramaçylyk taýdan resmileşdirildi. Sýezdde Iwan Tobolin ýolbaşçylygynda 7 adamdan ybarat Merkezi Komitet saýlandy. TKP MK düzümine ýerli kommunistlerden Nyzamiddin Hojaýew hem girizildi. Respublikanyň syýasy durmuşynda Türküstan Kommunistik partiýasy öňdebaryjylygy eýeledi.

**Merkez hukuk organlarynyň Türküstandaky işi hem-de olara garşy milli kommunistler we Musulmanlar býurosynyň göreşi.** Merkez öz syýasatyny amala aşyrmak üçin ýörite komissiýalar we býurolar (Türkkomissiýa, Türkbýuro, Orta Aziýa býurosy we b.) döredilip, olary Daşkente ugratdy hem-de bu hukuk organlary arkaly Türküstan ASSR-ny dolandyrmaga hereket etdi. Merkeziň beýle şowinistik we koloniýaçylyk syýasatyna garşy milli kommunistler we Musulmanlar býurosy aktiw göreş alyp bardy.

1919-njy ýylyň mart aýynda Türküstan Kommunistik partiýasynyň II konferensiýasynda RKP (b) ülke **Musulmanlar býurosy** (Musbýuro) döredildi. **Musulmanlar býurosynyň** düzümine T.Riskulow (başlyk), N.Hojaýew, A.Muhitdinow, Ý.Ibragimow, Ý.Aliýew we başgalar girizildi. Musulmanlar býurosy öz hatarlarynda milli kommunistler we käbir jeditleri birleşdirip, sowet režiminiň koloniýaçylyk syýasatyny tankyt etdi. Onuň işinde Munewwerkary we Abdulla Awloniý hem gatnaşdy.


Turor Riskulow

Türküstandaky ýerli kommunistleriň öňdebaryjylary krizis we ýetmezçilikden gutulmak üçin ülkäniň garaşsyz durmuş ýoluna çykmak maksatnamasyny öňe sürdüler. 1920-nji ýylyň ýanwarynda Türküstan ASSR MIK başlygy, ülke Musulmanlar býurosy başlygy **T. Riskulow** Türküstan Sowet Respublikasy adyny özgerdip, ony Türk Respublikasy diýip atlandyrmak ýeke-täk kommunistik partiýa - Türküstan türki halklarynyň


Munewwerkary


Fitrat

kommunistik partiýasyny (gysgaça Türk partiýasy) düzmek teklibi bilen çykdy.

T. Riskulow bu bilen çäklenmezden Türküstan ASSR Konstitusiýasyny gaýtadan görüp çykmak, musulmanlaryň aýratyn armiýasyny düzmek we gyzyl armiýanyň musulman bolmadyk ähli böleklerini Türküstan çäklerinden çykaryp goýbermek, hatda Türküstan komissiýasyny (Türkkomissiýa) we Türküstan fronty (Türkfront)ny ýatyrmak meselelerini hem gün tertibine aýgytly görnüşde goýupdy. T. Riskulownyň Türküstany garaşsyzlyga tarap alyp barýan bu pikirlerine Türküstan frontunyň komandiri M.W. Frunze we sowet hökümetiniň başlygy W.I. Lenin aýgytly garşy çykandan soň, bular amala aşmady. **1920-nji ýylyň** ýazynda T. Riskulow öz wezipesinden azat edilip, Moskwa işe çagyryp alyndy. Emma ýerli halklaryň peýdalaryny goramak, Türküstanyň garaşsyzlygy üçin açyk we gizlin hereketler yzygiderli dowam ediberdi.

**!**

**Özüňizi barlap görüň!**

Pýotr Kobozew - bu ...

Turor Riskulow - bu ...

Musulmanlar býurosy - bu

TAS SR çäkleri - bu ...

**Türküstandaky açlyk we onuň netijeleri.** Türküstanda 1917-nji ýylyň gyşynda başlanan açlyk bolşewikleriň rehimsiz syýasaty netijesinde gitdigiçe güýçlendi. 1918-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Türküstan ASSR-da T. Riskulowyň başçylygynda açlyga garşy göreş Merkezi komissiýasy düzüldi. Emma komissiýanyň ygtyýaryna sowet hökümeti tarapyndan degişli mukdarda serişde garadylmady. Arhiw dokumentlerinde bellenilmegine görä, Fergana jülgesinde 1917 — 1923-nji ýyllarda açlyk netijesinde 1 mln adam, Samarkant welaýatynda 200 000 adam ölüp gitdi.

Emma rehimsiz açlyk we agyr ykdysady krizisi başyndan geçirýän Türküstan ülkesinden Merkeze azyk önümlerini alyp çykyp gitmek gitdigiçe güýçlendi. 1920-nji ýylda alyp gidilýän nan önümleri we başga azyk görnüşleriniň mukdary birnäçe esse köpeldi. 1921-1922-nji ýyllarda Türküstandan Russiýa 4,4 mln put galla ugradyldy.

Şol wagtda däne ýetişdirmäge ýöriteleşdirilmedik Türküstana oba hojalygy üçin bu uly mukdardaky hasyl hasaplanýardy. Halk açlykdan gyrylýan bir wagtda Türküstandaky käbir azyk zapaslary bolşewikler tarapyndan frontda harby maksatlar üçin peýdalanyldy.

**“Harby kommunizm”den täze ykdysady syýasata geçilmegi**. Bolşewikler sowet häkimiýetiniň ilkinji döwri (1918 – 1920ý.ý)da alyp baran syýasatyna **“harby kommunizm”** diýip atlandyrdylar. Onuň ähmiýeti aşakdakylardan ybaratdyr. Bütin senagat önümçiligi döwletiň elinde jemlenip, pugta merkezleşmek esasynda dolandyryldy; daýhanlar öz ýetişdiren önümleriniň artykmajyny döwlete tabşyrdy (azyk razwýorstkasy, ýagny bölünişigi); döwlet bolsa azyk we senagat önümlerini bölmegi öz eline aldy; bazar ýatyrylyp pul dolanyşygy natura (önümler) bilen çalyşyldy; zähmete ýaramly ähli ilat mejbury zähmete çekildi (zähmet militarizasiýasy) we b.

“Harby kommunizm” syýasaty öz ähmiýetine görä halka garşy garadylan bolup, sosializm gurmak usuly hökmünde düýbünden ýaramsyzdy. Sowet häkimiýeti Türküstandaky ähli fabrik-zawodlary öz eýeleriniň elinden dartyp alyp, ondan ilki bilen goranmak üçin niýetlenen enjamlar öndürmäge başlandy. Telekeçilik bilen meşgullanyp gelen jemgyýetler dargadyp goýberildi. Iri we orta senagat kärhanalary bilen birlikde banklar, demirýol transporty, çaphanalar döwlet hasabyna geçirildi. Hususy mülk eýelerine süýthorlar diýip yglan edilip, graždanlyk hukuklaryndan mahrum edildi. Bazar gatnaşyklary gadagan edildi.

Agyr ykdysady ýagdaý, şol sanda, Türküstandaky ýagdaý ykdysadyýet pudaklarynda, ony dolandyrmakda düýpden özgerişler etmek zerurlygyny görkezdi. 1921-nji ýylyň baharyna gelip döwletiň ykdysady aragatnaşyklarynda ýiti özgerişler geçirmek zerurlygy aýdyň göze göründi. RKP (b) H sýezdiniň (1921-nji ýylyň marty) azyk razwýorstkasyny azyk salgydy bilen çalyşmak dogrusyndaky karary bilen bu iş başlanyp gitdi. **Täze ykdysady syýasat** (NEP) diýen täze ýoluň ähmiýeti şeýledi.

Türküstan ASSR-da täze ykdysady syýasata geçmek Türküstan Kompartiýasynyň VI sýezdinde (1921-nji ýylyň awgusty) syýasy taýdan esaslap

berildi we şondan soňra Türküstan ASSR Sowetleri X sýezdiniň karary bilen resmileşdirildi. NEP-yň esasy ykdysadyýet, halk hojalygyna ýolbaşçylyk etmegiň harby-kommunistik usullaryndan geçmek, işläp çykaryja, ilki bilen daýhanlara erkinlik bermekden ybaratdy.

**Orta Aziýada ýer-suw reformasynyň birinji basgyjynyň amala aşyrylmagy.** Sowet häkimiýeti tarapyndan hususy mülki ýok etmek maksadynda Orta Aziýada ýer-suw reformasy amala aşyryldy. Ol 2 basgançakdan ybarat bolup, **1921-1922-nji** ýyllarda Türküstan ASSR we Gazagystan ASSR-da amala aşyrylan sosial-ykdysady çäreler birinji basgyjy guraýardy.

Reformany praktiki taýdan amala aşyrmak **1921-nji ýylyň** baharynda başlanyp, ol ilki bilen **Ýettisuw, Syrderýa, Fergana, Samarkant** welaýatlarynda amala aşyryldy. Ýer-suw reformasy baý-kulak hojalyklaryny ýatyrmak we göçmençi ilaty ýerli halata geçirmek; uly ýer eýeçiligini ýok edip, ýerleri ýersiz we az ýerli daýhanlar, batraklar, çorikorlaryň ortasynda zähmet normalary boýunça bölmek; Russiýa imperiýasy koloniýaçylyk syýasatynyň käbir galyndylaryny ýatyrmaga garadylandy. Wakf ýerleri hem reforma hadysasynda dartyp alyndy. Terrora duş gelen reforma gurbanlary pugta garşylyk görkezdiler. Türküstan ASSR-da mülkdar daýhanlaryň sowet häkimiýetine garşy ençe köpçülikleýin gozgalaň we dawalary bolup geçip, käbir ýagdaýlarda ol gozgalaň derejesine göterildi . Reforma obadaky syýasy ýagdaýy aýgytly görnüşde ýitileşdirdi. Reformanyň birinji basgançagynda ýer düzmek fonduna 1722626 desýatina ýer goşuldy. Emma sowet häkimiýeti tarapyndan ynha şu resurslardan ýerli ilata diňe 600000 desýatina ýer ekin ekmek we ýaýlalar üçin bölüp berildi.

Sowet häkimiýeti iri baýlar we ýer eýelerinden dartyp alnan ýerleriň hasabyna ilkinji oba hojalyk şirketleri, kommunalar, sowhozlar (döwlet hojalyklary)

**!**

**Özüňizi barlap görüň!**
1917- 1923-nji ýyllar – bu...
ýer-suw reformasynyň birinji basgançagy – bu ...
NEP – bu...
"Harby kommunizm" – bu ...

**Adalgalara düşündiriş!**

**Pud** - 16,38 kg-a deň agyrlyk ölçeg birligi.

**Desýatina** - (rusça desýat - on) metrik sistema kabul edilýänçä Russiýada ulanylan, 1,09 gektara deň ýer meýdanynyň ölçegi.

döretmäge girişdiler. Emma olarda zähmet öndürijiligi pes bolup, maddy üpjünçilik we höweslendirme gowy ýola goýulmandy.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Türküstanda sowet awtonomiýasyny düzmekden göz öňünde tutulan maksat nämedi?
2. Türküstan sowet awtonomiýasy mazmun we ähmiýet taýdan näme üçin ýerli ilatyň peýdalaryny kanagatlandyrmaýardy?
3. Türküstan Kompartiýasyny düzmek zerurlygy nähili sebäpler bilen baglydy?
4. Türkkomissiýanyň işi hakynda nämeler diýip bilýärsiňiz?
5. Täze ykdysady syýasaty yglan etmekden gözlenýän esasy maksatlary bilýärsiňizmi?
6. Türküstanda geçirilen ýer-suw reformasynyň birinji basgançagynda nämelere esasy üns berilýär?
7. Öýe işi. Türküstandaky ykdysady ýagdaýa degişli maglumatlar esasynda jedweli dolduryň.

| **Türküstandaky açlyk** | | | |
|---|---|---|---|
| Döwri | Sebäpleri | Bolup geçen hadysalar | Netijeleri |
| **Ýer-suw reformalary** | | | |
| Döwri | Sebäpleri | Bolup geçen hadysalar | Netijeleri |

## § 5. Türküstan ASSR-da sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketler

**Türküstanda sowet režimine garşy ýaragly hereketiň başlanmagy.**

Türküstan sebitinde bolşewikler hökümdarlygyndaky sowet režimine garşy azatlyk hereketi 1918-nji ýylyň fewral aýynyň soňky on günlüginde ilki Kokant töwereklerinde başlandy. Ilkinji toparlaryň gurluşy Kokandyň töwta Ergaş (1882 - 1921) ýaly korbaşylaryň atlary bilen baglydyr. 27-nji fewralda bolşewikleriň harby güýçlerine garşy bolan söweşleriň birinde **Kiçik Ergaş** şe-

hit bolandan soň, onuň ornuna uly **Ergaş Fergana** jülgesinde bolşewikleriň koloniýaçylyk tertibine garşy azatlyk baýdagyny göterdi. Kokant uýezdindäki hereketiň ilkinji daýanç merkezi Baçkir obasydy. 1918-nji ýylyň mart aýynyň ahyryna gelip uly Ergaşyň ady Fergana jülgesiniň ilatynyň ortasynda örän meşhur bolup gitdi. Margilanda bolsa milisiýanyň öňki başlygy **Madaminbek** - Muhammet Aminbek Ahmadbek ogly (1892 – 1920) göreş başlady.



Katta Ergaş

Fergana jülgesinde 1918-nji ýylyň ortalaryna gelip takmynan **100 -e** golaý korbaşy öz toparlary bilen gyzyl armiýa bölümlerine garşy göreş alyp bardylar. Emma sowet häkimiýetiniň resmi dokumentlerinde milli azatlyk hereketiniň düýp mazmuny üýtgedilip, ony "basmaçylyk" hereketi, onuň gatnaşyjylaryny bolsa "basmaçylar" diýip nädogry agitasiýa etdiler.

Türküstanda azatlyk hereketiniň emele gelmeginiň esasy sebäbi sowet häkimiýetiniň ülkede alyp baran kolonial we şowinistik syýasaty boldy. Bolşewikler tarapyndan amala aşyrylan ilkinji sosialistik çäreler (kärhanalaryň döwlet hasabyna geçirilmegi, hususy eýeçiligiň ýatyrylmagy, azyk razwýorstkasy we galla monopoliýasy, yslam dininiň çäklenmegi we ateizm propagandasy, metjit, hususy mekdep we kazyhanalaryň ýapylmagy, mejbury zähmetiň yglan edilmegi, bazarlaryň ýapylmagy we b.) hem-de gyzyl armiýa söweşijileriniň talaňçylyk we basybalyşlary azatlyk hereketiniň giň gerim almagyna ýol açyp berdi, onuň gitdigiçe ösüşine alyp geldi.

**Hereketiň ähmiýeti, maksatlary we sosial gurluşy**. Azatlyk hereketiniň özboluşly milli görnüşi we Türküstana mahsus aýratynlyklary boldy. Hereketiň başdan ahyryna çenli üstünlikli tarapy bu bütin Türküstanyň milli azatlygy we garaşsyzlygy taglymatydyr. Azatlyk hereketi kä güýçlenip, kä peselip durşuna, onda gatnaşýanlaryň düzüminiň çalşyp durmagy we ikinji peýdalarynyň

**Ýatda saklaň!**
Gyzyl armiýa garşy aldym-berdimli göreşe giren watanperwerler "basmaçylar" däl-de eýsem, olar garaşsyzlyk tarapdarlarydy.

üýtgäp durmagyna, obýektiw we subýektiw faktorlaryň güýçleriň deňagramlylygyna dürli täsir etmegine garamazdan, hereketiň esasy maksady Türküstan garaşsyzlygy üçin göreş bolup galyberdi.

Hereketiň ähmiýetini sowet komandirliginiň wekilleri hem boýun almaga mejbur boldular. Türküstan frontunyň komandiri M.Frunze: “Basmaçylyga garşy  göreş düýbünden täze, aýratyn tapawutlanyp durýan, özboluşly duşman bilen göreş diýmekdir”, diýip ýazypdyr. Onuň aýtmagyna görä “Ýok bolsun sowet häkimiýeti!” we “Garaşsyz bir musulman döwletini düzeliň!” jümleleri hereketiň düýp taglymyny aňladýardy.

Azatlyk hereketiniň esasy hereketlendiriji güýji daýhanlar, çorikorlar, merdikärler, hünärmentler we zyýalylardy. Türküstan ASSR başlyklaryndan biri Turor Riskulowyň belläp geçişine görä, herekete “esasan daýhanlar we hünärmentler gelip goşulýardy “. Olaryň milli düzümi esasan ýerli ilat -özbekler, täjikler, gyrgyzlar, gazaklar, türkmenler, garagalpaklardan ybaratdy. Özbekleriň mukdary köpçüligi düzýärdi. Emma hereketiň hatarynda käbir ýewropaly milletler wekilleri, hat-da ruslar hem bolup, olar sowet režimine garşy  göreşdiler. Göreşe başlan halk hereketini gurnamakda korbaşylaryň hyzmaty uly boldy.

**Fergana jülgesi we Samarkant welaýatyndaky azatlyk söweşleri**. Fergana jülgesindäki azatlyk hereketi 1919-nji ýylyň ýazynyň ahyry we güýzünde özüniň iň ýokary derejesine çykdy. Sentýabr aýynyň ilkinji günlerinde **Madaminbegiň** leşgerleri Jelalabat we Oş şäherlerini eýeledi. Olar köne Margilan şäherini gyzyl basgynçylardan azat etdiler. Şeýlelikde jülgedäki iň iri strategik şäher - Andijany gabaw etmäge girişdiler. Madaminbegiň ýolbaşçylygyndaky goşunyň hüjümi Fergana jülgesini lerzana getirdi. 1919-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda Pomiriň Ergaştom obasynda bolan ýygnakda Madaminbegiň ýolbaşçylygynda Fergana Wagtlaýyn awtonom hökümeti düzüldi. Hökümetiň düzümine 16 sany  ýerli ilat we 8 sany ruslar girizildi. Madaminbek hökümet başlygy bolmak bilen birlikde goşunyň **Ýokary baş komandiri** edip hem saýlandy.



Madaminbek

1919-njy ýylyň güýzüniň ahyryna gelip **Madaminbegiň** gol astynda 30 000 –e golaý ýigit gyzyl armiýa garşy  azatlyk söweşlerini alyp bardylar. Bu wagtda **ŞerMuhammetbegiň** gol astynda 20 000, uly **Ergaş** korbaşyda bolsa 8000 sany esger bardy. Ynha şu üç sany leşgerbaşy jülgedäki söweşjeň hereketleri alyp bardylar.



Şermuhammet-bek

Fergana  jülgesinde bolşewikler  tarapyndan  goşmaça güýçleriň başlanmagy netijesinde  1920-nji ýylyň ýanwar aýynyň  ortalaryna gelip söweşjeň başlangyç gyzyl armiýanyň eline geçdi.  Katta Ergaş korbaşynyň goşuny ýeňlişe duş gelenden soň,  Şermuhammetbek  Şermuhammetbek  esasy güýçlerini  alyp  Alaý  jülgesine yza çekildi. Madaminbek wagtdan peýdalanmak üçin Fergana frontunyň goşunlary komandirligine ýaraşyk ylalaşyklaryny başlamagy  teklip etdi. Netijede Madaminbek bilen 2-Türküstan okçy diwiziýasynyň başlygy **N.Werýowkin-Rohalskiýniň** ortasynda 1920-nji ýylyň  6-njy martynda  **Skobelew** şäherinde ýaraşyk ylalaşygyna gol çekildi. Emma aradan köp wagt geçmän sowet komandirligi tarapyndan korbaşylar ordasyna goýberilen Madaminbek nämälim ýagdaýda 1920-nji ýylyň maýynda öldürildi.

Türküstandaky hereket 1920-nji ýylyň ýazynda we güýzünde özüniň täze basgançagyna gadam goýdy. Fergana jülgesi we Samarkant welaýatyndaky watanperwerler bilen bir hatarda indi Buhara we Horezmde hem basgynçy gyzyl armiýa garşy  göreş başlandy. 1920-nji ýylyň 3-nji maýynda ŞerMuhammetbegiň ýolbaşçylygynda **Türküstan — türk garaşsyz yslam jumhuriýeti** döredildi. ŞerMuhammetbek azatlyk hereketine baş boldy.

Giň gerimdäki repressiýalar we gyzyl armiýa tarapyndan harby hereketleriň güýçlendirilmegi hem garaşsyzlyk tarapdarlaryny göreşden gaýtaryp bilmedi. Fergana armiýa gruppasy ştabynyň “örän gizlin “ maglumatlaryna garanda, 1921-nji ýylyň iýun - sentýabr aýlarynda welaýatda 200 – den artyk korbaşy toparlary hereket edipdir.

**1921-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda** Fergana jülgesinde adatdan daşary halat yglan edildi. 1921-nji ýylyň noýabrynda Fergana welaýatynda sowet häkimiýeti tarapyndan harby diktatura ornadyldy we Türküstan fronty harby rewolýusiýasy geňeşiniň agzasy **P.Baranow** Fergana welaýatynyň harby diktatory edip saýlandy.

ŞerMuhammetbek korbaşy Owganystan döwletine geçip gidenden soň, 1923 -1924-nji ýyllarda Fergana jülgesindäki azatlyk tarapdarlarynyň goşunyna **Yslam Pälwan we Ýormat Mahsum** ýaly korbaşylar ýolbaşçylyk etdiler. Bu wagtda olar kiçi-kiçi toparlar düzüp, gyzyl armiýa garşy göreşdiler. Emma olar göreşiň şu basgançagynda dürli sebäpler we ýerli şertler netijesinde hemişe hem biri-biri bilen ylalaşyp iş alyp baryp bilmediler.

Samarkant welaýatyndaky azatlyk tarapdarlaryna 1918-1923-nji ýyllarda **Bahrombek** we **Oçilbek** ýaly meşhur korbaşylar ýolbaşçylyk etdi.

Bahrombek 1918-nji ýyldan başlap 2000 ýigit bilen Samarkant welaýatynda gyzyl armiýa garşy söweşlerde aktiw gatnaşdy. Samarkantyň golaýyndaky Pastkişlokda doglan **Hamrokulbek** korbaşy onuň ýakyn kömekçisi boldy. Bahrombek öz ýigitleri bilen 1922-nji ýylyň ýazyna çenli gyzyl armiýa garşy aktiw göreşdi. Bolşewikler çekistler we içalylaryň kömeginde 1922-nji ýylyň güýzünde Bahrombek we inisi **Şahriýor** korbaşyny ele alyp, Samarkant şäherinde atyp taşladylar.

Ahmad Zaki Welidiýniň ýazmagyna görä, Oçilbek 1921-nji ýyldan başlap "Türküstan milli birligi" guramasynyň görkezmeleri esasynda iş alyp bardy. Kitob obasynyň golaýynda 1923-nji ýylyň 10-njy maýynda gyzyl esgerler bilen bolan söweşleriň birinde Oçilbek (ol halk ortasynda batyrlygy üçin Oçildöw ady bilen meşhur bolan) mertlerçe heläk boldy.

**Korbaşylaryň işi hem-de korbaşylaryň gurultaýlary.** Korbaşylar azatlyk tarapdarlarynyň harby başlyklary bolup, olar halk ortasynda öz söweşjeňlikleri bilen meşhurdylar.

Öz wagtynda Fergana jülgesinde Kiçi Ergaş, Katta Ergaş, Madaminbek, ŞerMuhammetbek, Yslam Polwon, Samarkant welaýatynda Oçilbek, Bahrombek we başgalar herekete ýolbaşçylyk etdiler. Olaryň köpçüligi sowatly adamlardy.

**Özüňizi barlap görüň!**
Bahrombek - bu ....ŞerMuhammetbek - bu ....
Kiçi Ergaş - bu ...Oçilbek - bu ...
Madaminbek - bu ...Katta Ergaş - bu ...

Fergana jülgesinde **Şakarhan we Muhiddinbegiň enesi,** Buharada **Nodira gyz** ýaly özbek aýal-gyzlaryndan ýetişip çykan aýal korbaşylar Türküstandaky milli azatlyk göreşiniň taryhyna şanly sahypalary goşdular.

Madaminbegiň mysalynda serkerdelik, döwlet we syýasy işgäre has bolan sypatlar jemlenendi. Ol jülgedäki sowet häkimiýeti organlaryna garşylykly görnüşde öz syýasy dolandyryş usulyny yglan etdi.

**Pikir ediň!**
Bolşewikleriň tarapdarlaryndan (maddoh) biriniň aýtmagyna görä, "Madaminbek korbaşylaryň arasynda iň güýçlisi bolan bolsa, ŞerMuhammetbek şübhesiz iň howplusydy". Bu tarypyň emele gelmegine nähili faktorlar sebäp bolan?

Azatlyk hereketini guramaçylyk taýdan birleşdirmekde Fergana jülgesi, Buhara we Horezmdäki korbaşylaryň şu döwürde bolup geçen 30-dan gowrak gurultaýlarynyň ähmiýeti uly boldy. Olarda başlyklar saýlandy, korbaşylar ýeke-täk komandirligiň gol astyna birleşdirildi. Emma muňa hemişe hem amal edilmeýärdi. Şeýle hem, gurultaýlarda korbaşylar toparlarynyň hereket edýän ýerleri we olaryň täsir çäkleri belgiläp alnandy.

Korbaşylar 1924-nji ýylyň ahyryna gelip Türküstandaky ykdysady krizis we garyplyk, rehimsiz açlyk, halkyň agyr durmuşyny görmezlikleri mümkin däldi. Dyngysyz dowam eden ýedi ýyllyk göreşden olar hem, halk hem ýadapdy. Şonuň üçin diri galan ar alyjylaryň köpçüligi **1924-nji ýylyň** dowamynda garşylygy bes etdiler. Netijede , 1924-nji ýylyň ahyrynda Türküstan regionynda azatlyk hereketiniň **birinji döwri** gutardy. Emma entek öňde göreşiň doly on ýyly durýardy.

**Sorag we ýumuşlar:**
1. Nähili sebäpler Türküstanda sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketleri getirip çykardy?
2. Ferganadaky hereket ýolbaşçylarynyň arasynda kimleriň atlaryny aýratyn görkezip bilerdiňiz?

3. Madaminbegiň şahsyny nähili bahalaýarsyňyz?

4. Samarkantdaky hereket ýolbaşçylarynyň arasyndan kimleriň atlaryny aýratyn tapawutlandyryp görkezerdiňiz?

5.Jülge korbaşylarynyň biri-birleri bilen ýeterli derejede birleşip bilmänliginiň sebäplerini nähili düşündirýärsiňiz?

6. Öýe işi: Aşakdaky jedweli dolduryň.

| **Hereket wekilleriniň iş alyp baran çäkleri** | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Bahrombek | Şermuhammetbek | Katta Ergaş | Madaminbek | Oçilbek |
| | | | | |
| **Ýokardaky şahslaryň işi** | | | | |
| | | | | |

***Adalgalara düşündiriş!***

**Korbaşy** - Orta asyrlarda Orta Aziýa hanlyklary gural-ýarag ammarynyň (kor) jogapkäri hem-de gural-ýarag, dürli top ýasamak kärhanalarynyň (korhana) başlygy bolup, Türküstan ülkesinde oktýabr agdarylyşygyna çenli bolan döwürde ýerli polisiýa başlygy hem-de soňra, Türküstanda sowet režimine garşy azatlyk hereketi başlyklarynyň derejesine aýlanan.

**“Basmaçylyk”** - Türküstanda 1918-1925-nji ýyllarda giň halk köpçüligi wekilleriniň basybalyjy gyzyl armiýa garşy alyp baran ýaragly hereketine şura hökümeti döwründe beýik döwlet şowinistleri tarapyndan berlen resmi at.

## § 6. Buhara emirliginde reformalar üçin göreş hem-de gyzyl armiýa tarapyndan emir häkimiýetiniň agdarylmagy. BHSR-nyň döredilmegi we işi

**Buhara emirligindäki ýagdaý we Ýaş buharalylar işi.** Russiýada patyşa häkimiýetiniň agdarylmagy Buhara emirliginde hem käbir özgerişleri getirip çykardy. Buhara hökümdary **Emir Saýid Olimhan** (1881 - 1944) bellemegine görä, Wagtlaýyn hökümet Buhara döwletiniň garaşsyzlygyny boýun aldy. Emir hökümeti Owganystan we başga döwletler bilen gatnaşyklary ýola goýdy. Russiýa-Buhara aragatnaşyklarynda hem özgerişler bolup geçdi. Buha-



Buhara emiri Saýid Olimhan

rada iş alyp baran Russiýa imperiýasynyň syýasy agentligi Russiýa hökümetiniň rezidenti diýip atlandyrylýan boldy. Şeýle hem, Buhara emirliginiň çäklerindäki ruslar ýaşaýan ýerlerde hem işçi we soldat deputatlarynyň Sowetleri peýda bolup, syýasy durnuksyzlyk we tertipsizlikler gelip çykdy . Bu ýagdaý Buhara emirligindäki syýasy ýagdaýa hem öz täsirini görkezdi.

**Ýaş buharalylar** partiýasy ilki bar bolan emirlik gurluşy çäklerinde demokratik reformalar geçirmek, konstitusion monarhiýa ornatmak arkaly emiriň hökmürowan häkimiýetini çäklendirip goýmak tarapdary boldy. Petrogradda 1917-nji ýylda bolan Fewral rewolýusiýasy Ýaş buharalylaryň içinde güýçler gatnaşygynyň gaýtadan toparlanmagyny tizleşdirdi. Haýallyk bilen reforma etmek tarapdarlary bolan köne jeditçilere **Abdulwohid Burhanow Munzim** (1875–1934)we **Sadriddin Aýniý** (1878 – 1954) hem-de reforma ugrunda aktiw hereketleri goldaýan ýaş jeditlere **Abdurauf Fitrat** (1886 – 1938) we **Faýzulla Hojaýew** (1896 - 1938) öňdebaryjylyk etdi. Buhara emiri Saýid Olimhan 1917-nji ýylyň 7-nji aprelinde Buharada dürli reformalary geçirmek dogrusyndaky permanlara gol çekdi. Emma, permany kuwwatlamak maksadynda Ýaş buharalylar tarapyndan paýtagt Buhara şäherinde 8-nji aprelde bolan çykyş emir tarapyndan basyp ýatyryldy. 14-nji aprelde perman ýatyryldy. Ýaş buharalylar emirlikde yzarlanyp başlandy.



Faýzulla Hojaýew

**Kolesowyň Buhara basybalyjylykly hereketi we onuň netijeleri.** 1917-nji ýylyň noýabrynda Türküstan ülkesinde bolşewikleriň häkimiýet depesine gelmegi netijesinde sowet Russiýasy bilen Buhara emirliginiň ortasyndaky syýasy ýagdaý ýitileşdi. 1917-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Täze Buhara (häzirki Kogon)da bolup geçen emirlik çäklerindäki ruslar ýaşaýan ýerlerdäki işçi we soldat deputatlary Sowetleriniň II sýezdinde

Buharada emirlik gurluşyny agdaryp taşlap, häkimiýeti **Faýzulla Hojaýewiň** ýolbaşçylygyndaky Ýaş buharalylara bermäge karar edildi. Türküstan ülkesiniň HKS başlygy **Fýodor Kolesowyň** ýolbaşçylygyndaky 3500 adamdan ybarat harby güýçler 1918-nji ýylyň 1-nji martynda Täze Buhara ýetip geldi.

Faýzulla Hojaýewiň ýolbaşçylygynda Ýaş buharalylaryň 7 adamdan ybarat rewolýusion komiteti (rewkom) düzüldi. 2-nji mart güni köne Buhara şäherine hüjüm başlandy. Buhara şäherinjň golaýyndaky Fathobodda bolan ilkinji çaknyşykda emir Olimhanyň goşunlary ýeňilse hem soňra Buharalylar Kolesowyň otrýadyny gurşap aldylar. Karmanadan Karakola çenli bolan 170 km aralykdaky demirýol relsleri emiriň egindeşleri tarapyndan bozup taşlandy. Buharalylar şäheri goramaga hereket etdiler. F.Kolesow 5-nji mart güni gije Daşkent tarapa çekilmäge buýruk berýär. 17-nji martda Kolesow otrýady bilen Samarkanta ýetip geldi.

Birnäçe kun dowam eden gepleşiklerden soň 1918-nji ýylyň 25-nji martynda sowet Türküstany bilen Buhara emirliginiň ortasynda **Gyzyltepe ylalaşygyna** gol çekildi. Emiriň adyndan ylalaşyga baş zekatçy **Mirza Salimbek** gol çekýär. Kolesowyň rehimsiz hüjümi şermendelerçe derbi-dagyn bolsa hem, öz garaşsyzlygyny goran Buhara emirligi basgynçy gyzyl esgerleriň öz çäklerindäki harby hereketleri üçin jogapkär diýip hasaplandy hem-de uly mukdarda paç tolemäge mejbur boldy. Şeýle hem, Kolesowyň otrýady Buhara, Karmana we Hatirçide talaňçylyk edip uly baýlyk bilen Daşkente gaýdyp geldiler. Bu hadysalar emiriň sud işinde ýolbaşçylyk eden tanymal döwlet işgäri we meşhur taryhçy Mirza Salimbegiň “Taryhy Salimiý” eserinde öz beýanyny tapýar.

**Gyzyl armiýanyň Buhara hüjümi hem-de emir häkimiýetiniň agdarylmagy.** 1920-nji ýylyň 12-nji awgustynda Türküstan frontunyň komandiri M.W. Frunze emirligi ýok etmek maksadynda **Samarkant-Buhara topary** (fronty) ny düzmek hakynda buýruk berdi. Şeýlelikde Buhara emirligi serhetlerine 7000 pyýada, 2500 atly esger hem-de döwrebap harby tehnikalar taýýar ýagdaýa getirip goýuldy. Emir Olimhanyň ygtyýarynda diňe 15 000 sarboz, 55 sany köne top we 12 sany pulemýot bardy. Harby güýçleriň gatnaşygyna görä Türküstan frontunyň goşunlary döwrebap ýaraglara eýedi.

Sowet hökümeti halkara hukuk normalaryny gödek bozup, 1920-nji ýylyň 29-njy awgustynda Buhara emirligini ýok etmäge girişdi. Şu seneden başlap köne Buhara hem howadan, hem ýerden güýçli bombalandy. Buharanyň Garşy derwezesine çenli gelen demirýolda duran broneotly (zynjyrlyotly) we Samarkant, Şaýh Jalol, Namozgoh derwezeleriniň golaýynda ýerleşdirilen toplardan 1-2-nji sentýabr günleri şähere 12 000 snarýad taşlandy. Şäheriň üstünde uçup ýören 11 sany "gara gargalar" (aeroplan) 3 gün dowamynda bomba ýagdyrdy.

**Ýatda saklaň!**
M.Frunze goşunlaryny 4 sany güýçli topar (Samarkant, Kattakorgon, Çärjew we Kogon)na bölen. Esasy wezipe Kogon toparynyň paýyna ýüklendi. Ol paýtagt köne Buhara şäherini basyp almaly, Emir Olimhany ýesir alyp, Arkdaky hazynany eýelemelidi.

Şäher hat-da himiki snarýadlardan oka tutuldy. Ýykylan derwezelerden gyzyl esgerlar şähere çozup girdiler. Köçe söweşleri başlanyp gitdi. Emir Olimhan şäherdäki ýadygärlikleri we ilaty aman saklap galmak maksadynda paýtagty taşlap, Gündogar Buhara serpikdi. 1920-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda gyzyl armiýa tarapyndan Buhara şäheri eýelendi. Buharada emir häkimiýeti agdaryldy we Ýaş buharalylar häkimiýet depesine geldi.

**Buhara halk Sowet Respublikasynyň gurluşy.** Şäheri basyp alan gyzyl esgerler Arkdaky emir hazynasyny, Buhara kazykelany, koşbegi we başga emeldarlaryň baýlyklaryny konfiskasiýa etdiler. Bolşewikler, gyzyl armiýa komandirleri, ýönekeý esgerler uly baýlyk artdyrdylar. Hat-da uly baýlygy özleşdiren "gyzyl komandir" M.Frunze 1920-nji ýylyň sentýabrynda Moskwa gaýdandan soň, tutuldy we birnäçe aý öý tussagynda saklandy. Sentýabr aýynyň

**Pikir ediň!**
Şu wakany mogullaryň Buharany basyp almak hadysasy bilen deňeşdiriň!
"Buharada 3000-e golaý howly, 3000- den gowrak dükan, 20 sany saraý, 29 sany metjit, 34 güzer ýanyp weýran boldy. Şäher 20 gün diýen ýaly ýanyp durdy. Buhara¬nyň şu derejede weýran bolanyny hiç bir taryh görmändi. Buharalylar bu günleri"kiçi kyýamat" diýip bellediler".
*Wakalaryň şaýady bolan taryhçy Muhammet Ali Baljuwoniý özüniň "Taryhy nafoe"("peýdaly taryh") eserinden.*

başlarynda emirlik hazynasy we başga baýlyklar ýüklenen 2 sany eşelon Samarkant we Daşkent arkaly Moskwa ýol aldy.


Abdulkodir Muhitdinow

**1920-nji ýylyň 6 - 8-nji oktýabrynda** emiriň ýazky saraýy Sitrai-Mohi Hosada çagyrylan Bütin Buhara halk wekilleriniň I gurultaýynda Buhara halk Sowet Respublikasy (BHSR) düzülenligi dabaraly görnüşde yglan edildi. Ýaş buharalylar partiýasynyň öňdebaryjysy **Faýzulla Hojaýew** täze hökümet - BHSR Inspektorlar Şurosynyň başlygy, **Abdulkodir Muhitdinow** Bütin Buhara Merkezi Rewolýusion Komitetiniň (Merkezi rewkom) başlygy boldy. BHSR döwlet gurluşy taýdan halk demokratik häkimiýetidi. Onuň paýyna gysga möhletiň içinde orta asyrlardan miras galan emir Buharasyny demokratik döwlete aýlandyrmak ýaly taryhy wezipäni ýerine ýetirmek düşdi.

BHSR ilkinji hökümetiniň sostawyna Faýzulla Hojaýew başlyk we daşary işler, Kori Ýoldaş Polatow magaryf, Muhtarjon Saidjonow içki işler, Usmon Hoja (Usmonhoja Polathojaýew) maliýe, Najib Husainow döwlet inspeksiýasy, Ý.Ibrohimow adatdan daşary komissiýanyň başlygy, Mukammal Burhonow adylyýet, Şihobuddinow harby işler, Mirzo Muhiddin Mansurow söwda we senagat inspektorlary hökmünde girizildi. Bütin Buhara Merkezi Rewolýusion Komitetiniň agzalary edip Muminjon Aminow, Olimjon Akçurin, Abdulhamid Oripow, Sobir Ýusupow, Hoji Hasan Ibrohimow, Faýzulla Hojaýew, Kulmuhamedow saýlandy.

**!**

***Özüňizi barlap görüň!***

1920-nji ýylyň 6 - 8-nji oktýabr - bu ...
1920-nji ýylyň 2-nji sentýabr - bu ...
1920-nji ýylyň 29-njy awgust - bu
1918-nji ýylyň25-nji mart - bu...
1920-nji ýylyň 12-nji awgust - bu...
1917-nji ýylyň 2-nji dekabr- - bu...

**BHSR-daky syýasy, ykdysady we medeni özgerişler.** 1921-nji ýylyň 18-23-nji sentýabrynda bolan Bütin Buhara halk wekilleriniň II gurultaýynda demokratik ruhdaky BHSR Konstitusiýasy kabul edildi. Merkezi Rewkomyň ornuna kanun çykaryjy we gözegçilik edýän ýokary organ - Bütin Buhara Merkezi Ispolnitel Komiteti döredildi. Tanymal döwlet işgäri **Usmon Hoja** oňa



Porso Hojaýew

başlyk boldy. Ol soňra, daşary döwlete çykyp gidenden soň, 1922-1924-nji ýyllarda bu wezipäni **Porso Hojaýew** eýeledi.

Emma BHSR hökümetiniň içinde syýasy bölünişler güýçlendi. Bir tarapdan, Buhara Kommunistik partiýasynyň içindäki "çep" we "sag" kommunistlere garşy ideologik taýdan göreş alyp barmaga dogry gelse, ikinji tarapdan, RSFSR we onuň adatdan daşary organlary bolan Türkkomissiýa, Türkbýuro, Türkfront, Orta Aziýa býurosy, Orta Aziýa Ykdysady Geňeşi ýaş "garaşsyz" döwlet öňdebaryjysynyň her bir ädimini hüşgärlik bilen gözegçilik edip durýardy. Şeýle bolmagyna garamazdan Faýzulla Hojaýew, Abdulkodir Muhitdinow, Fitrat, Otaulla Hojaýew ýaly işgärler hökümetde demokratik ýol tutup, birsyhly wezipesinde durdular.



Faýzulla Hojaýew ýolbaşçylygynda düzülen Buhara, halk Sowet Respublikasy hökümeti - halk Inspektorlar Şurosy agzalary.

Buharadaky demokratik özgerişlere döwletiň daşarysyndan basym gitdigiçe güýçlendi.

1923-nji ýylyň ýazynda we güýzünde daşary güýçleriň basyşy bilen Faýzulla Hojaýewiň ýakyn egindeşleri bolan Fitrat, Otaulla Hojaýew, Sattor Hojaýew, Muminjon Aminow, Kori Ýoldaş Polatow we başga inspektorlar hökümet düzüminden çykaryldy hem-de Buharadan sürgün edildi. Buhara hökümeti Moskwa we Daşkentiň "kommunistçe sapagy""ny alan "tejribeli sowet işgärleri" bilen dolduryldy. Hökümetde Türküstan ASSR-dan goýberilen komissarlaryň täsiri gitdigiçe güýçlendi. Jemgyýet gitdigiçe syýasy görnüş aldy. 1924-nji ýylyň 18 - 20-nji sentýabrynda bolan Bütin Buhara halk wekilleriniň V gurultaýynda BHSR-yň ady üýtgedilip, ol Buhara Sowet Sosialistik Respublikasy (BSSR)-na öwrüldi. Netijede , Merkez we



Usman Hoja

Türküstan ASSR-daky bolşewikler we başga güýçler Buharany “sosialistik” üýtgetmeler girdabyna çekdi.

**Ýatda saklaň!**
Ýaş döwlet öňdebaryjysy Faýzulla Hojaýew çylşyrymly we agyr şertde işlemäge mejbur boldy. Ol ilkinji günlerden garaşsyz syýasat alyp barmaga, sowet Russiýasy we daşary döwletler bilen deň hukukly gatnaşyklar ornatmaga hereket etdi. 1922-nji ýylda ol Berline nemes banklary we çet ýurt söwda kompaniýalary bilen garaşsyz şertnama düzmäge bardy.

**Sorag we ýumuşlar:**
1. 1910-njy ýyldan başlap Buhara emirliginde ýagdaý nähilidi?
2. “Kolesow wakasy” näme maksatda döredildi we nähili netijelere sebäp boldy?
3. Ýaş buharalylaryň işi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. Bolşewikler we sowet häkimiýetiniň Buharanyň içki işlerine aralaşmagynyň güýçlenmeginiň sebäpleri nämededi?
5. Sowet Türküstany harby goşunynyň Buhara basybalyjylykly hereketlerini nähili bahalamak mümkin?
6. Buhara emirligi agdarylandan soň nähili häkimiýet organlary düzüldi?
7. Buhara halk Sowet Respublikasy agzalarynyň suratyna seredip, olaryň ady-familiýasyny we wezipesini anyklamaga hereket ediň.
8. Aşakdaky jedweli dolduryň. Iki sütünde Faýzulla Hojaýew we Emir Olimhanyň işine düşündiriş beriň.

| Faýzulla Hojaýew | Emir Saýid Olimhan |
|---|---|
| | |

## § 7. Hywa hanlygyndaky ýagdaý hem-de han häkimiýetiniň agdarylmagy. HHSR-nyň düzülişi we dürli reformalar

**Hywa hanlygyndaky syýasy ýagdaý we Ýaş hywalylaryň işi.** 1917-nji ýylyň başlarynda Russiýanyň merkezinde bolup geçen wakalar Hywa hanlygyna hem öz täsirini geçirmän galmady. 1917-nji ýylyň 5-nji aprelinde Hywa hany Isfendiýarhan (1910-1918) Ýaş hywalylar partiýasynyň reforma dogrusyndaky manifestine gol çekdi. Ýaş hywalylar partiýasy 1914-nji ýylda döredilipdi. Manifestde täze usul mekdepleriniň açylmagy, döwletde demirýol, poçta, telegraf gurmak zerurlygy, döwlet hazynasynyň gözegçilik astyna alyn-

magy, ähli emeldarlaryň saýlanmagy we aýlyk bilen üpjün edilmegi, ähli ilatyň şerigatyň öňünde deňligi nygtalýardy Reformalaryň amala aşyrylmagyny gözegçilik etmek üçin 30 adamdan ybarat **Idorai maşruta** döredildi. 8-nji aprel güni döwleti dolandyrmak üçin Hywada hanyň huzurynda kazykelan **Babaahun Salimowyň** ýolbaşçylygynda Mejlis we **Husaýnbek dewonbegi Matmurodowyň** ýolbaşçylygynda Inspektorlar Şurosi döredildi. Bu bilen Hywa hanlygynda gysga möhlete bolsa hem konstitusion monarhiýa ornadyldy. 1917-nji ýylyň maýynda Ýaş hywalylar partiýasynyň başlygy **Palwanniýaz Ýusupowyň** ýolbaşçylygyndaky delegasiýa Wagtlaýyn hökümetiň wekilleri bilen gepleşikler alyp barmak üçin Daşkente geldi. Emma Isfendiýarhan Wagtlaýyn hökümetiň Hywadaky wekili general **Mirbadalowyň** ýolbaşçylygyndaky harby güýçlere daýanyp, iýun aýynda Mejlisi dargadyp goýberdi. Han özüne makul bolan adamlardan **Artyk Ahun** we **Ishakhoja Hojaýewyň** ýolbaşçylygynda täze sostawdaky Mejlis we Inspektorlar Şurosyny şekillendirdi.



Isfendiýarhan



Babaahun Salimow

Ýaş hywalylardan rehimsiz öç almaga girişildi. Husaýnbek Matmurodowyň ýolbaşçylygyndaky Mejlisiň 17 sany öňki agzasy tussag edildi we soňra öldürildi. 1917-nji ýylyň noýabrynda Isfendiýarhan rus kazaklarynyň kömeginde Mejlisi bütinleý ýatyrdy. Hanyň zulumy bilen göreşde ýeňlişe sezewar bolan Ýaş hywalylar döwlet çäklerinden çykyp gitmäge  mejbur boldular.

**Hanlykda ýagdaýyň ýitileşmegi.** Hywa hanlygyň garaşsyzlygyna sowet Russiýasy tarapyndan daşky howpy duýan han goranmak çärelerini görmäge ymtyldy. Isfendiýarhan tarapyndan 1918-nji ýylda Jüneýithan Hywa hanlygynyň ýaragly güýçleri komandiri edip saýlandy. Jüneýithanyň hakyky ady Gurban Mämet Serdar bolup, ol türkmenleriň ýomut taýpasyna degişlidi.

Hywa hanlygy çäkleriniň bir bölüminde Amyderýa bölümi (merkezi - Petro-Aleksandrowsk; häzirki Dörtgül) döredilen bolup, ol Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine girýärdi. Fewral rewolýusiýasyndan soň Dörtgülde

hem sowet häkimiýeti ornaşdyryldy. Dörtgülde duran sowet komandirliginiň harby güýçleri hemişe Hywa hanlygynyň çäklerine howp salyp durdy. Hana garşy toparda duran Ýaş hywalylaryň köpçüligi hem şu ýerden başpena tapdy.

1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Hywada bolan saraý pitnesi netijesinde Isfendiýarhan öldürildi. Tagta merhum hanyň uly agasy, zamandaşlarynyň pikirine görä boşaň we gowşak **Said Abdullahan** (1918 – 1920) oturdy, hökümet başlygy **Döwletmurod mahram** boldy. Emma täze han döwlet işleri bilen meşgullanmady. Häkimiýet Jüneýithanyň elinde merkezleşdi. Jüneýithan sowet häkimiýetiniň hakyky duşmany boldy.

Jüneýithanyň goşunlary 1918-nji ýylyň noýabrynda Amuderýadan geçip, Dörtgüle hüjüm etdi. Gyzyl esgerlere garşy ýiti söweşler bolup, ol 1,5 ýyla çenli dowam etdi. 1919-njy ýylyň 9-njy aprelinde Hywanyň golaýyndaky **Tagta** obasynda Jüneýithan bilen sowet häkimiýetiniň wekilleriniň ortasynda şertnama gol çekildi. Tagta şertnamasy hökmünde taryha giren bu ylalaşykda Hywa hanlygynyň garaşsyzlygy sowet häkimiýeti tarapyndan boýun alyndy. Emma sowet Russiýasy we Türküstanyň bolşewik başlyklary Hywa hanlygyndaky ähli garşy toparyň güýçlerini jebisleşdirmäge zor berip hereket etdiler.

**!** **Özüňizi barlap görüň!**

1917-nji ýylyň 5-njji aprel - bu ...
1918-nji ýylyň 30-njy oktýabr-bu ...
1919-njy ýylyň 9-njy aprel - bu ...
1918-nji ýylyň 10-njy ýanwar-bu **...**

**Gyzyl armiýa tarapyndan Hywa hanlygynyň ýatyrylmagy.** 1919-njy ýylyň 4-nji noýabrynda Ýaş hywalylar, Dörtgüldäki rewolýusion kommunistler topary hem-de **Koşmamedhan Sapiýew** we **Gulomalihan Bahadyryň** ýolbaşçylygyndaky türkmen taýpalary Hywa hany Said Abdullahan we türkmen ýomutlarynyň öňdebaryjysy Jüneýithana garşy göreş başlamak üçin özara soýuz düzüp, Hywa şäherini eýelemek üçin gyzyl esgerleri kömege çagyrdy.

Hakykatda Hywada han, Buharada emir häkimiýetleriniň agdarylmagy obýektiw garanda dogry hadysa boldy. Diňe bu häkimiýet içki güýçler tarapyndan parahat ýol bilen däl-de, eýsem daşary güýçler - sowet Russiýasy we bolşewikleriň harby bölümleri tarapyndan zorluk bilen ýatyryldy. Regionda-

**Ýatda saklaň!**
1919-njy ýylyň noýabr – 1920-nji ýylyň ýanwar aýlarynda Türküstan frontunyň Amyderýa (Hywa) topary goşunlary hanlyk çäklerini basyp almak üçin ýiti söweşler alyp bardy. 1920-nji ýylyň 1-nji fewralynda hanlygyň paýtagty Hywa basyp alyndy. Hywa hany Said Abdullahan tagtdan geçdi. Jüneýithan söweşijileri bilen Garaguma serpikdi. 2-nji fewralda Wagtlaýyn rewolýusion komitet düzüldi. Häkimiýet Ýaş hywalylaryň eline geçdi.

ky 2 garaşsyz özbek döwletiniň çäklerine gyzyl armiýa girizildi hem-de olary sowetleşdirmek hadysasy başlandy. Şu bilen birlikde hanlyklarda sosial-ykdysady aragatnaşyklar çukur krizise duş gelip, jemgyýetiň ösmeginde monarhiýa gurluşy uly päsgelçilige aýlanypdy. Ýaş hywalylar hem, Ýaş buharalylar hem bolşewikler we sowet häkimiýeti bilen arkalaşyk etse-de Horezm we Buharada demokratik reformalary amala aşyrmak üçin ýiti göreşdilar.


Palwanniýaz Ýusupow

**Horezm halk Sowet Respublikasynyň döredilişi hem-de ondaky ykdysady, sosial we medeni özgerişler.** **Hywa** şäherinde 1920-nji ýylyň 26 – 30-njy aprelinde bolup geçen Bütin Horezm halk wekilleriniň I gurultaýynda Horezm halk Sowet Respublikasy (HHSR)-yň düzülenligini yglan etdi. HHSR Inspektorlar **Polwonniýoz Ýusupow** Şurasynyň başlygy edip Ýaş hywalylar partiýasynyň başlygy saýlandy. Gurultaýda HHSR-yň Wagtlaýyn Konstitusiýasy we ilkinji Baýdagy kabul edildi. HHSR-yň ýaş hökümeti BHSR, Türküstan ASSR, RSFSR döwletlerinden daşary Finlýandiýa, Şwesiýa, Germaniýa, Türkiýe, Owganystan, Eýran ýaly daşary döwletler bilen hem garaşsyz görnüşde söwda-satyk we ykdysady gatnaşyklary alyp barmaga hereket etdi. Meselem, 1921-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Owganystana kazy-kelan **Boboohun Salimow** ýolbaşçylygynda ýörite ilçiler topary goýberildi.

Emma şertnama we ylalaşyklarda görkezilen esasy maddalary, meselem, HHSR-yň garaşsyzlygy we eldegrilmesiz hukugyny sowet Russiýasy boýun alman, hemişe ýaş respublikanyň içki işlerine gödek görnüşde aralaşyp durdy, edil BHSR-da bolşy ýaly Horezmde hem uly mukdardaky gyzyl esgerleri

saklap, bu harby güýçler arkaly döwleti özi dolandyrmaga ymtyldy. 1921-nji ýylyň 6-njy martynda Horezmde gyzyl esgerleriň gurnan harby döwlet agdarylyşygyndan soň P.Ýusupow hökümeti hem agdaryp taşlandy. Hökümetiň öňki başlygy gizlenmäge ýetişdi. Emma aradan köp wagt geçmän ol tussag edildi. Bolşewikler köp inspektorlary atyp taşlady. Diri galan käbir inspektorlar Jüneýithanyň hataryna baryp goşuldy. Umuman alanda, HHSR iş alyp baran 5 ýylyň dowamynda bolşewikler tarapyndan HHSR MIK başlyklary we hökümet başlyklarynyň her biri 10 gezekden özgerdildi. Horezmde geçirilen beýle döwlet agdarylyşyklary netijesinde özbek halkynyň birnäçe asyl perzentleri repressiýa edildi.

HHSR-da ykdysady-syýasy we hojalyk ugrundaky reformalar dartgynly görnüşde geçdi. Salgydyň agyr ýüki söwdagärleriň, süýthorlaryň we iri ýer eýeleriniň paýyna dogry geldi. Oba hojalygynda 1922-nji ýylyň dekabrynda ýeke-täk salgyt sistemasy yglan edildi. 1923-nji ýylyň iýunynda hünärmentçilik we senagat ugrundaky salgytlar hem bir sistema salnyp, döwlet senagat salgydy yglan edildi.

HHSR hökümeti medeni-magaryf we saglygy saklamak işlerine hem uly üns berdi. 1920-nji ýylyň baharynda respublikada täze tipdäki mekdepler döredilip başlandy. 1921-nji ýylyň sentýabrynda Hywada açylan halk **dorilfununy** respublikanyň medeni durmuşynda uly waka boldy.

1923-nji ýylyň 17-20-nji oktýabrynda bolan Bütin Horezm halk wekilleriniň IV gurultaýy HHSR-ny **Horezm Sowet Sosialistik Respublikasy** (HSS-R)-a çalyşmak dogrusynda karar kabul etdi. Kabul edilen täze Konstitusiýa döwletiň sosialistik gurluş ýoluna geçmegi kanun ýoly bilen berkitdi. Bar bolan ýerler umumhalk mülki diýip yglan edilip, ähli wakf mülkleri magaryf inspektorlygynyň ygtyýaryna berildi. Kazyhanalaryň işi gadagan edildi, sowet sudlary döredildi. Şeýlelikde 1923-nji ýylyň oktýabr aýyndan başlap Horezmdäki demokratik özgerişlere çäk goýuldy. Horezmi sowetleşdirmek hadysasy özüniň ýokary basgyjyna göterildi. Hökümetiň ýiti täze syýasatyndan närazy bolan ähli adamlar beýle ýagdaýda azatlyk tarapdarlarynyň hataryny doldurdylar. Türküstanda sowet režimine garşy ýaragly hereket Horezm jülgesine hem

giň ýaýrady. Netijede , **1924-nji ýylyň** ahyrynda Merkez tarapyndan garaşsyz döwletler bolan HHSR we BHSR ýatyrylyp, sebitde özbek halky döwletliligi şekillenen iki taryhy merkez ýok edildi. Bolşewikler bu bilen özbek halkynyň asyrlar dowamynda şekillenen möhüm syýasy, ykdysady, taryhy we medeni merkezleri bolan Buhara we Horezme güýçli zarba berdi.

?

**Sorag we ýumuşlar!**

1. Hywada han huzurynda düzülen Mejlis we Inspektorlar Şurosi hanyň hökmürowan häkimiýetini nähili derejede çäklendiripdi?

2. Tagta obasynda gol çekilen şertnama Hywa hanlygynyň syýasy durmuşyna nähili derejede täsir etdi?

3. Tablisada Hywada iş alyp baran şahslaryň işine degişli maglumatlary dolduryň.

| Isfendiýarhan | Jüneýithan | Boboohun Salimow | Palwanniýaz Ýusupow | Said Abdullahan |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

4. HHSR-ny Horezm Sowet Sotsialistik Respublikasyna çalyşmagyna näme sebäp boldy?

6. HHSR düzülenden soň, salgyt ugrunda nähili özgerişler boldy?

## § 8. BHSR WE HHSR-DA GYZYL ARMIÝA GARŞY GÖREŞ

**BHSR çäklerinde gyzyl armiýa garşy göreş we halk gozgalaňlarynyň başlanmagy.** Gyzyl armiýanyň Buhara we Horezm döwletleriniň çäklerine rehimsiz çozup girmegi netijesinde eden talaňçylyklary, zorluklary, köp adamlaryň köpçülikleýin närazyçylyklaryny getirip çykaran esasy sebäplerden biri boldy. Buhara we Horezm ilaty öz döwletlerine basyp giren basybalyjy gyzyl armiýa esgerlerine garşy milli azatlyk göreşine aýaga galdy. Bu çäklerde watanperwerleriň hereketi giňelip, giň gerim aldy. Hereketiň hatarynda ýerli ilatyň ähli wekilleri diýen ýaly, birinji nobatda daýhanlar we hünärmentler aktiw gatnaşdylar. Bu ýagdaý ýaragly hereketiň başlyklary, olara gelip goşulanlaryň dürli gatlaklara degişli bolmagy, gyzyl armiýa garşy rehimsiz we aldym-berdimli göreşe şaýlananlaryň çäkleriniň näçe giň we tiz ösýänligini delillendirýär.

**Pikir ediň!**
Hywa hanlygy we Buhara emirlikleri haçandan bakna döwletlere aýlandy? Olaryň doly garaşsyz däldigi nämelerde ýüze çykdy?

Buharada emirlik gurluşy agdarylandan soň, 1920-nji ýylyň güýzüne gelip gyzyl armiýa garşy göreş alyp baran korbaşylar toparlary, şäher we raýonlarda göterilen gozgalaňlar döwletiň ähli çäkleri - günbatar, merkezi, gündogar bölümlerinde başlanyp, köpçülikleýin görnüş aldy. 1920-nji ýylyň sentýabr aýynda Gündogar Buhara gelen öňki emir Olimhon uly güýçler toplap, gyzyl armiýa garşy göreşe ýolbaşçylyk etdi. Günbatar Buhara çäklerinde Mulla Adulkahhor, Gündogar Buhara çäklerinde Ibrohimbek we Döwletmandbek ýaly korbaşylar herekete ýolbaşçylyk etdi. 1921-nji ýylyň mart aýynda birnäçe söweşlerde ýeňlişe sezewar bolan Olimhon Owganystan döwletiniň çäklerine geçip gitmäge mejbur boldy. Emma bu wagtda Gündogar Buharada gyzyl armiýa garşy köpçülikleýin halk gozgalaňlary göterildi.


Ibrohimbek

Buhara korbaşylarynyň milli azatlyk göreşi. Gysga möhletiň dowamynda Mulla Abdulkahhoryň ýolbaşçylygynda paýtagt Buhara raýonlarynda leşger toplandy we gyzyl armiýa garşy söweşjeň hereketler alyp baryldy. Şeýle hem, Mulla Abdulkahhoryň ýolbaşçylygynda Buhara, Karmana we Nurata welaýatlarynda onlarça korbaşy toparlary iş alyp bardy. Bir dokumentde ýazylmagyna görä, onuň gol astynda Buharanyň günbatar bölüminde 20 sany korbaşy birleşipdir, olaryň arasynda Hamro Pälwan, Haýit Amin, Ormon Pälwan, Oston Korowulbegi ýaly şofirkonly korbaşylar hem bardy. Olar esasan, Gižduwon, Şafirkon, Wobkent, Romitan raýonlary hem-de Nurata we Karmanada öz işlerini güýçlendirdiler.


Hamro Pälwan derňewde

Mulla Abdulkahhoryň ýigitleri bilen gyzyl esgerleriň ortasynda 1924-nji ýylyň ýazynda we güýzünde Gižduwan raýonynyň Gişti we Kattagamhor

obalarynda, Nurata daglarynda, Şofirkon raýonyna sepleşýän Gyzylgumyň Jilwon gumluklarynda, Bogiafzal we Wardonze obalarynda güýçli çaknyşyklar boldy. Mulla Abdulkahhor korbaşy Gyzylgumda gyzyl esgerlere garşy bolan söweşleriň birinde 1924-nji ýylyň ahyrynda heläk boldy.

Ibrohimbek gol astyndaky Gündogar Buhara çäklerinde özüniň dolandyryş usulyny amala aşyrdy. Ýerlerde täze Buhara hökümeti ýatyrylyp, onuň ornuna emirlik döwründäki dolandyryş usuly eglan edildi. Ibrohimbegi şu ýerdäki ýerli ilat, meselem, lakaýlar gyzgyn goldadylar. Mundan Türküstanda iş alyp barýan merkezi hökümet wekilleri howatyrlanyp başladylar. Şonuň üçin hem Türküstan frontunyň syýasy başgarmasy tarapyndan gurnalan içalylaryň habarlaryndan birinde Ibrohimbegiň işi her taraplaýyn öwrenilýär, ilatyň arasynda onuň abraýynyň artyp barýanlygyndan gorkmaklyk has-da duýulýar we Ibrohimbek bilen başga korbaşy toparlaryň ortasynda dawa çykarmak üçin görkezmeler berilýär. Ibrohimbek korbaşy köp ýyllaryň dowamynda Gündogar Buharada gyzyl armiýa garşy mertlerçe söweşýär.


Anwar Paşa

Buharadaky azatlyk hereketiniň başlyklarynyň ortasynda Türkiýeden gelen generallar – **Anwar** we **Salim Paşa** aýratyn tapawutlanýardy. Anwar Paşa 1921-nji ýylyň oktýabrynda Kawkazdan Buhara şäherine gelenden soň, 9-njy noýabrda Garşynyň golaýyndaky Kilikoliň töwereginde **Mulla Nafis** korbaşy bilen görüşip, ýörite ýüzlenme bilen çykýar hem-de Türküstanlylar we Buharalylaryň sowet režimi we gyzyl armiýa garşy mukaddes göreşine goşulýanlygyny yglan edýär.

Anwar Poşonyň hereketleri bilen Gündogar Buharada birleşen bölümler dikeldildi we ol türk ofiserleri bilen pugtalandy, günbatarça komandirlik usuly yglan edildi. Anwar Poşo 1922-nji ýylyň awgustynda Gündogar Buharanyň Baljuwon töweregindäki Obidara obasynda gyzyl esgerlerge garşy bolan söweşde mertlerçe heläk boldy. Türküstanyň erksöýer şahyry **Çolpon** Anwar Poşonyň hatyrasyna bagyşlap “Baljuwon” marsiýasyny ýazdy.

BHSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň başlygy Usmon Hoja, harby işler inspektory Abdulhamid Oripow hem-de Muhiddin Mahsum Hojaýew, Ali Rizo

Afandi, Suraýýo Afandi, Kulmuhamedow we başga milli başlyk işgärler öz wezipelerini terk edip, garşy topardaky ýaragly hereketiň hatarlaryna geçip gitmegi köp zatdan delalat berýär.

**Özüňizi barlap görüň!**

Anwar Poşo - bu ...
Mulla Abdulkahhor - bu ...
Ibrohimbek - bu ...
Emir Olimhan - bu ...

**Horezmde Jüneýithanyň ýolbaşçylygyndaky hereket we onuň özboluşly aýratynlyklary.** Jüneýithanyň ýolbaşçylygyndaky ýaragly toparlar uzak ýyllaryň dowamynda gyzyl armiýa garşy göreşdi. Onuň goşunlarynyň hatarynda türkmen we özbeklerden daşary gazak we garagalpaklar hem köpçülikdi. Köne Ürgenç, Ýylanly, Daşhowuz, Mangit, Koşkopir, Çimboý, Koňrat we Dörtgülde hereket eden onlarça serdarlaryň toparlary gyzyl esgerlere aýgytly zarba berildi.



Jüneýithan

Jüneýithan taryh sahypalarynda çylşyrymly we dartgynly şahs hökmünde ýazyldy. Onuň işi hem şahsyýeti ýaly ýiti we pajygaly, üstünlikli we gaýgyly geçdi. Ilki Russiýa imperiýasy we Hywa hanlygyna garşy göreşen **Jüneýithan** 1918-nji ýylyň ortalaryndan başlap gyzyl esgerlere garşy garaşsyzlyk üçin söweşe giripdi.

**Pikir ediň!**

Ahmad Zaki Welidiý özüniň “Ýatlamalar” kitabynda Jüneýithany “Russiýa hökümdarlygynyň öňünde boýun egmegi islemedik döwlet gahrymany” hökmünde taryplapdy.

1922-nji ýylyň baharynda Jüneýithan Horezmde öz işini ýene-de güýçlendirdi. Bu wagtda onuň goşunlarynyň sany **15000 sany** ýigitden ybarat bolup, olar bolşewiklere garşy durup bilýän aýgytly güýje aýlanypdy. Meselem, 1922-nji ýylyň aprel aýynda Jüneýithanyň goşunlary **Porsu şäheri** we onuň töwereklerini gyzyl esgerlerden azat etdi. Köne Ürgenjiň golaýyndaky obalarda hem olar aýgytly söweş alyp bardylar.

Merkez Horezmde “basmaçylyk” hereketini tizlik bilen ýok etmek üçin ähli mümkinçiliklerinden peýdalandy. Bu ýagdaý, aýratyn hem, 1923-nji ýyldan

başlap ýene-de güýçlendi. **1923-nji ýylyň 12-nji** ýanwarynda bolan üçünji çagyryş HHSR MIK II sessiýasynda Horezmde 4 ýyldan beýläk dowam edip gelýän “basmaçylyk” hereketine garşy hökümetiň özüniň göreş alyp barmaga ejiz ekenligi açyk aýdylyp, RSFSR (hakykatda SSSR) hökümetinden “tiz harby kömek” soraldy.

Jüneýithan 1924-nji ýylyň 17-nji iýunynda özüniň 20 sany ýoldaşy bilen Owganystandaky Hyrat şäherine ýetip geldi. Çeşmelerde aýdylmagyna görä, ol bu ýerde durup öz goşunlarynyň hataryny doldurmaga taýýarlanypdyr. Aradan köp wagt geçmän, Jüneýithan HHSR çäklerine gaýdyp geldi we azatlyk hereketine ýolbaşçylyk etmegini dowam etdirdi.

**Pikir ediň!**

Okaň we netije çykaryň!

“... Türküstan merweridi bolan Fergana iki ýyldan gowrak wagtdan bäri ganly uruş meýdany ýagdaýyndady... Bu ýerdäki sowet häkimiýeti ilki gurluş döwründe rus we ýerli işçi, daýhan köpçüligini özüne çekmegiň ornuna zähmetkeş halky özünden uzaklaşdyrmak üçin elinden gelen hereketi etdi... Bu ýerde hereket eden gyzyl esger bölümleri, rewolýusiýanyň tarapyny tutýan käbir başlyklar ýerli zähmetkeş halkyň bähbitleri bilen hasaplaşmady, onuň arzyny diňlemedi.

Basmaçylyk hereketi şu esasda emele geldi. Basmaçylar- ýönekeý garakçylar däl. Şunda olary tiz ýok etmek mümkin bolardy”. ***M.Frunze***

**Azatlyk hereketiniň ýeňilmeginiň sebäpleri we göreş usullary.** 1924-nji ýylyň güýzünde Orta Aziýada milli-regional serhetlenme geçirilmegi netijesinde ýaragly göreşiň birinji döwri gutardý. Onuň **ikinji döwri** (1925 – 1935 ý.ý.) bolsa ýene-de 10 ýyl dowam edip, özüniň harakteri we güýçler gatnaşygy taýdan öňki döwre garanda köp tapawut edýärdi. Bu döwürde esasan Gündogar Buhara, Horezm jülgesi we Fergana jülgesiniň käbir çäklerinde söweşler dowam etdi. **1935-nji ýyla** gelip Türküstandaky azatlyk hereketi ýeňlişe sezewar boldy. Diri galan göreşijileriň köpçüligi daşary döwletlere emigrant bolup gaçyp gitmäge mejbur boldy.

Azatlyk hereketiniň iň ejiz tarapy onuň Türküstan sebitinde ýeke-täk merkez astynda doly birleşip bilmänligi, hereketiň başyndan tä soňuna çenli ideologik esas bolup hyzmat edýän ýeke-täk milli maksatnamasynyň döre-

dilmänligi hem-de käbir öňdebaryjy şahslaryň arasyndaky gelişmezçilik we dawalar, käbirleriniň dar dünýägaraýşy we başgalar sebäpli hereket ýeňlişe sezewar boldy. Käbir korbaşylar (Holhoja Eşon, Gulomalihan Bahodir we b.) herekete diňe özleri ýolbaşçylyk etmekligi oýlap, ýeke-täk komandirlige boýun egmedi. Şeýle hem, azatlyk hereketine baglanyşygy bolmadyk käbir jenaýatçylar talaňçylyk we basgynçylyk bilen meşgullanyp, birnäçe günäsiz adamlary öldürdi. Mundan gyzyl armiýanyň komandirligi we bolşewikler ussatlyk bilen peýdalandylar. Olar ýörite gizlin we içalylaryň, dürli satgynlaryň kömeginde hereketiň içindäki agzybirligi dargatmak, käbir toparlaryň başlyklarynyň ortasyndaky özara dawalaryny ýene-de öjükdirmeklige hereket etdiler. Ahyrynda, sowet häkimiýeti birnäçe reformalar geçirmek, meselem, täze ykdysady syýasaty yglan etmek we halk tälimi ugrundaky özgerişleri amala aşyryp, halk üçin az bolsa-da ýeňillik döredenden soň we dürli-dürli wagyz etme işleri netijesinde ýaragly herekete gatnaşyjylary zähmetkeşleriň goldawagyndan gaýtaryp aldy.

Netijede, azatlyk tarapdarlary babalarymyz öz göreşleri bilen Türküstan serhetlerindäki ähli halklaryň milli azatlyk hereketiniň taryhyna aýdyň we şanly sahypalar ýazyp, Özbegistan Respublikasynyň bu günki garaşsyzlyk we azatlyk gazanmagynda örän uly hyzmat etmekdi. Ata-babalarymyzyň erk we azatlyk üçin döken ganlary biderek gitmedi.

**Ýatda saklaň!**

Günbatar Buhara çäklerinde Mulla Abdulkahhor, Gündogar Buhara çäklerinde Ibrohimbek we Döwletmandbek ýaly korbaşylar herekete ýolbaşçylyk etdi. Buharadaky azatlyk hereketiniň ýolbaşçylarynyň ortasynda Türkiýeden gelen generallar - Anwar we Salim Paşalar hereket etdi.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Näme sebäpden BHSR hökümetiniň agzalarynyň käbirleri korbaşylaryň tarapyna geçip gitdiler?
2. Buhara we Horezmde gyzyl armiýa garşy azatlyk hereketiniň başlanmagyna nämeler sebäp boldy?
3. Azatlyk hereketiniň wekilleriniň taglymlarynyň ortasynda nähili tapawutlar ýa-

da meňzeşlikler boldy?

4. Azatlyk hereketiniň ýeňlişe sezewar bolmagy bilen bagly bolan faktorlary sanap beriň.

5. Jedweli dolduryň. Azatlyk tarapdarlarynyň hereketiniň korbaşylarynyň işine degişli maglumatlary toplaň.

| Işi | Molla Abdulkahhor | Ibrohimbek | Anwar Poşo | Jüneýithan |
|---|---|---|---|---|
| Ýyllary | | | | |
| Çäkleri | | | | |
| Netijesi | | | | |

6. Fergana, Buhara we Horezmdäki sowet häkimiýetine garşy hereketiniň umumy taraplary we özboluşly taraplaryny jedwel esasynda deňeşdiriň.

| Meňzeş taraplary | Tapawutlanýan özboluşlylygy |
|---|---|
| | |

## § 9. Orta Aziýa respublikalarynda geçirilen milli-sebitleýin serhetlenme we onuň netijeleri

### Türküstan - sebit halklarynyň ýeke-täk mekany we umumy Watany.

Türküstan sebiti öňden türki halklaryň ýeke-täk mesgeni we umumy Watany bolan. 1918-1924-nji ýyllarda bar bolan Türküstan ASSR,BHSR, HHSR-nyň ýerli halklary asyrlar dowamynda durmuş şekili we däp-dessurlary taýdan biri-birlerine örän ýakyn bolupdyr. Türküstandaky dürli döwletleriň her birinde türki halklar: özbekler, türkmenler, garagalpaklar, gazaklar, gyrgyzlar, şeýle hem, täjik halklarynyň öňden bile ýaşanlygy taryhy bolan hadysady. Türküstan

**Pikir ediň!**
7-nji synp “Özbegistanyň taryhy” dersliginden ülkämiziň haçandan başlap “Türküstan” ady bilen atlandyrylyp başlananlygyny tapyň. Ülkämiziň çäkleriniň beýle atlandyrylmagy boýunça nähili faktorlar bar?

sebitiniň halklary şu topragy, Turan zeminini gadymdan özleriniň asyl Watany diýip bilipdirler.



Orta Aziýa respublikalary milli-sebitleýin serhetlenmäge çenli

Hökümdar sowet režimi we bolşewikler üçin bolsa Türküstan ülkesini bölüp taşlap, ony dolandyrmak amatlydy. Meselem, bu hadysa Türküstandaky azatlyk hereketi 1924-nji ýylda, esasan,ýeňlişe sezewar bolandan soň özüniň soňky basgyjyna gadam goýdy. 1924-nji ýylyň fewral-iýun aýlarynda SSSR-däki merkezi organlar, Türküstan, Buhara, Horezm kommunistik partiýalary we RKP(b) MK Orta Aziýa býurosy milli serhetlenme meseleleri boýunça güýçli iş alyp bardylar. Türküstan we Buhara Kompartiýalary Merkezi Komitetleriniň ýanynda ýörite, soňra, regional we başga aýratyn komissiýalar düzüldi.

**Milli kommunistler we Merkeziň wekilleriniň ortasynda dürli pikirleriň çaknyşygy.** Turkkomissiýa we **Ý.Rudzutak** tezislerine gapma-garşy Turor Riskulowyň ýolbaşçylygyndaky bir topar milli kommunistler 1920-nji ýylda türki halklar ýeke-täk bolup, olaryň taryhy kökleri, dinleri, däp-dessurlary we medeniýeti uýgunlaşýandyr, ýeke-täk Türküstany aýratyn bölümlere bölüp bolmaýar, diýen taglymy öňe sürüpdiler. Emma Merkez kommunistleri bu pikiri inkär edip, ony "panturkizm", "panislomizm", "buržua milletçiligi we saga agdyklyk etmegi" diýip nädogry bahalapdylar.

**Pikir ediň!**
9-njy synp Dünýä taryhy dersligindäki maglumatlara esaslanyp, “panturkizm”, “panislomizm”, “buržua milletçiligi” ýaly düşünjelere düşündiriş beriň. Olaryň ülkämiziň taryhyna nähili baglanyşygy bar?

Hywa hanlygy we Buhara emirligi agdaryp taşlanyp, olaryň ýerine “garaşsyz respublikalar” döredilmegi bu meselede bolşewikleri ýene-de 4 ýyl garaşmaga alyp geldi. Netijede , sowet häkimiýeti ýolbaşçylary **1924-nji** ýylyň başlaryndan başlap bu meseläni çözmeklige çynlakaý girişdi.

Sowet häkimiýetiniň serhetlenmek syýasatyna ilki bilen Türküstan ASSR, BHSR we HHSR ýolbaşçylary garşy boldular. 1924-nji ýylyň fewralynda Buhara Kompartiýasy serhetlenme meselesi boýunça **Faýzulla Hojaýew** tarapyndan ýazylan tezisleri kabul etdi. Onda RKP(b) MK Orta Aziýa býurosynyň bu ugurdaky göz garaşlary ýalňyş ekenligi tankyt edildi. 1920-nji ýylyň 10-njy martynda bolan Türküstan ASSR MIK we Türküstan Kompartiýasynyň birleşen geňeşinde **Sultonbek Hojanow, Sanjar Asfandiýorow, N.Paskutskiý** ýaly tanymal partiýa işgärleri Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Orta Aziýa federasiýasyny düzmek teklipi bilen çykdylar. Şonuň bilen birlikde **S.Hojanow** Türküstan ýeke-täk we bütin, onuň bitewiligini bozmak maksada laýyk däl, diýip aýtdy. Mundan daşary, 1923-nji ýylyň dekabrynda Fergana jülgesiniň wekilleri RSFSR düzüminde **Fergana awtonom welaýatyny** döretmek dogrusyndaky teklip bilen çykypdylar. Netijede, çekişmeler gitdigiçe güýçlendi.

HHSR ýolbaşçylarynda hem aýratyn garaýyşlar peýda boldy. 1924-nji ýylyň 8-nji maýynda bir topar Horezm ýolbaşçylary RKP(b) MK-a “Horezmde milli meseläni çözmek dogrusynda hat” goýberip, onda Horezmi serhetlendirmäge goşmazlygy haýyş etdiler. Olar özleriniň şu garaýyşlaryny respublikanyň uzakda ýerleşenligi, ykdysady taýdan bölünip duranlygy bilen esasladylar. Bu garaýşy goldan Horezm Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň jogapkär sekretary **Kalandar Odinaýew** 1924-nji ýylyň iýulynda öz wezipesinden alyp taşlandy. HHSR çäkleri ilki serhetlenmäge çekilmedi, emma **1924-nji ýylyň 26-njy iýulynda** Horezm Kompartiýasynyň täze başlyklary respublikanyň serhetlenmegine öz razylyklaryny bildirdiler.

**Özüňizi barlap görüň!**
Ý. Rudzutak - bu ...        K. Odinaýew - bu
T. Riskulow - ... S.Hojanow - bu ...

**Merkez tarapyndan milli respublikalar we welaýatlaryň düzülmegine görkezme berilmegi hem-de onuň syýasy taýdan esaslanmagy. 1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda I.W.Staliniň** teklipi bilen RKP(b) MK Syýasy býurosynyň “Orta Aziýa respublikalaryny milli-regional serhetlemek dogrusynda” ýörite karary kabul edildi. Bu karar bilen şu hadysa özüniň soňky basgançagyna çykdy. 15-nji iýulda RKP(b) MK Orta Aziýa býurosy täze döredilen milli respublikalar we oblastlaryň Wagtlaýyn býurosyny döretdi. Özbekler býurosynyň düzümine Faýzulla Hojaýew, Rustam Yslamow, Akmal Ikramow, Kori Ýoldoş Polatow, Muhtorjon Saidjonow, Kalugin agza hökmünde, Inoýatow kandidatura hökmünde girizildi. Şeýle hem, RKP(b) MK Orta Aziýa býurosy döreden regional komissiýada, onuň milli kiçi komissiýalarynda dawaly meseleleri çözmek üçin düzülen ýörite komissiýalar hem iş alyp bardy. Regional komissiýanyň düzümine F. Hojaýew, A. Rahimboýew, S. Hojanow, K. Otaboýew, R. Yslamow, N. Aýtokow, Ý. Abdurahmonow, I. Aýdarbekow, I. Wereýkis, D. Manjara, I. Mejlauk, H. Sahat-Muratow we başga syýasy işgärler girizildi.

Milli respublikalary düzmek zerurlygy taglymynyň inisiatorlary öz pikirlerini Türküstandaky ýerli halklaryn durmuşynda deňsizligiň barlygy we milli dawalaryň güýçlenip barýanlygy bilen esasladylar. Olar bu dawalardan gutulmak ýoly türkmenler, gyrgyzlar we başgalaryň milli döwletini (aslynda, milli respublikasyny) düzmek diýip yglan etdiler, amalda bolsa bu çäreler regionda ýaşaýan halklary biri-birinden bölüp goýmakdan başga zat däldi.

**Ýatda saklaň!**
Çäkleri gaýtadan belgilemek we serhetlenme tarapdarlary dil tapawutlaryna, milli tapawutlara ünsüni köpkär garadyp, hojalyga degişli ykdysady faktorlary, bar bolan suw resurslary we suwaryş sistemalarynyň umumylygyna kem üns berdiler.

Netijede, syýasy taraplara aýratyn üns beridi. Şeýle hem, Türküstan ASSR syýasy ýolbaşçylarynyň arasyndaky ýewropalylar bilen ýerli halklaryň wekilleriniň arasyndaky gapma-garşylyklar, käbir gazak we täjik kommu-

nistlerini hem-de başgalaryň toparlanmagyny mehaniki görnüşde Türküstan halklarynyň ortasyndaky aragatnaşyklara göçürdiler. RKP(b) MK Baş sekretary **I.W. Stalin,** RKP(b) MK Orta Aziýa býurosynyň başlygy **Ý.Rudzutak** we başgalar Orta Aziýada milli dawalar nygtamakdan ýadamadylar. Netijede , milli mesele Merkez tarapyndan emeli görnüşde çişirip goýberildi we bu ýagdaý täze düzülen milli respublikalaryň we welaýatlaryň çäklerini düýpden gaýtadan belgilemek üçin esasy delil hökmünde öňe sürüldi.

**1924-nji ýylyň güýzünde Orta Aziýada geçirilen milli-regional serhetlenme we onuň netijeleri. 1924-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda** bolan Türküstan ASSR MIK-yň adatdan daşary sessiýasynda Orta Aziýada milli-regional serhetlenmegi geçirmek dogrusynda karar kabul edildi.

Edil şeýle mazmundaky kararlar 20-nji sentýabrda Bütin Buhara halk wekilleriniň V gurultaýynda we 29-njy oktýabrda Bütin Horezm halk wekilleriniň V gurultaýynda hem kabul edildi. 20-nji sentýabr güni BHSR hökümetiniň başlygy Faýzulla Hojaýew Bütin Buhara halk wekilleriniň V gurultaýynda "Orta Aziýanyň milli döwlet serhetlenmesi dogrusynda" doklad okady.

Şu kararlarda özbek we türkmen halklaryna Özbegistan SSR we Türkmenistan SSR düzmek hukugy, Türküstan ASSR-yň gyrgyz (aslynda gazak) welaýatlaryny 1920-nji ýylda döredilen Gyrgyzystan ASSR (aslynda Gazagystan ASSR) bilen birleşdirmek maksadynda gyrgyz (aslynda gazak) halkyna Türküstan ASSR-dan çymak hukugy, garagyrgyz (aslynda gyrgyz) halkyna Türküstan ASSR-dan çykmak hukugy we Garagyrgyz (aslynda gyrgyz) awtonom welaýatlaryny döretmek hukugy, täjik halkyna hem Türküstan ASSR-dan çykyp, Täjigistan awtonom welaýatyny döretmek hukugyny bermek gerekligi nygtaldy.

RSFSR (BütinRussiýa) Merkezi Ispolnitel Komitetiniň **1924-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda** bolan II sessiýasynda Türküstan ASSR MIK-yň milli-regional serhetlenmesi dogrusyndaky karary käbir düzedişler bilen kabul edildi. Sessiýanyň karary bilen Orta Aziýadaky Türküstan ASSR, Buhara we Horezm respublikalarynyň ornunda Özbegistan SSR (ÖzSSR) we Türkmenistan SSR, şeýle hem, Täjigistan ASSR (ÖzSSR düzüminde), Garagalpak we Garagyrgyz

(aslynda Gyrgyz) awtonom welaýatlaryny düzmek gerekdi.



F. Hojaýew çykyş edýär

Ahyrynda, 1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Moskwada bolan Bütin soýuz (SSSR) Merkezi Ispolnitel Komitetiniň III sessiýasynda Türküstan ASSR MIK adatdan daşary sessiýasy Bütin Buhara we Bütin Horezm halk wekilleriniň V gurultaýlary kararlary esasynda Orta Aziýada milli respublikalar düzmek dogrusynda ýörite karar kabul edildi. Sessiýada BSSR Inspektorlar Şurosynyň başlygy Faýzulla Hojaýew Orta Aziýada milli-regional serhetlenmäniň geçirilmegi dogrusynda çykyş etdi. 1924-nji ýylyň sentýabr - oktýabr aýlarynda Orta Aziýada geçirilen milli-regional serhetlenmesi Orta Aziýa respublikalary, RSFSR we SSSR-yň ýokary organlary tarapyndan kanuny güýje girdi.

**Ýatda saklaň!**

Orta Aziýa çäklerindäki Türküstan ASSR, Buhara we Horezm respublikalaynyň ornunda alty sany milli döwlet birleşmeleri döredi.
* Özbegistan SSR;
* Türkmenistan SSR;
* Özbegistan SSR düzüminde Täjigistan ASSR (1929-nji ýyla çenli);
* RSFSR düzüminde Garagyrgyz (Gyrgyzystan) awtonom welaýaty;
* RSFSRdüzümindeGazagystanASSR;
* Gazagystan ASSR-yň düzüminde Garagalpak awtonom welaýaty. Soňra Garagalpagystan ASSR, 1936-njy ýyldan ÖzSSR-yň düzümine girdi.

Bu döwürde Türküstan, Buhara we Horezm respublikalarynda amaly iş başlap goýberildi. Komissiýalar we kiçi komissiýalar gelejekdäki gurluşynyň çäk we serhetleri dogrusyndaky meseläni işläp çykdylar. Dolandyryş apparatlary düzülip, meýilnamalar, ykdysadyýet, býudjet, ýer-suw problemalary, magaryf we saglygy saklamak ugurlaryny döretmek meseleleri we başgalar çözüldi. Syýasy düşündiriş işleri alyp baryldy. Materiallar metbugatda yglan edilip miting we ýygnaklar geçirildi. Partiýa we sowet organlarynyň buýrugy bilen Orta Aziýada milli-regional serhetlenme geçirilmegini makullap kararlar kabul edildi.

Şu zady aýratyn belläp geçmek gerek, ýagny milli-regional serhetlenme hadysasynda köp syýasy ýalňyşlyklara ýol goýuldy. Meselem , özbek halkynyň peýdalaryna uly zyýan ýetirildi. Öňden özbekler ýaşap gelýän çäkleriň uly bölegi Merkeziň buýrugy bilen goňşy soýuzdaş we awtonom respublikalar hem-de welaýatlara berildi.

Özbegistan SSR Wagtlaýyn rewolýusion komiteti (Merkezi rewkom)-yň işi. 1924-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda tanymal döwlet işgäri Faýzulla Hojaýewiň ýolbaşçylygynda Özbegistan SSR Wagtlaýyn rewolýusion komiteti (Merkezi rewkom) döredildi. Onuň düzümine Porso Hojaýew, Rustam Yslamow, Abdulla Rahimboýew, Döwlet Rizaýew, Sulton Kori, Wladimir Iwanow, Inomjon Hidiraliýew, Muhtorjon Saidjonow, Kori Ýoldoş Polatow we başgalar girizildi.

1924-nji ýylyň 18-nji noýabrynda Türküstan ASSR, Buhara SSR we Horezm SSR MIK-leri ýörite goşma karar kabul etdiler we şu karara görä öz hukuklaryny Özbegistan SSR Sowetleriniň Guramaçylyk gurultaýyna çenli iş görýän Özbegistan SSR Wagtlaýyn rewolýusion komitetine tabşyrdylar. Bu komitet Özbegistan SSR düzülişini dolandyryp durdy.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. HHSR wekilleri öz çäklerini milli-regional serhetlenmäge goşmak gerek däldigini nämeler bilen esaslapdy?
2. Milli respublikalary düzmek zerurlygy taglymynyň başynybaşlaýjylary öz pikirlerini nähili esaslandyrdylar?
3. Sowetleriň Orta Aziýada milli-regional serhetlenmäni geçirmekden esasy maksady nämedi?
4. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ortalaryna gelip Orta Aziýanyň syýasy kartasynda nähili özgerişler bolup geçdi?
5. Türküstan ASSR, BHSR, HHSR-laryň milliregional serhetlenme gatnaşyklaryny tablisa esasynda dolduryň.

| Türküstan ASSR | BHSR | HHSR |
|---|---|---|
| | | |

6. Türküstan ASSR, Buhara we Horezm respublikalarynyň ýerinde nähili respublikalar we welaýatlar döredildi?

# IKINJI BAP. SOWET HÄKIMIÝETINIŇ ÖZBEGISTANDA ALYP BARAN SYÝASATY (1925 - 1939-njy ý.ý.)

## § 10. Özbegistan SSR-niň döredilmegi



Ýoldaş Ahunbabaýew

**Özbegistan SSR-yň düzülişi, onuň çäkleri we ilaty.** 1925-nji ýylyň 13-nji fewralynda Buharada ýörite gurlan halk öýünde Bütin özbek (Özbegistan SSR) Sowetleriniň I Guramaçylyk gurultaýy açyldy. Gurultaýyň işinde Moskwadan ýörite gelen Bütin soýuz (SSSR) Merkezi Ispolnitel Komitetiniň başlygy **Mihail Kalinin** gatnaşdy we çykyş etdi. Gurultaý gatnaşyjylary tarapyndan 17-nji fewralda "Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasyny döretmek dogrusynda Deklarasiýa" kabul edildi. Deklarasiýada täze döredilen Özbegistan SSR düzümine Daşkent, Samarkant, Fergana, Kaşkaderýa, Zerewşan (Buhara), Surhanderýa, Horezm welaýatlary we Täjigistan ASSR girýänligini aýratyn nygtap geçdi. Gurultaýda respublikanyň ýokary organlary: Özbegistan SSR Merkezi Ispolnitel Komiteti (ÖzSSR MIK) we Özbegistan SSR halk Komissarlary Soweti (ÖzSSR HKS) düzüldi. Tanymal döwlet işgäri **Faýzulla Hojaýew** Özbegistan SSR halk Komissarlary Sowetiniň başlygy, "Koşçy" birleşmesiniň aktiwi **Ýoldaş Ahunbabaýew** Özbegistan SSR Merkezi Ispolnitel Komiteti başlygy wezipelerine saýlandy.

Bu wagtda Özbegistan SSR-iň çäkleri **312 394 km$^2$**, ilaty **3 963 285** sany adam bolupdy (oňa Täjigistan ASSR we Garagalpagystan awtonom welaýatynyň çäkleri we ilaty girmeýär). 1924-nji ýylyň ahyrynda Orta Aziýa respublikalarynda hemmesi bolup **8 131 062** sany adam ýaşaýan bolup, olaryň ýarymy diýen ýaly Özbegistanda ýaşaýardy.

Gurultaýda respublikanyň ýokary organlary: Özbegistan SSR Merkezi Ispolnitel Komiteti (ÖzSSR MIK) we Özbegistan SSR halk Komissarlary Soweti

**Pikir ediň!**

Haýsy ölçegler esasynda şol serhetler Özbegistan SSR çäklerine girizilen?

Türküstan ASSR-dan 9 sany uýezd, 133 sany raýon we 7 sany oba okrugy; Buhara respublikasynyň 9 sany welaýaty; Horezm respublikasynyň 23 sany raýony.




Milli - regional serhetlenmeden soň Orta Aziýa respublikalary



Özbegistan hökümetiniň Samarkantdan Daşkente göçürilmegi

(ÖzSSR HKS) düzüldi. Soňra bu mukdar hemişelik görnüşde üýtgäp durdy.

Özbegistan SSR döredilen wagtda gysga möhlet (1925-nji ýylyň fewral - aprel) dowamynda **Buhara** şäheri paýtagt boldy.

Soňra 1925-nji ýylyň aprelinden 1930-njy ýylyň sentýabryna çenli **Samarkant** şäheri Özbegistan SSR paýtagty hasaplanypdyr. Bu wagtda Dakentde Merkeziň täze düzülen Orta Aziýa respublikalaryny

gözegçilik etmäge niýetlenen dürli guramalary (WKP(b) MK Orta Aziýa býurosy, Orta Aziýa Ykdysady Geňeşi, Türküstan fronty, Orta Aziýa harby okrugy we b.) ýerleşdirilipdi. Samarkant respublikanyň merkezinde ýerleşen bolup, bu ýagdaý täze döredilen Özbegistan SSR çäkleriniň ähli bölümlerini amalda bir bütin edip birleşdirmäge hem-de sowet guramalarynyň işini aktiwleşdirmäge kömek berdi. Ýerli häkimiýet organlary pugtalanyp, olaryň merkezi hökümet edaralary bilen aragatnaşyklary güýçlenenden soň Özbegistanyň paýtagty 1930-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda respublikanyň iň möhüm ykdysady, syýasy we medeni merkezi bolan **Daşkent** şäherine göçürildi. Özbegistan SSR hökümetiniň başlygy Faýzulla Hojaýew bir gijede paýtagty Samarkantdan Daşkente göçürilip getirilipdi.

**Ýatda saklaň!**
Özbegistan SSR-yň paýtagtlary - Buhara - Samarkant - Daşkent.

Ozbegistan SSR-da 1925-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda ilkinji gezek administratiw-regional bölüniş geçirildi. Ilkinji **7 sany welaýat** (Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Fergana, Surhanderýa, Kaşkaderýa, Horezm), aýratyn hem **Konimeh** raýony döredildi. Bu wagtda ÖzSSR-yň düzüminde 23 sany uýezd we 241 sany wolost bardy.

**Pikir ediň!**
9-njy synpda alan bilimleriňize esaslanyp, uýezd we wolost düşünjelerini düşündirip beriň.

1926-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda Özbegistan SSR Sowetleri Merkezi Ispolnitel Komiteti V sessiýasynda raýonlaşdyrmak dogrusynda karary kabul edildi. Oňa görä Özbegistan SSR-da bar bolan **7 sany welaýat**, 23 sany uýezd, 241 sany wolost we 1163 sany oba jemgyýetiniň ornuna täze administratiw bölünme geçirilip, **10 sany okrug** (Horezm, Buhara, orta Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Hojand, Kokant, Andijan, Surhanderýa, Kaşkaderýa), aýratyn gazak-garagalpak Konimeh raýony, 87 sany raýon we 1720 sany oba şurosi düzüldi.

**Özbegistan Kommunistik partiýasynyň döredilmegi.** ÖzSSR düzülmeginiň öňüsyrasynda, 1925-nji ýylyň 6-12-nji fewralynda köne Buhara şäherinde Özbegistan Kommunistik partiýasynyň I Guramaçylyk sýezdi hem

bolup geçdi. Sýezdiň işinde SSSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň başlygy M.I.Kalinin gatnaşdy we çykyş etdi.

Sýezdde Özbegistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasy Guramaçylyk taýdan resmileşdirildi. Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komiteti jogapkär sekretarlary edip **Wladimir Iwanow** we **Akmal Ikromow** saýlandy. Özbegistan Kompartiýasy aslynda Sowet Soýuzy Kommunistik partiýasy (KPSS)-nyň Özbegistan SSR-daky filialy hasaplanýardy. Sowet häkimiýeti ýyllarynda respublikanyň syýasy durmuşynda Özbegistan Kommunistik partiýasy öňdebaryjy rol oýnady. Özbek halkynyň taryhynda XX asyrda bolup geçen ençeme pajygaly wakalar kommunistik partiýanyň işi bilen baglydyr. Özbegistan partiýa guramasy respublika we özbek halkynyň peýdalaryny hasaba almazdan Moskwada işläp çykylan kararlary ýerine ýetirdiler.

**Özbegistan SSR- Sowet Soýuzynyň düzümindäki milli soýuzdaş respublika.** Özbegistan SSR Bütin soýuz Sowetleriniň III sýezdinde 1925-nji ýylyň 13-nji maý güni SSSR –yň düzümine kabul edildi. SSSR 1922-nji ýylyň 30-njy dekabrynda 4 sany soýuzdaş sowet respublikasy (RSFSR, Ukraina, Belorussiýa, ZSFSR - Kawkazaňyrsy) esasynda döredildi. 1927-nji ýylyň 30-njy martynda ÖzSSR Sowetleriniň II sýezdinde Özbegistan SSR-niň **birinji Konstitusiýasy** kabul edildi.

Özbegistan SSR döredilenden soň respublika döwlet dolandyryş organlary Soýuz organlarynyň düzüminde we olardan nusga almak bilen düzüldi. Bu soýuzdaş respublikalaryň Merkezden durup dolandyrmagyň iň aňsat we ýönekeý, şonuň bilen birlikde pugta görnüşidi.

Bütin Soýuzda bolşy ýaly Özbegistanda hem zähmetkeşleriň iň köpçülikleýin guramasy profsoýuz guramalary hem partiýa komitetlerine doly bakna bolup galdy. 1925-nji ýylyň 21-nji martynda bolan Özbegistan profsoýuz guramalarynyň I Guramaçylyk sýezdinde oňa esas salyndy. Özbegistan profsoýuz guramalary respublika soweti (Uzsowprof) Bütin soýuz Profsoýuz guramalary Merkezi Soweti (WSSPS) ýolbaşçylygynda iş alyp bardy.

Sowet häkimiýeti ýaş nesli kommunistik ruhda terbiýelemäge yzygiderli üns berdi. Bu işler bilen Bütin soýuz leninçi kommunistik ýaşlar soýuzy

(WLKSM)-yň Özbegistandaky organy – **Özbegistan leninçi kommunistik ýaşlar soýuzy** (ÖzLKSM) meşgullandy. Özbegistan komsomolyna **Samarkant şäherinde** 1925-nji ýylyň aprelinde bolup geçen Guramaçylyk gurultaýynda esas salyndy.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan SSR-de 1925-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda ilkinji gezek administratiw-regional bölüniş geçirilip, 7 sany welaýat (Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Fergana, Surhanderýa, Kaşkaderýa, Horezm) we aýratyn Konimeh raýony döredildi. 1926-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda 10 sany okrug (Horezm, Buhara, orta Zerewşan, Samarkant, Daşkent, Hojand, Kokant, Andijan, Surhanderýa, Kaşkaderýa) we aýratyn Konimeh raýony düzüldi.

Özbegistandaky daýhanlary ideologik taýdan birleşdirip duran guramalardan biri “Koşçy” soýuzy boldy. Ol **1920 - 1933**-nji ýyllarda iş alyp bardy. 1925-nji ýylda 200 000 sany adamy özüne birleşdiren bu soýuz hem ýuwaş-ýuwaşdan bolşewikleriň obadaky zorluk syýasatynyň esasy daýanjyna aýlandyryldy.

**Özbegistan SSR-yň düzüminde Täjigistan ASSR-yň döredilmegi.** 1926-njy ýylyň 1 - 12-nji dekabrynda Duşanbede bolup geçen Täjigistan ASSR Sowetleriniň I Guramaçylyk sýezdinde Özbegistan SSR düzüminde Täjigistan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy (Täjigistan ASSR) düzülenligi hakynda deklarasiýa kabul edildi. Bu wagtda Täjigistan ASSR-yň çäkleri **135 620 km$^2$**, ilaty 739 503 sany adamdy.

1929-njy ýylyň 16-njy oktýabrynda Täjigistan ASSR-yň ýerine Täjigistan SSR döredildi we ol Özbegistan SSR-yň düzüminden çykdy. Merkeziň buýrugy bilen özbekleriň gadymky ýurdy bolan Özbegistan SSR-yň Hojand okrugy Täjigistan SSR-na berildi.

**Garagalpak awtonom welaýatynyň düzülmegi we Garagalpagystan ASSR-yň Özbegistan SSR-yň düzümine girizilmegi.** 1925-nji ýylyň 12 – 19-njy fewralynda Dörtgülde daýhan, batrak we gyzyl esger deputatlarynyň

**Özüňizi barlap görüň!**

Özbegistan profsoýuz guramalary - bu ... Akmal Ikromow - bu ...
Özbegistan komsomoly - bu ... Respublikalar paýtagtlary - bu **...**

gatnaşmagynda Garagalpak awtonom welaýaty Sowetleriniň I Guramaçylyk sýezdi bolup geçdi. Sýezdde Garagalpak awtonom welaýatynyň düzülenligi we onuň Gazagystan ASSR-yň düzümine girmegi kanun ýoly bilen pugtalandy.

Garagalpagystan **1925 - 1932-nji** ýyllarda Gazagystan, **1932 - 1936-njy** ýyllarda RSFSR-yň düzüminde boldy. **1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda** Garagalpagystan ASSR-yň çäkleri Özbegistan SSR-yň düzümine girizildi. Bu günki günde garagalpak halky Özbegistan Respublikasynyň düzümindäki suweren Garagalpagystan Respublikasynda ýaşap, dikeldijilik işleri bilen meşgullanýarlar.

***Adalgalara düşündiriş!***

"Koşçy" - Koş haýdaýan adam, daýhan. "Koşçy" daýhanlary ideologik taýdan birleşdirip duran soýuz bolanlygy üçin şeýle atlandyrylan.

WKP (b) - Bütin soýuz kommunistler (bolşewikler) partiýasy. KPSS (Sowet Soýuzynyň kommunistik partiýasy)nyň 1925 - 1952-nji ýyllardaky ady.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. "Özbegistan Sowet Sotsialistik Respublikasyny döretmek dogrusynda Deklarasiýa" laýyklykda döredilen Özbegistan SSR-yň çäkleri haýsylardy?
2. Özbegistan SSR-yň paýtagty näme sebäpden ilki Samarkanta göçürilip, ondan soň Daşkente göçürildi?
3. Özbegistan Kommunistik partiýasynyň esasy wezipeleri nämelerden ybaratdy?
4. Bütin soýuzyň profsoýuz we komsomol ýaşlar guramalary näme maksatda döredildi?
5. Özbegistan SSR we onuň düzüminde bolan Täjigistan ASSR we Garagalpagystan awtonom welaýatlary boýunça maglumat toplaň.

| | **Özbegistan SSR** | **Täjigistan ASSR** | **Garagalpagystan awtonom wel** |
|---|---|---|---|
| Döredilen senesi | | | |
| Paýtagty | | | |
| Administratiw düzülişi | | | |
| Ilaty | | | |

6. Milli-regional serhetlenmeden soň Orta Aziýa respublikalarynyň kartasyndaky Özbegistan SSR-iň çäklerini häzirki Özbegistan kartasy bilen deňeşdiriň. Bir meňzeş we tapawutly taraplaryny iki sütünde deňeşdiriň.

| Özbegistan SSR | Özbegistan Respublikasy |
|---|---|
| | |

## § 11. Özbegistanda oba hojalygyny kollektiwleşdirmek syýasaty hem-de kulaklaryň sürgün edilmegi

**Özbegistanda ýer-suw reformasynyň ikinji basgançagy.** Orta Aziýada milli-regional serhetlenme geçirilenden soň 1925 - 1929-njy ýyllarda ýer-suw reformasynyň ikinji basgyjy amalga aşyryldy. Reformanyň ikinji basgyjy birinjisinden tapawutlylykda iri ýer eýelerini (resmi dokumentlerde "kulaklar" – "muştumzorlar" diýip bellenen) bütinleý çäklendirmek we olary synp hökmünde ýatyrmak meselesini goýdy. "Agrar rewolýusiýa"nyň strategiýa we taktikasy Özbegistan Kompartiýasynyň II sýezdi (1925-nji ýylyň noýabry) da tassyklandy. Bu basgançak Özbegistan SSR MIK-yň 1925-nji ýylyň 2-nji dekabryndaky "Suw we suwy nasionalizasiýa etmek dogrusynda" we "ýer-suw reformasy dogrusynda"ky dekretleri bilen başlandy.

Bu reforma Özbegistanda ýerlerdäki şert we taýýarlyk derejesine görä üç basgançakda geçirildi.

| ***Basgyjy*** | **Birinji basgançak** | **Ikinji basgançak** | **Üçünji basgançak** |
|---|---|---|---|
| ***Çäkleri*** | Fergana, Daşkent, Samarkant welaýatlary | Zerewşan welaýaty (Buhara we orta Zerewşan okruglary) | Kaşkaderýa, Surhanderýa, Horezm okruglary |
| ***Döwri*** | 1925-1926-njy ýyllar | 1927-nji ýyl | 1928-1929-njy ýyllar |

Ýer-suw reformasyny geçirmek dogrusyndaky dekrete görä esasan Fergana welaýatynda 40 desýatina, Daşkent we Samarkant welaýatlarynda 50 desýatina we ondan artyk suwarymly ýerleri bar iri ýer eýeleriniň hojalyklary bütinleý ýatyrylmagy, olaryň ýerleriniň döwlet ýer fonduna geçirilmegi we daýhanlara bölüp berilmegi göz öňünde tutulypdy. Ýer bilen birlikde ähli işçi haýwanlary (öküz, at we b.), daýhançylyk enjamlary hem konfiskasiýa edildi.

Çorikor, gul, ýetim ýaly garyp daýhan gatlaklary esasan baý hojalyklaryň ýerlerini kärendesine alyp, onda işläpdir we gün-güzeranyny geçiripdir. «Kulak» hojalyklary adatda ýeri özleri ideg edipdir we artykmaç ýerlerini kärendeçilere beripdirler.

**Ýatda saklaň! K|**
Özbegistanda baý hojalyklar aşakdaky iki taýpa bölünipdir: 1) 40-50 desýatina we ondan artyk suwarymly ýeri bar baý hojalyklar; 2) 10 - 40 desýatina çenli ýeri bar gurply daýhan hojalyklary. Soňra olara “kulaklar” diýip at beripdirler.

**1925-1929-njy ýyllarda** geçirilen reformalar netijesinde ähli welaýatlarda 5000-e golaý baý hojalyklar ýatyryldy, 23 000-den gowrak gurply hojalyklaryň «artykmaç» ýerleri dartyp alyndy. Her bir baý we gurply hojalyk üçin **7-10 desýatina** çenli bolan ýer onuň özüne galdyrylmagy mümkindi. Emma gurply daýhan hojalyklary hakyky daýhanlar bolup, olar ýerden önümli peýdalanan we önümçiligi giňeltmäge hereket eden. Olar ussat we başarjaň adamlardy.

**Pikir ediň!**
Siz näme diýip pikir edýärsiňiz, näme üçin ýer-suw reformalary we “kulaklaşdydyrmak” syýasaty diňe 20-nji ýyllarda başlandy?

**Kollektiwkeşdirmegiň mejbury görnüşde amala aşyrylmagy hem-de kolhoz we sowhozlaryň döredilmegi.** Täze ykdysady syýasat sebäpli öz hojalygyny dikläp alan hojalyklaryň kulak edilmegi netijesinde 1929-njy ýylda sowet jemgyýetinde bazar gatnaşyklary şerti ýatyryldy. 1930-njy ýylyň 17-nji fewralynda Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň «Kollektiwleşdirmek we kulak hojalyklaryny ýatyrmak dogrusynda»ky karary kabul edildi. Özbegistanda 1930-njy ýylda ähli kollektiwleşdirilen **19 sany raýon** Merkez tarapyndan belgiläp berildi. Kulaklaryň zähmetinden peýdalanmak Ýerli başlyklar sanyň arkasyndan kowup, kanuny bozmaga çenli bardylar. Kollektiwleşdirmeklige jogap berijiler daýhanlaryň mejlislerinde kolhoza girmedikler suwdan mahrum edilýär, senagat harytlary bilen üpjün edilmeýär, olara uly


Kulaklar zähmetinden peýdalanmak

salgyt salynýar hem-de ýaşaýyş jaýyndan sürgün edilýär, diýip gorkuzýardylar. Netijede köpçülik raýonlarda kollektiwleşdirmek birnäçe hepdäniň içinde amala aşyryldy. Özbegistanda ilkinji kolhozlar (jemgyýetçilik hojalyklary) we sowhozlar (döwlet hojalyklary) döredildi.

1931-nji ýylyň baharyndan başlap Özbegistanda ähli jemgyýetleşdirilen raýonlar gaýtadan düzüldi. Özbegistanda oba hojalygyny kollektiwleşdirmek işi 1932-nji ýylda gutardy. Şu wagta gelip respublikadaky daýhan hojalyklarynyň 75 göterimi umumylaşdyrylan sektora, ýagny kolhoz we sowhozlara birleşdi. **1932-nji ýylda** respublikada 60-dan gowrak sowhoz bardy. Ýeke daýhan hojalyklarynyň bir bölümi kolhozlardan daşarda galdy, Emma olara ykdysady taýdan basym geçirmek ýene-de güýçlendi. Beýle hojalyklara salynýan oba hojalyk salgytlary artdyryldy, döwlete mejbury tabşyrylýan önümleriň möçberi hem kolhozlara garanda 50 göterime köpeldildi. **1939-nji ýyla** gelip Özbegistanda ýeke daýhan hojalyklary düýbünden ýatyryldy.

**Özüňizi barlap görüň!**
1939-njy ýyl-bu..., 1930-njy ýyl-bu..., 1932-nji ýyl-bu 1929-njy ýyl-bu
1931-nji ýyl-bu 1925-nji ýyl-bu

**Özbek obasynyň pajygasy.** Özbek obasy bu wagtda uly pajygany başyndan geçirdi. Köp adamlar öz hojalyklaryny garawsyz taşlap gaçyp gitdiler, çarwa mallaryny soýdular ýa-da satyp goýberdiler. Mallaryň köpläp soýulmagy uly problemalara alyp geldi. Garamallaryň mukdary 1930-njy ýylda 60 000 başdan köpräge kemeldi.

Öňden topraga mähir goýan, daýhançylygyň ähli kynçylyklaryny pugta özleşdiren özbek daýhanlary sowet häkimiýeti tarapyndan aýawsyz görnüşde repressiýa edildi. Köp halatlarda babadaýhan we onuň uly öýi ykbalyň gerdişine taşlap goýuldy. Öý eýesi sürgün edilen ýa-da tussag edilen. Ýüz müňlerçe özbekler bu wagtda daşary ýurtlara gitmäge mejbur boldular.



Mejbury döredilen jemgyýet hojalyklarynda ýer sürmek. Hywa, 1930-njy ýyl

Bu wagtda obalarda öýme-öý gezip, gallany çekip almak adaty ýagdaýa öwrülipdi. «Asman  uzak, ýer gaty» diýen özbek halk nakyly belki şu ýyllarda dörän bolsa gerek. Şährisebz raýonynyň galla taýýarlaýyş wekili Jalilow bu kompaniýanyň ylalaşyga gelmeýänligi  sebäpli ony «Galla taýýarlamak uruş diýen ýaly. Galla taýýarlaýjylaryň atmagy, gabamagy we başga işler etmegi mümkin. Olar hökümdarlyk edýärler «, diýip taryp berdi.

Özbegistan Kompartiýasy MK sekretary Kirpanow tarapyndan «örän gizlin « grifi astynda 1930-njy ýylda taýýarlanan maglumatda berilmegine görä, galla ýygnalýan wagtda örän güýçli administrirlemä ýol goýlan. Obalarda galla taýýarlaýjy edarasynyň wekilleri öýme-öý gezip, garyp daýhanlaryň soňky mysgal gallasyna çenli, hat-da 20 funta çenli bolsa-da dartyp aldylar. Tohumlyk galla degmezlik hakyndaky dekretiň bolmagyna garamazdan, daýhanlar ykbaly takdyr gerdişine taşlap goýuldy. Hat-da, galla tabşyrmak planyny bejeren daýhanlar hem bir başdan barlanyp, olaryň gallasy dartyp alyndy.

**Pikir ediň!**
Oýlap görüp, netije çykaryň! Daýhanlara aşakdaky ýaly haýbat edildi: “Eger gallaňyz ýok bolsa, aýallaryňyzy satyň, bolmasa 5 ýyldan türmede oturyp çykarsyňyz “.

**Özbegistanda kulaklaşdydyrmak syýasaty hem-de onuň netijeleri.** Hökümdar sowet režimi 1929 - 1935-nji ýyllarda baý we gurply daýhanlary oba buržuaziýasy hökmünde ýatyrmak syýasatyny alyp bardy. Kulak hojalyklaryny ýatyrmak kompaniýasy Özbegistanda 1930-njy ýylyň fewralyndan başlap öjükdi.

WKP(b) MK Syýasy býurosynyň 1930-njy ýylyň 26-njy ýanwaryndaky «Köpçülikleýin jemgyýetleşdirmek raýonlarda kulak hojalyklaryny ýatyrmak çäreleri dogrusynda»ky karary we WKP(b) MK Orta Aziýa býurosynyň «Kulaklary synp hökmünde ýatyrmak bilen bagly telekeçilik dogrusynda»ky görkezmeleri esasynda Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komiteti 1930-njy ýylyň 17-nji fewralynda «Kollektiwkeşdirmek we kulak hojalyklaryny ýatyrmak dogrusynda» karar kabul etdi.

Özbegistanda kulaklar hökmünde hasaba alnan gurply hojalyklaryň mal-mülki doly konfiskasiýa edilip, olaryň maşgalalary özge ýurtlara (Ukraina,

Demirgazyk Kawkaz, Sibir, Gazagystan, Uzak Gündogar we b.)-a sürgün edildi. Şeýle hem, respublikanyň özünde kulaklar üçin ýörite konsentrasion lagerler we göçürip getirilenleriň 17 sany mejbury zähmet posýoloklary döredildi. Bu posýoloklar 1931-nji ýyldan Kokant, Çust-Pop, Okderýa, Ikromow, Gijduwon, Wobkent, Bauman, Denow, Sariosiýo, Kuwe, Täzeýol raýonlarynda düzüldi. Meselem, Bauman (häzirki Şofirkon) raýonyndaky Jilwon we Koli Odina oba sowetleriniň çäklerinde ynha şeýle 2 sany «kulaklar» posýolkasy guruldy. Sowet häkimiýetine garşylyk eden kulaklar bolsa tussag edildi we atyp taşlandy.

Daýhanlaryň närazylygy güýçlenip, Fergana we Zerewşan jülgeleri, başga çäklerinde köpçülikleýin närazylyk çykyşlary, sowet gurluşyna garşy dawalar we ýaragly çykyşlar bolup geçdi. Käbir dawalar ýaragly gozgalaň derejesine göterildi. Diňe Kaşkaderýa okrugynda 1930-njy ýylyň başlarynda daýhanlaryň 14 sany närazylyk çykyşlary bolup geçip, olarda 3700 sany adam gatnaşdy. 1930-njy ýylyň mart aýynda ÖzSSR-da 240 sany, SSSR-da 2000- den gowrak ýaragly çykyşlar bolup geçdi.

Kulaklara garşy göreş ÖzSSR-da gün saýyn giňelip bardy. 1931-nji ýylyň awgustynda 3828 sany kulak hojalyklary ýatyryldy, 3871 sany hojalyk «kulak maşgalasy» hökmünde **Ukraina, Sibir we Demirgazyk Kawkaza** sürgün edildi. Resmi maglumatlarda görkezilmegine görä, 1933-nji ýylda Özbegistanda sürgün edilen kulak hojalyklarynyň sany 5500 –e ýetdi.

**Pikir ediň!**

Oýlap görüp, netije çykaryň! 1942-nji ýylda SSSR çäklerinde zähmet sürgüninde bolan 1152 Özbegistanly “kulaklar” hereketdäki armiýa hataryna çagyrylyp, fronta goýberildi.

Kulaklaşdyrmak syýasaty 1933-nji ýylda esasan amala aşyrylyp bolundy. Emma 1934 - 1937-nji ýyllarda hem köp baý daýhan hojalyklary kulak edildi. Sowet häkimiýeti- ýyllarynda kulaklyga dartylyp, sürgün edilenlerden diri galanlaryň erkin graždan bolup, öz ýurduna gaýtmak hadysasy agyr geçip, ol takmynan 20 ýyldan gowrak wagty, ýagny 1934 – 1956-njy ýyllary öz içine alýar.

***Adalgalara düşündiriş!***

**Nasionalizasiýa** - (iňl. - millet, halk) käbir şahs ýa-da birleşmeleriň hususy mülki bolan ýer, önümçilik kärhanalari, transport we başgalary döwlet ygtyýaryna almak.

**“Kulaklar”** (rus. kulaçestwo - muştumzor) - hökümdar sowet režiminiň baý we gurply daýhanlary oba buržuaziýasy hökmünde ýatyrmak syýasatydyr.

**Funt** - agyrlyk ölçeg birligi bolup, 1 funt 410g.-a deň.

**Kollektiwkeşdirmek** - maýda-maýda daýhan hojalyklaryndan köpçülikleýin görnüşde iri kollektiw hojalyklar (kolhozlar)-y döretmek.

**Konsentrasion lager** - (lat. – bir zadyň ýygnalmagy) bir ýere ýygnamak. Konsentrasion lager bu syýasy tussag edilenleri gabalýan ýörite lager.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Sowet hökümeti baý hojalyk we gurply hojalyk ortasyndaky tapawutlary nähili ölçeg esasynda emele getirdi?
2. Gurply hojalyklaryň nähili görnüşdäki maddy baýlyklaryny konfiskasiýa edildi?
3. Dartyp alnan ýerleriň hasabyna nämeler döredildi? Täze döredilen birleşmeler ýerli ilatyň peýdalaryna nähili derejede hyzmat etdi?
4. Ýer-suw reformasynyň netijeleri nämelere alyp geldi?
5. Öýe işi: ýer-suw reformasyny geçilmäge degişli jedweli dolduryň.

| ***Basgyjy*** | **Birinji basgançak** | **Ikinji basgançak** | **Üçünji basgançak** |
|---|---|---|---|
| ***Çäkleri*** | | | |
| ***Döwri*** | | | |
| ***Hadysalary*** | | | |
| ***Aýratynlygy*** | | | |
| ***Netijeleri*** | | | |

## Özbaşdak iş.

Ykbaly kulaklaşdydyrmak syýasaty bilen bolan ýakyn garyndaşyňyz (ata-babalaryňyz) durmuşy bilen bagly esse ýazyň.

## § 12. Özbegistanda industrlaşdyrmak syýasatynyň alyp barylmagy we kadrlar meselesi

**Döwletde industrlaşdyrmak syýasatyna geçilmegi we bäş ýyllyk meýilnamalaryň işläp çykylmagy**. Döwletde oba hojalygyny zorluk bilen kollektiwkeşdirmek hadysasynda 1928-nji ýylda senagaty industrlaşdyrmak hem amala aşyryldy. Aslyny alanda döwletiň merkezi organlary tarapyndan **1925-nji** ýylyň dekabrynda bolup geçen KP(b) XIV sýezdinde SSSR-da ykdysadyýeti ösdürmegiň aýgytlaýjy serişdesi hökmünde sosialistik industrlaşdyrmaga geçmek köpçülikleýin görnüşde yglan edildi. Döwletiň ykdysady, syýasy we medeni ösüşi döwrebap senagaty emele getirmäge dogrudan-dogry baglydy. Bu maksady tiz möhletde amala aşyrmagyň anyk ugurlaryny işläp çykmak talap edilýärdi.

Özbegistan üçin senagat gurluşygyny giň gerimde güýçlendirmek örän möhümdi. Çünki respublikanyň ykdysadyýeti bu döwürde hem agrar aýratynlyga eýe bolup galýardy. 1927-nji ýylda ÖzSSR halk hojalygynda oba hojalygynyň ülüşi **62,6 %**, senagatyň ülşi **37,4 %** -i düzýärdi, şonuň bilen birlikde senagat öndürijiliginiň 90 göterimi oba hojalyk çig-malyny gaýta işlemäge esaslanandy. Ykdysadyýet çig-mal ugrunda bolanlygy sebäpli respublika senagaty diňe bir taraplaýyn ýöriteleşdirilýärdi. Munuň üstüne industrializasiýalaşdyrmak syýasaty obanyň hasabyndan amala aşyryldy. Oba hojalyk önümleriniň haryt nyrhlary peseldildi. Netijede daýhanlar garyplaşyp, döwletde azyk problemasy ýitileşdi.

**Ýatda saklaň!**
1928-nji ýylyň güýzüne çenli döwlet halk hojalygy bir ýyllyk planlar esasynda dolandyrylýardy. Şol ýyldan başlap hojalygy dolandyrmagyň bäş ýyllyk planlary yglan edildi. Birinji bäş ýyllyk plany 1928-nji ýylyň oktýabrynda başlanyp, 1932-nji ýylyň dekabrynda möhletinden 9 aý öň gutardy.

**Özbegistanda täze senagat kärhanalarynyň gurluşy.** *Birinji bäş ýyllyk* döwründe (1928-nji ýyl oktýabr - 1932-nji ýyl dekabr) Özbegistanda 289 sany täze senagat kärhanasy guruldy we işe düşürildi, 79 sany kärhana täzeden döredildi. Ýeňil senagatyň käncilik, aýakgap öndürmek, tikinçilik ugurlary **we** nah-mata dokamak depginleri has-da artdy. Industrlaşdyrmak Özbegistanda ilki

haýallyk bilen amala aşyryldy. Ynha şu döwürde Orta Aziýa respublikalarynda pagtaçylyk we maşyngurluşyk senagatynyň iň ulusy bolan Daşkent oba hojalyk maşyngurluşygy zawody guruldy. **Daşkent dokmaçylyk kombinaty** we **Çyrçyk elektro himiýa kombinatynyň** gurluşy tiz depginler bilen alyp baryldy. Elektrostansiýalarynyň kuwwaty 482 mln kilowatta ýetdi. XX asyryň 30-njy ýyllarynda **Çyrçyk-Bozsuw** GES-ler kaskady guruldy.



F. Hojaýew nemes delegasiýasynyň agzalary bilen Daşkent dokmaçylyk kombinatynyň gurluşynda. 1934

Özbegistanda senagat kärhanalarynyň tehniki derejesi hetden-aşa pes, inženerler, tehnikler we döwrebap tehnikany bilýän kämil işçiler örän azdy ýetişmeýärdi. Emma senagat kärhanalaryna kämil hünärmenler we tejribeli işçiler RSFSR-yň merkezi şäherlerinden alyp gelinýän boldy. Merkeziň bu usuly Özbegistanyň bütin sowet döwrüniň taryhynda yzugiderli görnüşde dowam etdirildi.

**Pikir ediň!**

Oýlap görüp, netije çykaryň.

Ýerli milletler, iň birinji, özbeklerden kämil hünärmenler taýýarlamagyň ornyna Özbegistana, esasan, ýewropaly ilat göçürilip getirildi. Köpçüligi slawýan milletine degişli bolan bu adamlar paýtagt Daşkente, täze gurulýan şäherler we welaýat merkezlerine jaýlaşdyrylyp, olar gowy aýlykly iş, nobatsyz kwartira bilen üpjün edildiler. Uniwersitet we institutlara şertli görnüşde okamaga kabul edildiler. Obalardan gelen özbek ýigit-gyzlary bolsa şäherde müdimilik ýerleşip bilmän, dürli kynçylyklar we ýetmezçilikler netijesinde esasan “gara işler” we oba-hojalyk ugrunda hyzmat etmäge mejbur boldular.

**Millileşdirmek ýa-da özbekleşdirmek syýasaty.** Hakykatdan-da, bu döwürde iň möhüm problemalardan biri kadrlar meselesidi. Çünki döwlet häkimiýeti we hojalyk dolandyryş organlarynda milli kadrlar örän az bolup, iş alyp barmak hem rus dilinde alyp barylýardy. Respublikanyň dolandyryş organlarynda jogapkär wezipeleri ruslar eýeläp alypdy. Özbegistan SSR halk Komissarlary Sowetiniň başlygy Faýzulla Hojaýew ýerli halklardan milli ka-

drlar taýýarlamak we olary ýokary wezipelere götermekde köp iş alyp bardy. Onuň başlangyjy bilen ÖzSSR MIK ýanynda **1925-nji ýylyň 3-nji martynda Baban Mawlanbekow** ýolbaşçylygynda «Döwlet apparatyny millileşdirmek Merkezi komissiýasy» düzüldi. Akmal Ikramow, Rahim Inogamow we başgalar oňa agza boldy. Merkezi komissiýanyň Samarkant, Zerewşan, Daşkent, Fergana we başga welaýatlarynda hem bölümleri döredildi.



Akmal Ikramow

Millileşdirmek komissiýasynyň ýolbaşçylarynyň paýyna Özbegistandaky okuw jaýlaryny, ylmy we medeni (halkyň bilim we aňyny ösdürmek) guramalaryny, senagat kärhanalaryny millileşdirmekligiň esasy planyny işläp çykmak tabşyryldy.

**1925-nji ýylyň 22 - 30-njy noýabrynda** Samarkant şäherinde bolup geçen Özbegistan Kommunistik partiýasynyň II sýezdinde «Partiýa, sowet, hojalyk, profsoýuz guramalary we kooperatiw guramalaryna ýerli ilat wekillerini çekmek» meselesi görüp çykyldy. Sýezdde döwlet, hojalyk, sowet, jemgyýet we söwda guramalaryna ýerli millet wekillerini köpräk çekmek, şu ýol arkaly şäher we oba zähmetkeşleriniň döwletde sosializm gurluşyna aktiw gatnaşmagyny üpjün etmek meselesi ara alyp maslahatlaşyldy. Mundan daşary dolandyryş we ýolbaşçylyk işlerine işçi, daýhan we zyýalylardan ýerli kadrlar taýýarlamak zerurlygy nygtap geçildi.

**1927-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda** Özbegistan SSR MIK ýanyndaky «Döwlet apparatyny millileşdirmek Merkezi komissiýasy”-nyň ady «Döwlet apparatyny we senagatyny Özbekleşdiriş Merkezi komissiýasy» diýip özgerdildi. 6-njy iýunda Ö’zbekleşdiriş Merkezi komissiýasynyň Nyzamy güýje girdi. Komissiý a öz işinde özbek ilaty köpräk bolan raýonlardaky ähli döwlet, jemgyýet, kooperatiw edaralary we guramalarynda iş alyp barmagy özbek dilinde alyp barmagy şert boldy.

Özbegistan Kommunistik partiýasynyň **1927-nji** ýylyň 16-24-nji noýabrynda bolan III sýezdinde «Döwlet apparatyny millileşdirmek we ýerli millet işçilerini önümçilige çekmek dogrusynda»ky meselä garaldy.

**1928-nji ýylyň 18-nji fewralynda** Özbegistan SSR MIK we HKS-yň «Döwlet apparatyny özbekleşdiriş dogrusynda»ky goşma karary kabul edildi. 1929-njy ýylda özbekleşdiriş syýasaty boýunça guramalarara **özbekleşdiriş komissiýasy** iş alyp bardy. Özbekleşdiriş Merkezi komissiýasy 1930-1931-nji ýyllarda öz işini dowam etdirdi.

**Pikir ediň!**

1927-nji ýylyň 16 - 24-nji noýabryndaky sýezdde kabul edilen kararda döwlet apparatyny millileşdirmek we özbekleşdirmek dogrusynda şeýle diýilýär: «Özbekleşdirmek düşünjesi, aslyny alanda, Özbegistan respublikasynyň territoriýasyndaky döwlet apparaty we iş alyp barmagy özbekleşdirmegi göz öňünde tutýardy, emma az sanly milletlere öz ene dillerinde hyzmat görkezmek asla inkär edilmeýärdi, tersine kömek berýärdi. Az sanly milletler köpçülik ýaşaýan raýonlarda sud organlary, mekdepler öz işlerini olaryň ene dilinde alyp barmagy şert. Az sanly millet wekillerini döwleti dolandyrmak, jemgyýetçilik işlerine çekmek gerek. Az sanly milletlerden kadrlar taýýarlmak meselesine hem ünsi güýçlendirmek gerek».

1931-nji ýylyň 11-nji dekabrynda SSSR MIK-yň «ÖzSSR apparatyny özbekleşdirmek dogrusynda»ky karary kabul edilip, oňa görä Özbegistan döwlet apparatyny Özbekleşdirmek Merkezi komissiýasynyň işi ýatyryldy. Merkez tarapyndan başga soýuzdaş respublikalarda bolşy ýaly Özbegistan

**Özüňizi barlap görüň!**

1931-nji ýylyň 11-nji dekabr- bu ..., 1927-nji ýylyň 16 - 24-njy noýabr- bu ...,
1927-nji ýylyň 8-nji ýanwar - bu ..., 1928-nji ýylyň 18-nji fewral - bu **...,**
1925-nji ýylyň 22 - 30-nji noýabr- bu ..., 1925-nji ýylyň 3-nji mart- bu

SSR-da hem millileşdirmek hadysasy ýatyrlyp, ony «buržua milletçiligi» diýip yglan edildi. Özbekleşdirmek syýasatyna güýçli zarba berlip, ruslaşdyrmak hadysasy özüniň täze basgançagyna gadam goýdy. Özbegistanda soňky ýyllarda jemgyýetde rus diliniň abraýy artdyryldy we ol ähli ugurlary öz içine aldy.

***Adalgalara düşündiriş!***

**Industrlaşdyrmak** - halk hojalygynyň ähli ugurlarynda iri maşyn işläp çykaryş hadysasyny emele getirmek, önümçilik pudaklaryny maşyn tehnikasy esasyna geçirmek.

**GES-lar kaskady** (gidroelektrostansiýa kaskady) - bir derýanyň akymynda biri-birinden bell bir aralykda ýerleşen, umumy suw hojalyk režimi bilen özara baglanyşan birnäçe gidroelektrostansiýalar.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. ÖzSSR halk hojalygynda oba hojalygynyň ülşüniň belent bolmagynyň sebäpleri nämede?
2. ÖzSSR-da industrlaşdyrmak döwründe amala aşyrylan işlerde esasan, haýsy ugurlara üns berildi?
3. Kadrlary millileşdirmek diýende nämäni düşündiňiz?
4. Özbegistanda kadrlary millileşdirmek syýasatynyň başyny başlaýjylar kimlerdi? Millileşdirmek nähili tertipde alyp baryldy?
5. Özbegistanda kadrlary millileşdirmek syýasatynyň netijeleri nähili boldy?

## 13-§. Özbek aýal-gyzlaryny azatlyga çykarmak hadysasy we problemalar

**«Hüjüm» hereketiniň geçirilmegi.** Özbek aýallary we gyzlarynyň durmuşy asyrlar dowamynda yslam dini şerigatynyň görkezmeleri esasyna gurlupdy. Sowet häkimiýeti ornaşdyrylandan soň, Gündogar aýallaryny «azatlyk»ga çykarmak, köne durmuş görnüşine hüjüm etmek, aýallaryň çaçwon we perenjisini taşlap täze zaman guryanlaryň hataryna tizräk goşulmagy ýaly problemalar gün tertibine goýuldy. Bolşewikler tarapyndan Orta Aziýa respublikalarynda, meselem, Özbegistanda bu problema gysga möhletiň dowamynda tiz çözüldi, netijede uly ýok edişler bolup geçdi, köp aýal-gyzlar könelik we ters pikir tarapdarlarynyň öjükdirmegi bilen öz ýakynlary tarapyndan öldürildi. Özbek aýallaryny azatlyga çykarmak we täze durmuşa çekmek, hakykatdan-da gerekdi. Emma bu işi bolşewikler we sowet häkimiýeti wekilleriniň saýlan tizlik ýoly bilen däl-de , eýsem assa-ýuwaşlyk bilen basgançaklaýyn amala aşyrylanda uly gurbanlar we ýitirişler bolmazdy.

«Hüjüm» kompaniýasy **1926-njy ýylyň sentýabrynda** Orta Aziýa aýal-gyzlarynyň geňeşinde yglan edilip, ony **1927-nji ýylyň 8-nji** martyndan başlamaga karar edildi. **1926-njy ýylyň dekabrynda** «Hüjüm» kompaniýasyny geçirmek üçin Orta Aziýa respublikalary, meselem, Özbegistanda ýörite komissiýalar düzüldi. **1927-nji ýylyň 8-nji martda** köpçülikleýin mitingler başlandy. Olarda **100 000** -den gowrak aýal-gyzlar perenjilerini oda ýakdylar. Emma bolşewikler partiýasynyň özbek aýal-gyzlaryny azatlyga çykarmagy



Aýal-gyzlaryň köpçülikleýin mitingi

tizleşdirmek syýasaty ýaman netijelere alyp geldi «Hüjüm»e garşy bolanlar aýallara zulum edip başladylar.»

Hüjüm» hereketiniň aktiw geçirilen **1927-1928-nji ýyllarynda** Özbegistanda **2500** -den gowrak aktiw aýal-gyzlar, raýon we oba şurolarynyň agzalary, aýal-gyzlar klublary we kitaphanalaryň müdirleri, mugallymlar täze durmuş ýolunda öz janyny gurban etdiler. Gynansak-da , bu pajygalaryň öňi alynmady.

**Ýatda saklaň!**
Ol Sowet hökümeti «Hüjüm» kompaniýasyny geçirmekden aşakdaky maksatlary ‘gözleýärdi: birinjiden, özbek halkynyň taryhy emele gelen milli ahlaky gündogara mahsus däp-dessur we gymmatlyklaryny ýok etmek we ruhyýetimize zarba bermek; ikinjiden, «aýal-gyzlary azat etmek», bahanasynda senagat kärhanalary, kolhoz we sowhozlarda arzan goşmaça işçi güýçleri hökmünde olardan peýdalanmak, amalda olary şuro gullaryna öwürmekçi.

**Aýal-gyzlar zähmetiniň sosial-ykdysady problemalary.** Sowet häkimiýeti özbek aýal-gyzlaryny azatlyga çykarmak hadysasynda olary önümçilige çekmek çärelerini hem amala aşyrdy. Mundan gözlenen esasy maksat halk hojalygy problemalaryny çözmek üçin täze zähmet resurslary bolan işçi güýçlerini emele getirmekdi.

Aýal-gyzlar ilki hünärmentçilik kooperasiýalaryna çekildi. Aýal-gyzlar klublarynda aýallar üçin ýörite hanalar açylyp, olar bu ýerlerde tahýa we prostinalar tikýärdiler. Soňra , hünärmentçilik kooperasiýasynyň düzüminde ýörite aýallar artelleri döredildi. 1926-njy ýylda Özbegistanda 16 sany iri aýallar artelleri bolup, olarda 814 sany ýerli aýal-gyzlar zähmet çekýärdi. Aýallar eden zähmetleriniň öwezine aýlyk almak mümkinçiligine eýe boldy.

1930-njy ýylda respublika hünärmentçilik kooperasiýasynyň 50 -den gowrak artellerinde 5000 sanydan köpräk ýerli aýallar işleýärdi. Olaryň köpçüligi tikinçilik kärhanalarynda zähmet çekýärdiler. Aýal-gyzlar iri senagat kärhanalaryna hem çekilip başlandy. Bu iş umuman alanda gowy hadysady.

Emma köp hallarda ýolbaşçylar gowy oýlanyp görmezden, aýallary agyr wezipelere goýdular. Aýallary işe bellemekde olaryň näzik jyns wekilleri – ejizligi hasaba alynmady. Bu hadysa olaryň saglygyna uly zyýan ýetirýärdi.

Kolhozlar we sowhozlar döredilenden soň aýallary olara laýyk bolmadyk hünäre – traktorçylyga öwretmek öjükdi. Diňe 1939-njy ýylda 2500 sany aýal-gyzlar traktorçylyk kursunda okamaga mejburlap çekildi. Kursy gutaran aýal-gyzlaryň köpçüligi traktorçy bolup işlemedi.

**Özbek aýallarynyň täze jemgyýetde tutan orny hem-de dartgynly taraplary.** Özbek aýallaryny jemgyýetiň deň hukukly agzalaryna aýlandyrmakda, erksizlikden gutulmakda olary medeni we sosial durmuşa çekmek möhüm ähmiýet eýedi. Medeni-terbiýeçilik işlerini alyp barmakda aýallar klublary uly rol oýnady. Bu klublarda aýallara wraçlar dürli maslahatlar berýärdi, çagalar wraç barlagyndan geçýärdi. Şeýle hem, birnäçe kitaphanalar, çagalar bakjalary we ýasliler açyldy. Aýal-gyzlary gyzyklandyrýan we teşwüşlendirýän mowzuglar boýunça gürrüňler geçirilip duruldy. 1927-nji ýylda Andijandaky köne şäher aýallar klubunda 134 sany agza boldy.

Bu döwürda özbek aýal-gyzlary ýolbaşçylyk wezipelerinde hem işläp ukyplaryny görkezdiler. 1927-nji ýylda respublikadaky raýon ispolnitel komitetleri agzalarynyň 20 göterimi, okrug ispolnitel komitetleri agzalarynyň 17 göterimi aýallardy. Jahan Obidowa ÖzSSR Merkezi Ispolnitel Komiteti Prezidiumi başlygynyň orunbasary, Tojihan Şadiýewa bolsa Prezidium agzasy boldy. Emma soňra bu 2 sany tanymal özbek aýallary sowet häkimiýeti tarapyndan repressiýa edildi.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda aýallaryň arasyndan meşhur alymlar, şahyrlar, ýazyjylar, inženerler, wraçlar, sungat işgärleri, mugallymlar ýetişip çykyp başlady. Şol ýyllarda Halima Nosirowa, Tamarahanym, Sora Eşantöräýewa, Mukarrama Turgunbaýewa ýaly özbek gyzlarynyň talantlary ýalt edip göze düşdi. Bu halatlaryň ählisi özbek aýal-gyzlarynyň deň hukukly jemgyýet agzasy bolmak, medeniýet we bilime ymtylyşlarynyň netijesidi. Netijede, sowet döwletiniň aýallar býurosyndaky syýasaty kommunistik ideologiýa bilen suwarylan ýagdaýda howlukmaçlyk bilen amala aşyrylsa hem özbek aýallary

ganynda asyrlar aşa toplanyp gelen akyl-paýhasy, gaýraty we aktiwligi ýaly häsiýetleri sebäpli birnäçe gowy işleri amala aşyrdylar.

***Adalgalara düşündiriş!***

**Perenji** - köpçülik musulman aýallarynyň ýat erkeklere açyk görünmezligi üçin başyna ýapynyp ýörýän, biçimi giňwe uzyn don görnüşindäki, ýasama ýeňli ýapyngyç (ýüzi çaçwon bilen ýapylýar)

**Çaçwon** - atyň guýrugynyň gylyndan dokalan, perenjiniň astyndan ýüze tutulýan tor perde.

**Artel** - (ital. - hünärment] kesp-hünär eýeleriniň bileleşip, köpçülik bolup işlemek üçin düzülen birleşmäniň görnüşlerinden biri.

**Kooperasiýa** - (lat. – şäriklik, arkalaşyk) özaro baglanyşan önümçilik hadysasynda adamlaryň ýa-da guramalaryň arkalaşyk esasynda işlemegini döretmek görnüşi.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Özbegistanda «Hüjüm» hereketini geçirmekden gözlenýän maksat nämedi?
2. 1920-nji ýylda respublikada geçirilen «Hüjüm» hereketi aýal-gyzlar durmuşyna nähili özgerişler alyp girdi?
3. Perenjiden «azat» edilen aýal-gyzlar ilki haýsy ugurlara işe çekildi?
4. «Hüjüm» hereketi nähili netijeleri getirip çykardy?
5. Döwlet we jemgyýetçilik işlerinde iş alyp baran aýal-gyzlaryň ykbaly nähili boldy?
6. Aşakdaky tablisada «Hüjüm» hereketiniň ýaman netijeleri hem-de jemgyýet ösüşündäki gowy ýagdaýlaryna degişli maglumatlary topláň.

| **"Hüjüm" hereketi** | Ýaman netijeleri | Gowy ýagdaýlary |
|---|---|---|
| | | |
| | | |

## § 14. Özbegistanda sowet häkimiýetiniň alyp baran medeni syýasaty

**Sowet häkimiýetiniň tälim we ylym ugrundaky işleri.** Ýaş nesli okatmak, onuň üçin şert döretmek halk köpçüligi, onuň wekilleri üçin wajyp mesele boldy.

**Pikir ediň!**
Magaryfçy ýazyjy we jemgyýet işgäri Abdulla Awlony tälim we terbiýe hakynda aýdyp, şeýle ýazypdyr: “Terbiýe biziň üçin ýa ýaşaýyş - ýa ölüm, ýa halas - ýa heläk, ýa bagt - ýa külpet meselesidir”.

Özbegistanda ilkinji ýyllarda sowet mekdepleri we tehnikumlar açmaga aýratyn üns garadyldy. Jedit mekdepleri ýapyldy. Köne mekdepler we wakf mekdepleri hem ýatyryldy. Türküstan döwlet uniwersiteti we Özbegistan döwlet uniwersitetinden soň respublikada birnäçe institutlar döredildi. Emma uniwersitet we institutlardaky talyplaryň ortasynda özbekler azçylygy düzýärdi. Bu ýokary okuw jaýlarynda esasan slawýan milletine degişli adamlar okapdyr. Olary okadýan mugallymlaryň arasynda hem ýerli millet wekilleri azçylykdy.

Bu döwürde Özbegistanda ylmyň ösüşi ugrunda belli bir üstünlikler gazanyldy. 1932-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Özbegistan SSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň Prezidiumynyň Özbegistan ylmy barlag edaralaryna ýolbaşçylyk edýän Özbegistan SSR Ylymlar komiteti düzüldi. 1934-nji ýylda oňa Otajon Hoşimow başlyk edip saýlandy.

**1940-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda** Özbegistan SSR Ylymlar Komiteti SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Özbegistan SSR filialy (ÖzFAN)-a aýlandyryldy.

**Ýatda saklaň!**
Orta Aziýada ýokary tälimiň bişigi, Türküstan döwlet uniwersiteti (häzirki Özbegistan Milli Uniwersiteti) birnäçe ýokary okuw jaýlaryna esas boldy, 1940-njy ýylda respublikada 30 sany ýokary, 100-e golaý ýörite orta okuw jaýlary işleýärdi.

**Halk magaryfy we sowatsyzlyga garşy göreş.** 1934-nji ýylyň 10-17-nji ýanwarynda Daşkentde bolup geçen Özbegistan Kommunistik partiýasynyň VI sýezdinde WKP(b) XVII sýezdi tarapyndan goýlan wezipelere esaslanyp, **ikinji bäş ýyllyk** döwründe (1933-1937-nji ýyllar) respublikanyň sosialistik

medeniýetini ösdürmekdäki esasy ýollaryny kesgitläp çykdy. Şu maksatda Özbegistan SSR Sowetleriniň 1935-nji ýylyň 10 - 17-nji ýanwarynda Daşkentde bolup geçen V gurultaýy ÖzSSR halk Komissarlary Sowetine 8 ýaşdan tä 15 ýaşa çenli bolan ähli çagalary mejbury ýedi ýyllyk tälime çekmek hem-de respublika şäher we obalarynda täze mekdep binalaryny gurmak desturyny işläp çykmagy teklip etdi.

Halk magaryfy zerurlyklary üçin örän köp serişdeler bölündi - birinji bäş ýyllyk döwründe **395,5 mln rubl** serişde iberilen bolsa, ikinji bäş ýyllyk üçin **1,16 mlrd rubl** serişde sarplandy. Bu iri serişdeler ikinji bäş ýyllyk döwründe 35 000 okuwçy sygýan 539 sany täze mekdep gurmaga mümkinçilik berdi. Şu bilen birlikde kiçi mekdepler biri-birine goşulyp, giňeldildi we doly kompleks derejesine ýetirildi.

Ikinji bäş ýyllygyň döwründe hemme umumy tälim mekdeplerindäki okuwçylaryň sany güýçli depginler bilen ösüp, 931 800 sana ýetdi, olaryň 725 müňe golaýy oba mekdeplerinde okaýardy. Respublika mekdeplerinde okuwlar **18 dilde** alyp barylýardy. Özbek dilinde okadylýan mekdepleriň sany on ýylyň içinde 10 esse artdy.

**Pikir ediň!**
Tälimiň 18 dilde alyp barylmagynyň esasy sebäpleri nämedi? Bu günki günde döwletimizde tälim näçe dilde alyp barylýar?


Aýal-gyzlar sowatsyzlygyny ýatyrmak kurslary

Bu wagtda Özbegistanda sowatsyzlyk we çalasowatlylygy ýatyrmak işlerini ahyryna ýetirmek wezipesi hem durýardy. 1937-nji ýylda sowatsyzlygy ýatyrmak mekdepleriniň sany 413-e ýetdi. Bu mekdeplerde 28 700 adam önümçilikden aýrylmadyk halda okap öz sowadyny çykardylar.

Aýal-gyzlaryň ortasynda sowatsyzlygy ýatyrmak barasynda uly üstünlikler gazanyldy. Olar üçin köp ýerlerde ýörite sowat mekdepleri açyldy. 1937-nji ýylda 139 000 sany aýal-gyzlar okamagy we ýazmagy öwrendiler.

**Elipbiýiň üýtgedilmegi.** Sowet häkimiýetiniň ilkinji on ýyllyklarynda Özbegistanda ýazuw **3 gezek** üýtgedildi. Bu halat ýerli ilaty sowatsyz etmäge, ony asyrlar aşa gelýän gymmatlyklaryndan mahrum edip, sowet medeniýeti ruhunda terbiýelemäge hem-de ruslaşdyrmak syýasatyny amala aşyrmaga niýetlenendi.

Bize mälim bolşy ýaly, yslam dini regiona girip gelenden soň, asyrlar dowamynda ýurdumyzda döredilen eserler arap elipbiýindäki köne özbek dilinde ýazylandy. Ahmad Ýassawiý, Sakkokiý, Lutfiý, Alişer Nawoiý, Bobur ýaly meşhur şahyrlar 500 -800 ýyllar öň özbek dilinde, emma arap ýazuwynda öz eserlerini ýazypdyrlar. Bolşewikler bolsa beýle edebiýatdan geçip, sowet edebiýatyny we proletar medeniýetini döretmäge ymtyldylar.

**Pikir ediň!**
Öňki synplarda alan bilimleriňize esaslanyp, ýurdumyzyň çäklerinde bar bolan ýazuwlaryň adyny yzygiderlikde sanamaga hereket ediň!

1921-1922-nji ýyllarda ilki arap ýazuwy reforma edilip, birneme ýönekeýleşdirildi. Soňra özbek ýazuwyny latynlaşdyrmak meselesi gün tertibine goýuldy.

**1929-njy ýylyň** maý aýynda Samarkantda geçen Özbegistan ýazyjylarynyň, filologlaryň we öňdebaryjy zyýalylaryň konferensiýasynda özbek ýazuwyny arap grafikasyndan latyn grafikasyna geçirmek hakynda karar kabul edildi. Karar 10-njy awgustda Özbegistan SSR Magaryf halk komissarlygynyň emin agzalary tarapyndan tassyklanandan soň, 1-nji dekabrda Özbegistanda arap elipbiýinden **latyn ýazuwyna** geçildi.

Emma tiz arada ýazuwy latynlaşdyrmak üçin sarplanan uly serişdeler peýdasyz gidip, kirillisa geçirmek dogrusynda täze karar kabul edildi. **1940-njy ýylyň 8-nji maýynda** bolan Özbegistan SSR Ýokary Soweti III sessiýasynda matematik alym ToşMuhammet Kori-Niýozowyň doklady boýunça latyn ýazuwyndan kirill (rus grafikasy) esasyndaky özbek ýazuwyna geçmek dogrusynda karar kabul edildi. Özbegistandan daşary Orta Aziýa respublikalary we Azerbaýjan hem rus grafikasyna geçirildi.

**Pikir ediň!**
Dünýä taryhy derslerinde alan bilimleriňize esaslanyp, kirill elipbiýine haçan, kimler tarapyndan esas salnanlygyny ýadyňyza salyň. Bu ýazuw Russiýa çäklerine nähili girip geldi?

Sowet häkimiýeti latyn grafikasyna geçmek arkaly arap dilinde ýaradylan yslam dininiň esasy Gurhan we hadyslara hem-de başga kitaplary ýok etmegi göz öňünde tutan bolsa, kirillisa geçmek bahanasynda türki dilli sowet respublikalaryny latyn ýazuwyndan peýdalanýan Türkiýe we beýleki döwletleriň täsirinden saklap galmak, özbek halky bilen doganlyk türk halklarynyň arasyndaky gatnaşyklary ýok etmekçi boldy. Şeýle hem, Özbegistan we sowet gündogaryndaky respublikalary ruslaşdyrmak hadysasy özüniň soňky basgyjyna gadam goýdy.

**Ýatda saklaň!**
**1929-njy ýylda** arap elipbiýi esasyndaky özbek ýazuwy ýatyrylyp, ondan latyn grafikasyna geçildi.
**1940-njy ýyla** gelip sowetleriň ýeke-täk arzuwy bolan **kirill - rus elipbiýi** esasynda gurlan ýazuwa geçildi.



F. Hojaýew arap elipbiýinden latynlaşdyrmaga geçmek boýunça sýezdde çykyş edýär

Täze görnüşdäki özbek edebiýaty we milli sungatynyň ösüşi. Sosial durmuşda güýçli dartgynlar höküm sürýän bu çylşyrymly döwürde edebiýat we sungat millilik, ynsanperwerlik, halkçylyk ýaly ugurlara wepalylygyny saklap galdy. Bu döwür respublikadaky döredijilik işgärleri üçin dürli gözlegler, dünýägaraýyş taýdan biri-birlerinden tapawut edýän birnäçe ugurlaryň uly garşylyklar bilen dolup-daşýan hem-de ençe ýitgiler berlen we pajyga bilen gutaran ykballar we şonuň bilen birlikde täze-täze talantlaryň dünýä gelen we ösen döwri boldy.

Özbek ýazyjy we şahyrlaryndan Fitrat, Çolpan, Abdulla Kadyry, Sadriddiý Aýniý, Hamza we başgalar öz eserleri bilen milli gymmatlyklary saklamak we goramaklyga ymtyldylar. XX asyryň 30-njy ýylyň başlaryna gelip ýazyjy we şahyrlaryň hatary gitdigiçe giňeldi. Bu döwür edebiýat meýdanyna Gafur Gulom, Oýbek, Hamid Olimjon, Zulfiýa, Abdulla Kahhor, Usman Nosir,

Mirtemir, Oýdin Sobirowa, Uýgun, Komil Ýaşin, Gaýratiý, Sulton Jora, Amin Umariý ýaly birnäçe talantly ýaş şahyrlar, ýazyjylar we dramaturglar goşuldylar.

**Özüňizi barlap görüň!**

Kirill elipbiýi - bu ...

Latyn elipbiýi - bu ...

Türküstan döwlet uniwersiteti - bu ...

Ylymlar akademiýasy - bu ...

Edebiýat öňdebaryjylary - bu ...

Halk magaryfy - bu ...

Özbek milli dramaturgiýasy we sazy, teatr we kino, şekillendiriş we amaly sungaty hem halkymyzyň ruhy medeniýetiniň ýaşaýyş çeşmesi bolup galdy we oňa hyzmat etdi. Özbek sungat işgärleriniň bütin bir nesli bu döwürde şekillendi.

Özbek milli sazyny ösdürmekde özbek kompozitorlaryndan Tohtasin Jalilow, Ýunus Rajabiý, Muhtor Aşrafiý, Mutawakkil Burhonow uly zähmet çekdiler. Ajaýyp rejissýorlar we aktýorlar Mannon Uýgur, Abror Hidoýatow, Sora Eşontoraýewa, Razzok Hamroýew, Olim Hojaýew, Şukur Burhanow we başgalar sebäpli özbek teatr sungaty gülläp ösdi. Komil Ýormatow, Nabi Ganiýew, Rahim Pirmuhammedow ýaly kinematografiýa işgärleri ýetişip çykdy. Tans sungaty we aýdym aýtmakda Halima Nosirowa, Tamarahanim, Mukarrama Turgunboýewa, Lutfihonim Sarimsakowa, Muhiddin Kori Ýokubow, Kamiljan Ataniýazow, Karim Zokirow we başgalar ýokary ussatlyk gazandylar. Özbek saz we wokal sungatynyň ösmeginde 1936-njy ýylda Daşkentde açylan döwlet konserwatoriýasy möhüm rol oýnady.

***<u>Adalgalara düşündiriş:</u>***

Proletar - (lat. garyp, gurpsuz pukara) ýaşaýyş derejesi öz işçi güýjüni önümçilik serişdeleriniň eýelerine satmakdan ybarat bolan ýollanma işçiler synpy. Konserwatoriýa - (ital. - başpena) - ýörite saz okuw jaýy. Ilki Italiýada ýetim we garowsyz çagalara niýetlenen başpena. Onda dürli hünärler bilen bir hatarda saz hem okadylypdyr.

**Sorag we ýumuşlar:**

1.Sowetler Türküstan halk tälimini döretmek we ösdürmäge nähili çemeleşdiler?

2.Ülke halk tälimi sistemasynda bolup geçen ýalňyşlyklar, kemçilikler we problemalar hakynda nämeler diýip bilersiňiz?

3. Respublika ýokary tälim sistemasyny şekillendirmek nähili maksatlarda amala aşyryldy?
4. Elipbiý barasynda özgerişler nähili maksatda amala aşyrylypdy? Onuň netijeleri nähili boldy?
5. 1930-njy ýyllarda ýetişip çykan tanymal özbek alymlarynyň işi hakynda nämeleri öwrendiňiz?
6. Özbek sungatyny ösdürmäge goşant goşan meşhur sungat işgärlerinden kimleriň adyny aýtsa bolýar?
7. Öýe işi. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Halk magaryfy | Ýokary tälim | Elipbiý reformasy | Edebiýat | Sungat |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## § 15. Sowet häkimiýetiniň Özbegistandaky repressiýa syýasaty: onuň mazmuny we netijeleri

**Özbegistanda ilkinji repressiýalaryň başlanmagy**. Sowet režimi öz häkimiýetini pugtalandyryp alandan soň, onuň häsiýetleri gitdigiçe açyk ýüze çykyp başlady. Bu ýagdaý aýratyn hem milli respublikalardaky ýolbaşçylara bolan aragatnaşykda aýdyň ýüze çykdy. Karar tapan administratiw-buýrukbazlyk sistemasy we onuň başlyklary hasaplanýan Bütin soýuz kommunistler (bolşewikler) partiýasy – WKP(b) bu wagta gelip “sosializm esaslary”ny gurmaga çynlakaý girişdi hem-de jemgyýetiň ähli ugurlarynda hökümdarlyk abraýyny saklady.



2012-nji ýylda çap edilen kitap

XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymy we 30-njy ýyllaryň başynda Özbegistan SSR-da on sekizler topary (Abdurahym Hojiboýew, Inomjon Hidiraliýew, Muhtorjon Saidjonow we b.), inogomowçilik (ÖzSSR Magaryf halk komissary Rahim Inogomow we b.), kosimowçilik (ÖzSSR Ýokary sudy başlygy Sadulla

Kosimow we b.), badriddinowçilik (ÖzSSR Ýokary sudunyň prokurory Şamsutdin Badriddinow we b.), “milli soýuzdaşlar” we “milli azatlyk tarapdarlary” (Munewwerkary Abduraşidhonow ýolbaşçylygyndaky 87 sanyadamy), “narkompros” işi (ÖzSSR Magaryf halk komissary Mannon Ramziý, onuň orunbasary Botu we b.), “batyr gepçiler” (Kokantda Aşurali Zohiriý ýolbaşçylygyndaky 19 sany adam) we başga syýasy işleriň toslanmagy netijesinde özbek halkynyň ençeme beýik perzentleri repressiýa edildi. Bu döwürde kommunistik partiýanyň hataryny “täzelemek” kompaniýasy netijesinde Özbegistan Kompartiýasy agzalarynyň 25,6 göterimi partiýadan çykaryldy.

Başlyk işgärlerine şübhe bilen seretmek, “halk duşmanlary” we “buržua milletçileri”ni anyklamak we tussag etmek, dürli “garşy topar” adamlaryny paş etmek has-da öjükdi.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanda bar bolan gurluşa garşy toparda duranlar we oňa garşylyk görkezýänler yzarlanyp başlandy. Netijede köpçülikleýin repressiýa we adalatsyzlygyň ilkinji güýçli tolkuny Özbegistana ýetip geldi. Edil şu wagtda «on sekizler topary», «inogomowçilik», «kosimowçilik», «badriddinowçilik», «milli soýuzdaşlar» we «milli azatlyk tarapdarlary», «narkompros», «batyr gepçiler» işi ýaly syýasy işler toslanyp tapylypdy. Sowet režimi 30-njy ýyllardan başlap öz halkyna köpçülikleýin terror ulandy.

**Hukuk we magaryf sistemasynda repressiýanyň öjükdirilişi.** Milli ýolbaşçy işgärleri wezipelerinden aýryp, olary “ideologik” taýdan derbi-dagyn edýän sowet režimi XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyryna gelip fiziki taýdan ýok etmäge girişdi. Bu tarapdan alanda, Özbegistan hukuk we magaryf sistemasynda geçirilen repressiýalar, aýratyn hem, harakterlidir. Merkeziň basymy bilen **1929-njy ýylyň 17-nji fewral – 2-nji** martynda Samarkantda geçirilen Özbegistan Kommunistik partiýasynyň IV sýezdinden soň jeza mehanizmi işe düşürildi.

Özbegistan SSR Ýokary sudunyň başlygy **Sadulla Kosimow** 1929-njy ýylyň mart aýynda wezipesinden boşadylyp, tussag edildi. S.Kosimow we onuň 6 sany egindeşiniň üstünden SSSR Ýokary sudunyň göçme sessiýasy 1930-njy ýylda Samarkant şäherinde sud hadysasyny geçirdi. Merkezden gel-

en jeza organlary (sud başlygy: Wasilýew-Ýujin we prokuror R.Katanýan) işe bilgeşlin syýasy görnüş berdi. S.Kasimow we onuň egindeşleri “basmaçylar”-y goldap-kuwwatlamakda, “aksilrewolýusiýaçy milletçi guramalar” agzalary bilen aragatnaşyk baglanmakda, yslam dinini goramakda günäkärlenip, olara “kosimowçilik” ýarlygy basyldy. Sowet sudyS.Kosimow, B. Şaripow, N.Alimow, Spiridinowy atyp öldürmäge, galan 3 sany adamy 10 ýyl möhlete gabaw jezasyna hökum etdi. Olaryň bütin mal-mülki konfiskasiýa edilip, döwlet hasabyna geçirildi.

Aradan köp geçmän nobatdaky iş – badriddinowçilik oýlap tapyldy. 1932-nji ýylyň 5-nji maý - 15-nji iýunynda Daşkent şäherinde SSSR Ýokary sudy harby kollegiýasynyň göçme sessiýasy Özbegistan SSR Ýokary sudunyň öňki prokurory **Şamsutdin Badriddinow** we onuň 5 sany egindeşiniň üstünden sud hadysasyny geçirdi. Bu gezek hem prokuror ermeni R.Katanýan bolup, ol türki halklara bolan ýigrenji bilen tanalypdy. Ş. Badriddinowa “Milli Soýuz” guramasynyň agzalary we “basmaçylar” bilen aragatnaşyk eden, Munewwerkary we Sadulla Kosimowyň ýakyn dosty we ýoldaşy bolan, diýen günäler goýuldy. Ş.Badriddinow ilki atmaga höküm edilip, soňra ölüm hökümi 10 ýyl gabaw jezasy bilen çalşyryldy. Onuň 5 sany egindeşi hem uzak möhletli gabaw jezasyna höküm edildi.

Sowet režiminiň sud organlaryndaky milli ýolbaşçy işgärleri repressiýa etmek bilen bilelikde jeza gylyjyny magaryf pudagyndaky zyýalylara hem göteripdi.

1930-njy ýylyň awgust aýynda Samarkant şäherinde Özbegistan SSR Magaryf halk komissarlygynda bir topar ýolbaşçy işgärler tussag edildi. “Narkompros “yň işinde ÖzSSR Magaryf halk komissary **Mannon Ramziý** - Mannon Abdullaýew onuň orunbasary **Botu** - Mahmud Hodiýew, şeýle hem, **Oltoý** - Bois Koriýew, Nodir Saidow we başgalar bardy. Olar magaryf sistemasyny “milletçilik zäheri” bilen zäherlemeklikde günälenip, bu ýagdaý “magaryf frontynda kosimowçylygyň ýüze çyzmagy “ diýip garalandy. Botu we onuň egindeşleri 10 ýyllyk tussag jezasyna höküm edildi. Emma olar, soňra, türmede atyp taşlandy.

**Munewwerkary we egindeşleriniň ýok edilmegi.** 1929-njy ýylyň 5-nji noýabrynda Daşkentde magaryfperwer Munewwerkary Abduraşidhonowyň ýolbaşçylygyndaky 38 sany adam tussag edildi. Aradan köp geçmän tussag edilenleriň mukdary 87 adama ýetdi. Olara “Milli Soýuz” we “Milli Azatlyk” guramalarynyň agzalary diýip günä goýdular. Derňew hadysasy soňra, Moskwa göçürildi. Bu ýagdaý sowet režiminiň jeditler “milletçiligi”ni paş etmäge jany-teni bilen girişenligini aňladýardy.

**1931-nji ýylyň 25-nji aprelinde** Moskwada bolup geçen sud mejlisinde Munawwarkorynyň ýolbaşçylygyndaky milletiň 15 sany wepaly perzentleri bolan “Milli Azatlyk” agzalary atyp öldürmäge, galan 72 sany adamy bolsa uzak möhletli gabaw jezasyna höküm edildi. Özbek halkynyň 15 sany perzendi Moskwanyň töwereginde atyp taşlandy. Gabawdan hem diýerli hiç kim Daşkente gaýdyp gelmedi.

**1936 - 1938-nji ýyllardaky uly terror hem-de Özbegistanda döwlet işgärleri, zyýalylar, ulamalar we harbylaryň repressiýa edilmegi.** Bu wagtda totalitar režimde administratiw-buýrukbazlyk we awtoritar dolandyryşyň güýçlenmegi netijesinde kanunbozarlyk hadysalary adaty ýagdaýa öwrüldi. Sowet hökümdar gurluşy bütin döwletde bolşy ýaly Özbegistanda hem köpçülikleýin repressiýalary öjükdirdi. Iri döwlet we jemgyýet işgärleri, partiýa we hojalyk başlyklary, zyýalylar, ruhanylar we harbylar bilen bilelikde ýönekeý adamlar we kolhozçylar hem repressiýa edildi.

Özbegistanda syýasy repressiýa **1937-nji ýylyň** ýazynda has-da öjükdi. Özbegistan SSR HKS başlygy Faýzulla Hojaýew, Özbegistan Kompartiýasy MK birinji sekretary Akmal Ikromow hem-de halk komissarlary, welaýatlar, şäherler we raýonlar başlyklary, köp hojalyk işgärleri tussag edilip, derňewden soň SSSR Ýokary sudy harby kollegiýasynyň göçme sessiýasynyň kararyna görä atyp taşlandy.


Çolpan

Özbegistandaky syýasy elita “milletçilik we sowet häkimiýetine garşy göreş alyp barmak”da, şeýle hem, ýaragly gozgalaňy taýýarlamakda günälendi. XX asyr

**Pikir ediň!**

Oýlap görüň, netije çykaryň!



«Sözimiň ahyrynda adyl sudlardan soraýaryn: Eger-de men dürli töhmet, şahsyýet we ýalanlar bilen, hem düşünişmezçilikleriň arkasynda , ikinji aklanmaýan bolup garalandym. Olaryň, garalaýjy gara gözleriniň göwni üçin bolsa hem, maňa iň ýokary bolan jezany beriberiň. göwnünde gubary, ters iş etmek maksady bolmadyk sada, göwni açyk, ýigide birnäçe horlukdan ölüm makulrakdyr. Birnäçe şahslaryň arzuwyna görä, ruhy ölüm bilen öldürildim. Indi beden taýdan meniň üçin gorkunç däldir. Adyl sudlardan men şuňa garaşýaryn we şuny soraýaryn.

... Men dogrulygyň arkasyndan baş gitse «eh» diýýän ýigit däldirin».

Abdulla Kadyryiň sud hadysasyndaky sözünden.

özbek medeniýetiniň 3 sany görnükili ýyldyzlary - **Fitrat, Çolpan we Abdulla** Kadyry bir günde – 1938-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda Daşkent şäheriniň golaýynda atyp taşlandy. Tussag edilen birnäçe ýurtdaşlarymyz köpçülikleýin görnüşde 4-nji oktýabrda öldürildi. Talantly şahyr Usman Nosir türmede wepat etdi.



Mirkomil Mirşarapow

HHSR harby işler inspektory, aýratyn Özbek atly esgerler polkunyň komandiri we komissary, 19-dagly atly Özbek diwiziýasynyň komandiri wezipelerinde işlän Mirkomil Mirşarapow sowet režimi tarapyndan Maýkopda 1937-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda tussag edildi. Ol Özbek diwiziýasyny millileşdirmek we bu diwiziýanyň kömeginde Özbegistany SSSR-yň düzüminden bölüp almak we garaşsyz döwleti gurmaga hereket etmekde günälendi. Ilkinji Özbek diwiziýasy dargadyp goýberildi hem-de M. Mirşarapow ýolbaşçylygynda 18 sany özbek harby komandirleri we esgerleri Daşkentiň töwereginde 1938-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda atyp taşlandy.

Netijede, **1937-1938-nji ýyllarda** toslanyp çykarylan ýalan günäler boýunça Özbegistanda **41000** sanydan gowrak adam tussag edilip, olardan 37000 sany-

dan gowragy  jezalandy, **6920** sany adam bolsa atyp öldürmäge höküm edildi. Diňe döwlet we jemgyýet işgärleri, ýazyjy, şahyr we alymlardan **5758** sany adam tussag edilip, olardan **4811** sanysy atyp taşlandy. Bu maglumatlar respublikamyz möçberinde gyzyl terroryň nähili giň gerimde rehimsiz görnüşde amala aşyrylanlygynyň aýdyň mysalydyr.



*«Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy*

“Şehitler hatyrasy” ýadygärlik toplumy hem-de “Repressiýa gurbanlarynyň hatyrasy” muzeýi. Özbegistan Respublikasy garaşsyzlyga gazanandan soň repressiýa edilenleriň köpçüligi hukuky taýdan aklandy. Olaryň parlak atlary

***Adalgalara düşündiriş!***

**Firka** - ( arap. - topar, pada; partiýa) maksady, taglymy, dünýägaraýyşynyň birligi taýdan birleşen adamlar topary.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan Respublikasynda 2001-nji ýyldan başlap her ýyl 31-nji awgust -garaşsyzlyk yglan edilen gün repressiýa gurbanlaryny ýat etmek güni hökmünde geçirilýän boldy. «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumynda 2002-nji ýylyň 31-nji awgustynda «Repressiýa gurbanlary hatyrasy» muzeýi açyldy. Muzeý Russiýa imperiýasy we sowet häkimiýeti döwründe Watan azatlygy ugrundaky işi üçin repressiýa edilen watandaşlarymyzyň hatyrasyny ebedileşdirmek maksadynda döredildi. Bu minnetdar nesilleriň öz ata-babalarynyň hatyrasyna hormatydyr.

dikeldildi. Özbegistan Respublikasynyň birinji Prezidenti Islam Karimowyň (1938-2016) başlangyjy bilen 2000-nji ýylyň 12-nji maýynda Daşkent şäheriniň Ýunusobod raýonyndaky Bozsuw kanalynyň boýunda “Şehitler hatyrasy” ýadygärlik toplumy açyldy. Ol hökümdar sowet režiminiň döwründe repressiýa edilen Şehitler hatyrasyna bagyşlap ornaşdyrylan bolup, milletiň wepaly oglanlarynyň köpçüligi şu ýerde atyp taşlanypdy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. «On sekizler topary» we «kosimowçilik» ýaly syýasy işleri toslap çykarmak we olaryň işine syýasy görnüş bermekden göz öňünde tutulan maksatlar nämedi?
2. Näme sebäpden XX asyryň 30-njy ýyllaryň ikinji ýarymyna gelip respublika ýolbaşçylary repressiýa edildi, olara nähili «günä» goýuldy?
3. Öňdebaryjy özbek zyýalylaryny repressiýa etmek näme üçin gerek boldy?
4. Totalitar gurluş administratorlarynyň ynsan hukuklary we erkinlikleri meselesindäki iki ýüzliligini siz nähili düşündirýärsiňiz?
5. Siziň ýaşaýan şäher we raýonyňyzda repressiýa edilenlerden kimleri bilýärsiňiz, olar hakynda aýdyp beriň.
6. Repressiýa edilen syýasy işgärler we ýazyjylary aýratyn sütünlerde analiz ediň.

# ÜÇÜNJI BAP. ÖZBEGISTAN IKINJI JAHAN URŞY ÝYLLARYNDA (1939 - 1945-nji ý.ý.)

## 16-§. Ikinji jahan urşunyň başlanmagy hem-de Özbegistanyň uruş girdabyna çekilmegi

**Urşuň başlanmagy, sebäpleri we harakteri**. Ikinji jahan urşunyň başlanmagynda faşistler Germaniýasy we militaristik Ýaponiýadan daşary uruşdan öňki Beýik Britaniýa (Angliýa), Fransiýa we SSSR-yň syýasy öňdebaryjylarynyň paýynda hem uly jogapkärçilik bardy.

**1939-njy ýylyň 23-nji awgustynda** I.W.Staliniň teklipi bilen Moskwada SSSR we Germaniýanyň ortasynda 10 ýyl möhlete hüjüm etmezlik dogrusynda ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşyk taryhda Molotow-Ribbentrop pakty ady bilen meşhur. Ylalaşygyň gizlin bölüminde iki sany döwletiň boljak serhetleri we täsir çäkleri belgiläp alyndy. Polşa, Baltikboýy we Finlýandiýada Sowet Soýuzynyň täsir çäkleri güýçlendirildi.

1939-njy ýylyň 1 –nji sentýabrynda **Adolf Gitleriň** ýolbaşçylygyndaky Germaniýa döwleti **Polşa** hüjüm etdi. Bu hüjüm bilen **Ikinji jahan urşy** başlandy. 3-nji sentýabr güni Fransiýa we Angliýa döwletleri Germaniýa garşy uruş yglan etdi. 17-nji sentýabrynda SSSR we Germaniýa ortasyndaky hüjüm etmezlik dogrusyndaky ylalaşygyň gizlin maddalaryna laýyklykda SSSR-iň goşunlary Polşa çäklerine çozup girdi. Polşany bölüp almak hadysasy başlandy. 19-njy sentýabr güni gyzyl armiýa goşunlary **Wilnýusy basyp aldy.** 22-nji sentýabrda Brest-Litowskda Polşany derbi-dagyn etmek operasiýasynyň ýatyrylmagynyň şanyna sowet we nemes goşunlarynyň goşma parady geçirildi. 28-nji sentýabrda SSSR we Germaniýa arasynda **dostluk we serhetler** dogrusyndaky şertnama gol çekildi. Soňra gyzyl armiýa bölümleri Günbatar Ukraina we Günbatar Belorussiýa çäklerini basyp aldy we olar resmi ýagdaýda SSSR-e goşup alyndy.

1940-njy ýylyň iýulynda gyzyl armiýa Latwiýa, Litwa, Estoniýa çäklerini basyp aldy hem-de Latwiýa, Litwa we Estoniýa respublikalary mejbury

görnüşde Sowet Soýuzynyň düzümine girizildi. Bu wagtda Moldawiýa ASSR-na tutaş Bessarabiýa hem sowet goşunlary tarapyndan eýelendi hem-de awgustda SSSR düzüminde **Moldowiýa SSR** (döwlet düzümindäki 15-soýuzdaş respublika) düzüldi.

**Sowet-fin urşunda Özbegistanlylaryň gatnaşmagy.** 1939-njy ýylyň 30-njy noýabr - 1940-ýylyň 12-nji martynda sowet-fin urşy bolup geçdi. Uruş SSSR-yň goňşy Finlýandiýa hüjümi bilen başlandy. Bu wakadan soň **1939-njy ýylyň 14-nji dekabrynda** Milletler Ligasy SSSR-ni agression döwlet diýip yglan edip, ony Liga agzalygyndan çykardy. Uruş netijesinde SSSR Wiborg şäheri we Ladoga kölüniň töweregindäki serhetleri ele alyndy.

Daşkent pyýadalar bilim ýurdy bitirijileri bolan diwiziýa komandiri **A.Tolstow,** diwiziýa ştabynyň başlygy **W.Russkih**, Özbegistanly söweşijiler **A.Magalow, A.Tupikow, F. Uteşew** we başgalar bu söweşlerde gatnaşdylar.

**Pikir ediň!**

Oýlap görüp, netije çykaryň!

Bu wakalar öz döwründe sowet taryhşynaslygynda düýbünden başgaça görkezilýär. Sowet döwletiniň basgynçylyk syýasaty ýörite gizlenilen. Soňra, Germaniýa tarapyndan SSSR-na duýdansyz hüjüm edilenden soň, SSSR indi agressor döwletden faşizme garşy göreşýän döwletleriň birine, antifaşistik koalisiýasynyň guramaçysy we başlygy bolan döwlete aýlandy.

**Faşistik Germaniýanyň SSSR-a hüjümi hem-de Özbegistanyň uruş girdabyna çekilmegi. 1941-nji ýylyň 22-nji** iýun güni daň säherde gitlerçiler Germaniýasy özara hüjüm etmezlik hakyndaky şertnamanyň bolmagyna garamazdan, duýdansyz SSSR-a çozup girdi. Sowet Soýuzynyň halklary üçin agyr synaglardan ybarat uruş başlandy. Şol gün döwletde harby halat yglan edilenligi hakyndaky perman çykdy.

Uruş bütin döwlet hojalygyny, onuň durmuşyny düýpgöter üýtgedip goýberdi. 1941-nji ýylyň 30-njy iýunynda SSSR HKS başlygy we WKP(b) MK Baş sekretary I.W.Stalin ýolbaşçylygynda **Döwlet Goragmak Komiteti** (DGK)-yň düzülmagi bilen döwletdäki bütin syýasy, harby we hojalyk häkimiýeti onuň eline geçdi. Mundan daşary I.W.Stalin 19-njy iýulda SSSR Goranmak halk komissary, 8-nji awgustda SSSR Ýaragly güýçleri Ýokary Baş

komandiri wezipesini eýeledi. Urşuň ilkinji günlerinde kabul edilen ýörite kararlar we görkezmelerde döwletiň uly howpuň astynda galanlygy, ony goramak üçin tizlik bilen ähli ykdysadyRuhy güýçleri goranmak peýdalaryna boýun egdirmek, halk hojalygyny doly harby ýola salmak zerurlygy bellenildi. Uzak dowam eden uruş kynçylyklary Özbegistan zähmetkeşlerini hem agyr ýagdaýa saldy.



Usman Ýusupow

Ikinji jahan urşy döwründe respublikada ýolbaşçylyk eden Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary **Usman Ýusupow** boldy. Özbegistanlylary faşizme garşy göreşe atlandyrmakda ýolbaşçylyk etdi.



**Ýatda saklaň!**

* 1939-njy ýylyň 30-njy noýabr- 1940-njy ýylyň 12-nji martynda sowet-fin urşy bolup geçdi. Onda Özbegistanlylar hem gatnaşdylar.

* 1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda gitlerçiler Germaniýasy duýdansyz SSSR-a çozup girdi.

* Özbegistanda U.Ýusupow Özbegistanlylary faşizme garşy göreşe ugratmak işlerinde ýolbaşçylyk etdi.

**Özbegistanda maddy we ruhy güýçleriniň urşa çekilmegi.** 23-24-nji iýun günleri Samarkant, Buhara, Andijan, Namangan, Fergana, Nukus we respublikanyň başga şäherlerinde köp müň adamlyk mitingler bolup geçdi. Her güni fronta gitmek islegi bilen harby komissarlyga gelip duran arzalaryň akymy Özbegistanlylaryň milli watançylyk ruhunyň beýikliginiň aýdyň nusgasy boldy. Bu arzalary dürli kärdäki we dürli millete degişli adamlar, erkekler we aýallar, ýaşlar we garrylar, partiýaly we partiýasyzlar berýärdiler. Arhiw dokumentleriniň delillendirmegine görä, urşuň ilkinji günlerinde respublikanyň şäher we raýon harby komissarlyklaryna meýletinlerden **14 müňden** gowrak arza gelip düşdi.

Özbegistan ilaty däp bolup gelen watançylygynyň ajaýyp nusgalaryndan biri fronta umumhalk kömek bermekdi. Özbegistanlylar urşuň ilkinji günlerinden goranmak fonduny döretmek hereketine aktiw gatnaşdylar. Goranmak fonduna işçiler, kolhozçylar, zyýalylar bir günlik iş haklaryny, kommunistik

ýowarlarda işläp tapylan pullar, pukaralaryň şahsy girdejileri, gymmatbaha baýlyklary, döwlet zaýomlary, geýimler we azyk önümleri tabşyrylýardy. Umuman, urşuň ilkinji günlerinde respublikanyň ilatyndan 30 mln rubllyk mukdarda pul, obligasiýa we gymmatbaha baýlyklar gelip düşdi. Özbegistan ilaty uruş ýyllarynda goranmak fonduna jemi **649,9 mln rubl** pul, **22 kg** altyn we kümüş tabşyrdy.

**Pikir ediň!**

Ähli ugur wekilleri goranmak fondy üçin mümkinçiligine görä öz serişdelerini tabşyrypdyrlar. Meselem, meşhur özbek tansçysy Tamara-hanim goranmak fonduna 50 müň som tabşyrdy.



Hemme zat front üçin, hemme zat ýeňiş üçin! Özbegistan ykdysadyýeti hem harby ýagdaýdan gelip çykyp tizlik bilen front peýdalaryna

**Özüňizi barlap görüň!**

Adolf Gitler - bu ...
Sowet-fin urşy - bu ...
Moldowiýa SSR - bu ...
U.Ý.Ýusupow - bu ...
I.W.Stalin - bu ...
Molotow-Ribbentrop pakty - bu ...

boýun egdirildi. Front arkasyndaky raýonlaryň hatarynda Özbegistana hem aýratyn ähmiýet berildi. Urşuň ilkinji günlerinde nemes goşunlari bat bilen döwletiň içine hereket edýärdi. Frontuň golaýyndaky şäherlerden we obalardan ilat, senagat kärhanalary, edaralar we başga maddy baýlyklary Gündogara göçürip başlandy. Meselem, Orta Aziýa we Gazagystan respublikalaryna ewakuasiýa edilen 308 kärhananyň 100-den gowragy Özbegistana ýerleşdirildi. Getirilen kärhanalary örän gysga möhletlerde işe düşürmäge başladylar. 1941-nji ýylyň ahyryna çenli şeýle kärhanalardan 50-sanysy işe düşürildi. Meselem, Moskwa welaýatynyň Himiki şäherinden cöçürip getirilen zawod esasynda 1941-nji ýylyň oktýabrynda **Daşkent awiasiýa zawody** guruldy. Bu zawod front üçin gyryjy samolýotlar işläp çykarypdyr.

Halk hojalygyny gaýtadan gurmaga degişli guramaçylyk işini respublikanyň ýolbaşçylary dolandyrdylar. Uruş döwrüniň örän agyr, hetden daşary ýiti şertlerinde olar jogapkärçilikden gorkman, iň çylşyrymly wezipeleri tizlik bilen we özbaşdak görnüşde çözüp bardylar. Özbegistan ýolbaşçylary

***Adalgalara düşündiriş!***

**Agressiýa** - basgynçylykdan ybarat bolan, rehimsizlige esaslanan hereket.

**Ewakuasiýa** - (lat.  - boşatmak, boş goýmak) adamlar, gurama, karhanalary, çeper we başga gymmatlyklary uruş, tebigy apat ýalylaryň howpundan saklamak maksadynda bir ýerden başga ýere göçürmek.

Merkeziň basyşyny ýeňip, halk komissarlyklary we kärhana direktorlarynyň hukuklaryny giňeltdiler, dolandyryş apparatyny gysgaltdylar.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Ikinji jahan urşunyň başlanmagyna itergi bolan faktorlar nämelerdi?
2. Sowet-fin urşunyň harakteri nämede? Bu uruş SSSR üçin nähili ähmiýete eýedi?
3. Özbek halkynyň goranmak fonduna goşan goşandyny nähili düşündirýärsiňiz?
4. Uruşda dünýä ilatynyň haýsy bölekleri gatnaşdy. Özbegistanda uruşda gatnaşmadyk ilatyň  işi nämelerden ybarat boldy?
5. Urşuň başlanmagy bilen döwletiň içindäki ýagdaýda nähili özgerişler emele geldi?
6. Öýe işi. Aşakdaky jedweli dolduryň:

| Urşuň sebäpleri | Özbegistanyň urşa çekilmegi | Ilatyň göçürilmegi | Goranmak fondy |
|---|---|---|---|
| | | | |

## § 17. Özbegistanyň senagaty we oba hojalygy front hyzmatynda

**Uruş ýyllarynda Özbegistanyň senagaty.** 1941-nji ýylyň sentýabr - dekabr aýlarynda respublikanyň hökümeti halk hojalygyny harby ýola salmak, haýsy kärhananyň haçan işe düşürilmegi dogrusynda, içki resurslary doly gönükdirmek dogrusynda anyk wezipeleri belgiläp berdi. Kadrlar, senagat çig maly, ýangyç, stanoklar, enjamlaryň ýetişmezligine garamazdan, 1941-nji ýylyň dekabryna gelip Daşkentdäki 63 sany, respublikanyň çäklerindäki **230 sany** senagat kärhanalary goranmak enjamlaryny işläp çykaryp başladylar.  1941-nji ýylyň 14-nji dekabrdan harby kärhanalaryň işgärleri urşa goýberilenleriň hataryna goşuldy we şu kärhanalara birikdirildi. Zähmet tertibini bozanlar berk jezalandyrylýan boldy. Özbaşdaklyk bilen kärhanadan gidip galanlara 5 ýyldan 8 ýyla çenli gabaw jezasy belgilendi.

Özbegistanda 1942-nji ýylda täze senagat önümini öndürmek 2 esse köpeldi. 1943-nji ýylda bolsa senagatyň respublikanyň halk hojalygyndaky goşandy 75 göterime çenli artdy. Harby önümçilik kuwwatlaryny artdyrmak zerurçylygy senagat gurluşyny gitdigiçe kuwwatlandyrmagy talap edýärdi.

Uruş ýyllarynda Özbegistanda 7 sany iri gidroelektrostansiýasy, meselem Okkowok, Kibraý, Salor we Farhod GES-leri guruldy, täze kömür we nebit känleri açyldy, könelerinden köpräk peýdalanylýan bolundy. 1944-nji ýylyň martynda Bekobodda Orta Aziýada ilkinji döwrebap metallurgiýa kombinaty - Özbegistan metallurgiýa zawodynyň birinji blogy işe düşürildi.


Farhod GES

**Özbegistanyň ýarag bazasyna aýlandyrylmagy**. Uruş döwründe hereket edýän armiýa zerur zatlaryň hemmesini: tehnika, gural-ýarag, ok-däri, azyklary üznüksiz alyp durdy. Özbegistan Soýuzyň esasy söweşjeň bazalaryndan biri hökmünde 2000-den gowrak samolýot, 22 mln däne minamýot, 500 000 däne snarýad hem-de millionlarça däne gimnastýorka, sanitar otlular, pagtaly egin-eşik, ädik we esgerler üçin başga geýimler we önümleri fronta ýetirip berdi. **Agyr** zähmetiň ýüki esasan aýallara, garrylara we ýetginjekleriň gerdenine düşýärdi. Emma bu hiç kimi saklap bilmedi. Fronty öz wagtynda üpjün etmek möhüm bolup galyberdi.

Özbegistanlylar front arkasynyň örän kyn şertlerinde Sowet Soýuzynyň halklary bilen birlikde duşmanyň üstünden gazanylan ýeňşi özleriniň zähmetleri bilen üpjün edip bardylar we taryhda misli görülmedik mertlik nusgalaryny görkezdiler.

**Oba hojalygyndaky ýagdaý.** Ähli kynçylyklara garamazdan özbek daýhanlary fronty zerur önümler bilen üpjün etmek üçin janlaryny aýaman zähmet çekdiler. 1941-nji ýylda döwlete 1,6 mln tonnadan zyýat pagta tabşyryldy. Bakja we gök önümleri, miwe, pile, ýüň, et tabşyrmak borçlary artygy bilen ýerine ýetirildi. Däne we tehniki ekinleri köpeltmek hereketi netijesinde 1942-nji ýylyň baharynda goşmaça 220 500 gektar ýer özleşdirildi. Uruş ýyllarynda pagta ýetişdirmegi artdyrmak iň möhüm wezipe edip goýuldy.

Kolhozçy daýhanlar we bütin Özbegistan zähmetkeşleriniň güýçleri bilen Ýokary Çyrçyk, Demirgazyk Fergana, Şoh-Şahymerdan, Uçkorgan kanallary, Kosonsaý we Rudasaý suw howdanlary guruldy. Ketdekorgan suw howdanyny suwa doldurmak işleri başlandy. Samarkant, Fergana, Daşkent welaýatlarynda şeker şugundyry üçin hasyldar ýerler bölünip, 1943-nji ýylda 1,5 mln sentnerden gowrak şugundyr döwlete tabşyryldy. Şeker şugundyryny gaýtadan işleýän Zirabulok, Krasnogwardeýsk, Kokant we Ýangiýol şeker zawodlary guruldy. Uruş ýyllarynda Özbegistan bütin döwletde öndürilýän şekeriň çärýek bölegini berýärdi.

Şeýlelikde, uruş ýyllarynda Özbegistan oba hojalygy ahli iň çylşyrymly we agyr şertlerde zähmet çekip, 4 mln tonnadan gowrak pagta çig malyny 82 mln put däne we başga önümlerini döwlete ýetirip berdi. Bu faşizmiň üstünden gazanylan ýeňşe mynasyp goşandy.

**Ilatyň durmuşy we kynçylyklary.** Uruş Özbegistandaky her bir maşgalany maddy taýdan hem kyn ýagdaýa saldy. Şäherlerde azyga kartoçka sistemasy yglan edilip, işçi we hyzmatçylara gününe 400-500 grammdan, maşgala agzalaryna 300-400 grammdan nan berildi. Ýolbaşçy işgärlar bolsa ýörite azyk (paýok) bilen üpjün edip duruldy. Kynçylyklar jemgyýetiň sosial ruhy ýagdaýynda ýitiligi emele getirdi, emma faşizmiň üstünden gazanyljak ýeňşe bolan ynam asla peselmedi. Meselem, uruş ýyllarynda özbek obalarynda ýagdaý agyr boldy. Kolhozlarda garrylar we 12 ýaşdan aşan oglanlar üçin mejbury iş güni normasy 1,5 esse artdyryldy. Bellenilen zähmet normasyny ýerine ýetirip bilmedik kolhozçylar rehimsiz jezalandylar. Obalarda dürli keseller we açlyk netijesinde on müňlerçe adamlaryň ýassygy gurady. Uruş ýyllarynda açlyk iri senagat merkezlerine hem ýaýrady.



Günbatar fronta azyk we egin-eşik alyp baran delegasiýa (sagdan ikinji delegasiýanyň başlygy Hasan Yslamow).

**Özbek halkynyň rehimliligi we internasional kömegi.** Uruş ýyllarynda ilatyň düzüminde harby gullukçylaryň maşgalalary, ewakuasiýa edilenler, uruş

maýyplary, ýetim çagalar diýip atlandyrylan täze sosial toparlar peýda boldy. Özbegistana **1 mln** sanydan gowrak adam, meselem, **200 000** çaga ewakuasiýa edildi. Dürli millet degişli ýetim çagalary özbek halky öz perzendi ýaly garap, olary kämillige ýetirdi. Meselem, Daşkentli ýönekeý demirçi **Şoahmad Şomahmudowlar** maşgalasy 15 çagany, Kattakorgonly uruş maýypy **Hamid Samadow** 13 çagany, Samarkantly kolhozçy aýal **Fotima Kasimowa** 10 çagany alyp terbiýeledi. Respublikada uruş döwründe 30-dan gowrak harby gospital ýerleşdirildi. Ýaradarlaryň köpçüligi söweş hatarlaryna gaýtaryldy. Uruş maýyplarynyň köpçüligi işe ýerleşdirildi.



Ş. Şomahmudowlar maşgalasy

Uruş ýyllarynda milli syýasatda geçirip bolmajak zorluklara ýol berildi. Totalitar gurluş ýolbaşçylarynyň buýrugy bilen Kawkaz halklary (çeçenler, inguşlar, koraçoýlar, mesheti türkleri, bolkorlar we b.), krym tatarlary we Wolgaboýy nemesleri 1943-1944-nji ýyllarda tizlik bilen döwletiň Gündogar çäklerine göçürip goýberildi. Krymdan 151 604 sany krym tatarlary, Gruziýadan 110 000 sany mesheti türkleri, Demirgazyk Kawkazdan 175 000 sany çeçenler, 20 000 sanydan gowrak inguşlar, 4500 sany bolkor we grekler ÖzSSR-a göçürildi. Ýerli ilat zyýan çekenlere göwünlik bildirdi we elinden gelen kömegini berdi.



**Ýatda saklaň!**

Dürli milletlere degişli bolan 15 çagany öz terbiýesine alan demirçi ussa Şoahmad Şomahmudow we onuň aýaly Bahri Akramowalar maşgalasy beýik adamkärçilik nusgalaryny görkezip köpçülige görelde boldular. Uruşdan maýyp bolup gaýdyp gelen Hamid Samatowlaryň maşgalasy 13 çagany, kolhozçy aýal Fotima Kosimowalar maşgalasy 10 çagany öz gujagyna alyp, mähir bilen olaryň kalbyna ýylylyk bagyşlady.

Netijede, uruş ýyllarynda özbek halky özüniň rehimliligi, myhmansöýerligi, sabyr-kanagaty we mertligini ýene bir gezek görkezip, dünýä halklaryny haýran galdyrdy.

**Adalgalara düşündiriş:**

**Gimnastýorka** - Dik ýa-da gaýtarma ýakaly, üstünden kemer bilen baglanylýan üstki köýnek (resmi harby geýim).

**Minomýot** - (rus. - zyňmak,atmak) minany atýan gural.

**Sanitar otly** – medisina hyzmatyny görkezýän işgärleri we enjamlary bilen üpjün edilen otly.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Uruş ýyllarynda zähmet tertibini bozanlara nähili çäreler görüldi?
2. Uruş ýyllarynda özbek halkynyň göçürip getirilen halklara görkezen mähribançylyklary nämelerde ýüze çykdy?
3. 1943-1944-nji ýyllarda Özbegistana göçürip getirilen ilat wekilleri kimlerdi?Olar näme üçin göçürilipdi?
4. Uruş ýyllarynda Özbegistanda oba hojalygynda nähili özgerişler bolup geçdi?
5. Uruş ýyllarynda zähmete çekilen çagalaryň işini nähili düşündirýärsiňiz?
6. Öýe işi. Aşakdaky jedweli dolduryň:

| Goranmak fondy | Senagaty | Oba hojalygy | Göçürip getirmek |
|---|---|---|---|
| | | | |

## § 18. Özbegistanlylaryň frontdaky mertligi we gahrymançylyklary

**Özbek diwiziýalarynyň döredilmegi.** Urşuň birinji günlerinden Özbegistanda halk leşgeriniň otrýadlary düzülip başlady. Soňra bu otrýadlar umumy harby tälim bölümlerine goşuldy. Özbegistanda front üçin milli harby bölümler we söweşjeň rezerwlerini taýýarlamak işi başlanyp gitdi.

1941-nji ýylyň ýazynda Samarkantda 19-njy Özbek dag-atly diwiziýasy gaýtadan düzülip, onuň esasynda 221-nji motorlaşdyrylan diwiziýa döredildi. Diwiziýada bu wagtda uly tejribä eýe özbek ofiserlerinden polkownik **Ismoil Bekjanow**, maýor **Sobir Rahimow** we başgalar bardy. Diwiziýanyň söweşijileri

17-mehanizasiýalaşan korpusynyň hatarlarynda Ýelnanyň golaýynda duşmana garşy söweşlerde ilkinji gezek gatnaşdylar.

1941-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Döwlet Goranmak Komitetiniň «Milli harby goşulmalar döretmek dogrusynda»ky karary çykyp, onda Özbegistanda 5 sany kawaleriýa diwiziýasy we 9 sany aýratyn okçylar brigadasyny döretmek zerurlygy, diwiziýalaryň düzümi ýerli halklara degişli bolan 40 ýaşdan uly bolmadyk sagdyn we güýçli adamlar bilen doldurylmagy, mümkün boldugyça ýolbaşçylar sistemasy hem ýerli millet wekillerinden bolmagy nygtaldy.

Urşuň ilkinji basgançaklarynda, meselem 1941-1942-nji ýyllarda milli harby bölümlerde, şol sanda, özbek diwiziýalary we brigadalarynda gural-ýarag we ok-däriniň mukdary umuman ýetişmeýärdi. Özbek söweşijileriniň hemmesinde hem urşuň ilkinji aýlarynda hat-da ýönekeý tüpeň (wintowka) hem ýokdy. Bu ýagdaý bolşewikler we sowet režiminiň hat-da uruş döwründe hem ýerli halklara, aýratyn hem, türki halklara we musulmanlara bolan ynamsyzlygy hem-de şowinistik syýasatynyň ýene bir aýdyň mysalydyr.

**Urşuň ilkinji günlerindäki söweşler.**

Özbegistanly söweşijiler Brest galasy, Kiýew, Smolensk, Odessa, Sewastopol, Leningrad, Moskwa we başga birnäçe şäherleriň goragynda mertlik we gaýduwsyzlyk nusgalaryny görkezdiler. Moskwanyň gahryman goragçylarynyň hatarlarynda Özbegistanda düzülen harby bölümler hem bardy.

Moskwany goramakda özbek halkynyň şanly gyzlary hem mertlerçe söweşdiler. Olaryň hatarynda 28 sany faşisti atyp öldüren snaýperçi **Zebo Ganiýewa** hem bolup, ol mertligi we gaýduwsyzlygy üçin Gyzyl Baýdak ordeni bilen sylaglandy. «Moskwa goragy üçin» ýörite medaly bilen sylaglananlaryň arasynda Özbegistan söweşijilerinden 753 adam bolan.

1942-nji ýylyň 27-nji martynda SSSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň permany bilen 26 sany ofiser we ýönekeý esgerlere Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen beýik at berildi. Olaryň hatarynda birinji özbek gahrymany andijanly Koçkar Turdiýew hem bardy.

**Düýpli öwrülişik we ondan soňky söweşler.** Stalingrad söweşi ikinji jahan urşunda düýpli öwrülişigi başlap berdi. Kawkaz üçin bolan söweşlerde Daşkentde


Zebo Ganiýewa

düzülen **Sobir Rahimowyň** komandirligindäki diwiziýa 3 aýyň dowamynda eden söweşlerinde duşmanyň 8 000 sany esgeri we ofiserini gyryp taşladylar. Gwardiýaçy general-maýor S.Rahimow 1945-nji ýylyň 26-njy marty güni Polşadaky Gdansk (Dansig) şäherini şturm etmek wagtynda heläk boldy. Özbek halkynyň şanly perzendine 1965-nji ýylyň 9-njy maýynda Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at berildi.

Özbegistanly söweşijiler 1943-nji ýylyň ýazynda bolan Kursk we Orýol raýonyndaky söweşlerde, Dnepr

**Ýatda saklaň!**
Özbegistanlylar Ikinji jahan urşy frontlarynda alyp barlan aýawsyz söweşlerde aktiw gatnaşyp, gahrymanlyk we mertlik nusgalaryny görkezdiler. iň soňky taryhy maglumatlarda berilmegine görä, uruş ýyllarynda 1,5 mln sany Özbegistanlylar faşizme garşy ýalynly söweşlerde gatnaşypdy. 1939-njy ýylda respublikanyň ilaty 6,5 mln boldy. Diýmek, her dört Özbegistanlynyň birisi hereketindäki armiýanyň hatarynda hyzmat etdi. Olardan 500 000 adam söweş meýdanlarynda heläk boldy ýa-da biderek ýogaldy.

derýasyny kesip geçmekde öňki hatarlarda boldular. Dnepr üçin alyp barlan söweşlerde gahrymanlyk görkezeni üçin 26 sany özbek ýigidine Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at berildi.Olaryň arasynda Buharaly **Şarif Ergaşew** we **Hallok Aminow** bardy. Belorussiýany azat etmek üçin bolan söweşleriň birinde 1943-nji ýylyň noýabrynda Gomel şäheriniň töwereginde talantly özbek şahyry **Sulton Jora** 33 ýaşynda mertlerçe heläk boldy.

Özbegistanly söweşijiler 1944-1945-nji ýyllarda Belorussiýa, Ukraina, Moldawiýa, Baltikboýy respublikalary we Russiýa Federasiýasynyň demirgazyk welaýatlaryny azat etmekde gatnaşdylar. Özbe-gistanlylar ýewropadaky garşylyk görkezmek hereketiniň hatarynda, Polşa, Bolgariýa, Wengriýa, Rumyniýa, Çehoslowakiýa, Italiýa, Gresiýa, Awstriýa, Ýugoslawiýa, Fransiýa we başga döwletleri faşizmden azat etmekde aktiw gatnaşdylar, partizan otrýadlarynda söweşdiler. 1945-nji ýylyň 9-njy maýynda gitlerçiler Germaniýasy bütinleý teslim boldy. Berlini zabt eden söweşijileriň arasynda


Sobir Rahimow

Sowet şoýuzynyň Gahrymany adyna sezewar bolan daşkentli **Batyr Babaýew** we **Solih Umarow**, margilanly **Tojiali Babaýew** hem bardy. Özbegistanly söweşijileriň 1706 sanysy «Berlini zabt edeni üçin» söweşjeň medaly bilen sylaglandy.

**Ýaponiýa militaristlerine garşy göreşde Özbegistanlylaryň goşandy.** Ýaponiýa garşy uruş 1945-nji ýylyň awgustynda sowet goşunlarynyň hüjümi bilen başlandy. Özbegistanly söweşijiler Kwantun armiýasyny derbi-dagyn etmäge uly goşant goşdular. Olaryň arasynda leýtenantlar N.Latipow, A.Karimow, U.Daniýarow, ýefreýtor U.Asanow we başga mert özbek oglanlary bardy.

Manjuriýadaky ýapon goşunlary sowet armiýasy tarapyndan derbi-dagyn edilenden soň, Ýaponiýa **1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda** sözsüz boýun egenligi hakyndaky dokumente gol çekdi. Şeýlelikde Ikinji jahan urşy tamamlandy.

Özbegistanyň oglan we gyzlarynyň söweşjeň frontlarda görkezen misli görülmedik mertlik we edermenlikleri SSSR we ýewropadaky birnäçe döwletleriň hökümetleri tarapyndan ýokary sylaglandy. Özbegistanly söweşijilerden 120 000 sanysy dürli sowet orden we medallary bilen sylaglandy. Özbegistanly 280 sany söweşiji Sowet Soýuzynyň Gahrymany derejesine sezewar boldy, olardan 75 sanysy özbekdi. 52 sany Özbegistanly söweşijiler üç derejeli «Şuhrat» ordeni bilen sylaglandy.

**Harby ýesirler we olaryň ykbaly.** Ikinji jahan urşunda faşistik Germaniýa we militaristik Ýaponiýanyň üstünden gazanylan beýik ýeňiş progressiw ynsanyýet üçin örän agyr boldy. Resmi maglumatlarda ýazylmagyna görä, ikinji jahan urşunda 50 mln -dan gowrak adam heläk boldy.

**!** **Özüňizi barlap görüň!**

Şarif Ergaşew - bu ...

Zebo Ganiýewa - bu ...

Sobir Rahimow - bu ...

Hallok Aminow - bu ...



Harby ýesirleriň ýagdaýy

Bu uruşda iň uly zyýan çeken bu SSSR bolup, ol 27 mln adamyndan aýryldy. Weýranaçylykdan görlen zyýan we uruş alyp barmak üçin sarplanan serişdeleriň mukdary 4 trillion dollary düzdi.

Käbir maglumatlara görä, uruş ýyllarynda Germaniýa ýesir bolanlaryň umumy sany 6,2 mln adamdan ybaratdy. Sowet-german urşunda 5,7 mln adamdan gowrak sowet esgerleri Germaniýa konslagerlerinde bendilikde bolupdy. Ýesir düşmäge mejbur bolan sowet söweşijileriniň arasynda köp Türküstanly ýesirler hem bardy. Ynha şeýle ýesirlerden biri we öňki legioner, soňra Germaniýada ýaşan Namanganly taryhçy alym **Baýmirza Haýitiň** pikirlerine görä, 1941-nji ýylyň ýazyndan tä 1942-nji ýylyň baharyna çenli 1,7 mln Türküstanly söweşijiler nemeslere ýesir düşdi hem-de olaryň köpçüligi harby ýesirleriň konslagerlerinde boldular. 1942-nji ýylyň ýazynda olardan diňe 400 000 adam diri galypdy. Faşist konslagerlerinde harby ýesirler örän agyr ýagdaýda ýaşapdyr, açlyk we dürli kesellerden olaryň köpçüligi heläk boldy.

Türküstanly emigrantlardan **Mustafo Çokaý** we Daşkentli özbek **Weli Kaýumhanyň** başlangyjy bilen 1942-nji ýylyň martynda **Türküstan legionyna** esas salyndy. Legiony syýasy we ideologik taýdan dolandyrmak Milli Türküstan Birligi Komitetine berkidilipdi. Weli Kaýumhan komitet prezidenti boldy.

Söweş hereketleri döwründe harby ýesirlikde bolanlar, meselem, Türküstan legiony gatnaşyjylarynyň ykbaly hem örän agyr geçdi. Uruş gutarandan soň, olar hemme ýerde yzarlandy, SSSR-e gaýtarylan harby ýesirleriň köpçüligi ýörite lagerlere ýerleşdirilip, dürli azaplara duçar edildi. Bu azaplardan aman galan az sanly adamlar, soňra, azatlyga çykaryldy. Olardan şafirkonly **Abdulla Rasulow** ýaly az sanly ýurtdaşlarymyz nemes we sowet konslagerlerinden aman çykyp, Özbegistana gaýdyp geldiler.


«Gamgyn ene» heýkeli

**Ýeňiş baýramyndan Hatyra we Horamatlama gününe çenli.** Özbegistan Respublikasy garaşsyzlyga gazanandan soň, **1995-nji ýylda** 33 tomly «Hatyra» kitaby (soňra oňa goşmaça görnüşde ýene-de 2 tom çykdy ) we Özbegistan halkynyň uruş ýyllarynda front arkasyndaky edermenlikleri beýan edilen umumlaşan ýörite tom özbekçe we rusça neşir edildi.

Daşkentde 1999-njy ýylyň maý aýynda **Hatyra we Hormatlama meýdany** gurlup, onda **«Gamgyn ene» heýkeli** hem-de seýilgähiň Demirgazyk we günorta tarapynda saýlanyp duran eýwanlaryň tekjelerinde Ikinji jahan urşunda heläk bolan Özbegistanly ähli söweşijileriň ady-familiýalary ýazylan metal tekjeler ornaşdyryldy.

**Ýeňiş baýramy** bellenilip geçilýän 9-njy maý senesi **Hatyra we Hormatlama güni** diýip yglan edilip, Daşkentden daşary, Garagalpagystan Respublikasy, ähli welaýatlar merkezleri we raýonlarda Hatyra meýdanlary gurlup, bu meýdanlarda hem «Gamgyn ene» heýkeli oturdyldy.

**Pikir ediň!**

«Beýik ýeňişiň 72 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda, ähli şäher we obalarymyzda ençeme çäreler, uruş gatnaşyjylary bilen duşuşyklar, hatyra dabaralary geçirildi ...

Biz «Özbek halkyna parahatçylyk we amanlyk gerek» diýen çagyryşyn ähmiýetini çuňňur düşünen halda, parahatçylyk üçin her birimiziň jogapkärdigimizi unutmazdan , hemişe hüşgär we ätiýaçly bolup ýaşamalydyrys».

*Özbegistan Respublikasynyňi Prezidenti **Şawkat Mirziýoýewiň** 2017-nji ýylyň 9-njy maýynda sözlän sözünden.*

***Adalgalara düşündiriş:***

**Ýefreýtor -** ýönekeý esgere berilýän başlangyç harby dereje we şu derejä eýe bolan şahs.

**Kawaleriýa** – atly goşun.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Urşuň ilkinji günlerinde faşist basybalyjylaryna garşy söweşlerde özbegistanly söweşijileriň görkezen mertligi hakynda aýdyp beriň.
2. Özbegistanly söweşijiler Moskwa üçin söweşlerde nähili mertlik görkezdiler?
3. Uruşda düýpli öwrülişik ýasamaga özbegistanly söweşijiler nähili goşant goşdular?
4. Sobir Rahimowyň mertligini bilýärsiňizmi?
5. «Türküstan legiony» işine degişli nämeleri öwrendiňiz?
6. «Hatyra we Hormatlama güni» öň nähili atlandyrylýardy? Bu gün hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
7. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Söweşler | Gatnaşanlar | Olaryň tagdyry |
|---|---|---|
| Stalingrad | | |
| Berlin | | |
| Ýaponiýa | | |
| Dnepr | | |
| Gdansk | | |

## Özbaşdak iş

Özüňiz ýaşaýan şäherdäki, tümendäki uruş gatnaşyjylary, olaryň edermenlikleri barada referat ýazyň.

## § 19. Özbegistanyň ylmy we medeniýeti - ýeňiş üçin hyzmatda

**Özbek edebiýaty we sungaty faşizme garşy göreşde.** Uruş ýyllarynda Özbegistan şahyrlary, ýazyjylary, rassomlary, kompozitorlarynyň döreden eserlerinde watanperwerlik esasy orunda durdy. Hamid Olimjon, Gafur Gulom, Abdulla Kahhor, Oýbek, Sadriddiý Aýniý, Maksud Şaýhzoda, Sulton Jora, Amin Umariý, Oýdin we başga ýazyjylar hem-de şahyrlaryň şygyrlary

we dessanlarynda, publisistik eserlerinde faşizmiň eden-etdikleri paş edilip, halkymyzyň söweşjeňlik ruhy goldap-kuwwatlandy, duşmanyň üstünden ýeňiş gazanmaga bolan ynam artdyryldy.

Uruş ýyllarynda Özbegistan sungat işgärleri 30 sany konsert brigadalaryna bölünip, frontdaky söweşijilere 35 000 sany we gospitallarda 26 000 sany konsert görkezdiler.


Sungat wekilleri gospitallarda

Front brigadalarynyň düzüminde Tamara-honim, Halima Nosirowa, Sora Eşontoraýewa, Mukarrama Turgunboýewa, Abror Hidoýatow Olim Hojaýew, Gawhar Rahimowa, Karim Zokirow, Muhiddin Koriýokubow ýaly tanymal sungat işgärleri bardy.

Teatrlaryň repertuarlarynda harby we taryhy eserler üstün bolup galdy. Teatrlaryň sahnasynda Hamid Olimjanyň «Mukanna», Uýgun we Izzat Sultonyň «Alişer Nawoiý», Hamid Olimjan, Uýgun we Sobir Abdullanyň «Özbegistan ^ gylyjy», Oýbegiň «Mahmud Torobiý», Maksud Şaýhzodanyň «Jaloliddin Manguberdi» ýaly we başga dramatik eserler çykyş edildi.


T.Kori-Niýoziý

**Özbegistan SSR ylymlar akademiýasynyň döredilmegi we işi.** SSSR ylymlar akademiýasynyň Özbegistan filiali urşuň birinji günlerinden başlap örän möhüm halk hojalyk we goranmak problemalaryny çözmäge aktiw gatnaşdy. Şu maksatda institutlaryň ylmy-barlag işleriniň planyna möhüm özgerişler girizildi. SSSR halk Komissarlary Soweti başlygy I.W.Staliniň 1943-nji ýylyň sentýabrdaky karary esasynda SSSR YA Özbegistan SSR filiali (ÖzYAN) esasynda 1943-nji ýylyň 4-nji noýabrynda, Ikinji jahan urşunyň iň güýjän wagtynda, Daşkentde Özbegistan SSR ylymlar akademiýasy (ÖzSSR YA) döredildi. Tanymal özbek matematik alymy Taşmuhammet Niýozowiç Kori-Niýoziý (1897 -1970) akademiýanyň prezidenti edip saýlandy. Öň bar bolan dil, edebiýat we taryh instituty bolsa Özbek dili we edebiýaty hem-

de Taryh we arheologiýa institutlaryna bölünip, täze döredilen ÖzSSR YA düzümine girizildi.

Özbegistan alymlary Ikinji jahan urşy ýyllarynda özleriniň üstünlikli işleri bilen döwlet ylmynyň abraýyny artdyrmaga, tüýs ýürekden eden zähmeti bilen döwletiň ykdysady hem-de harby gudratyny artdyrmak we berkitmäge uly goşant goşdular. Bu işde olara uruş ýyllarynda Özbegistana göçürip getirilen RSFSR we başga soýuzdaş respublikalaryň alymlary hem örän köp kömek berdiler. Diňe Daşkentiň özüne döwletiň tanymal ylmy işgärlerinden 375 sany adam gelip, olar respublikanyň mümkinçiliklerini mümkin boldugyça uruş zerurlyklaryna çekmek ýollaryny gözläp tapmak, ylmy problemalary çözmäge we ýerli ylmy kadrlary taýýarlamaga kömek beripdiler.

**Özbegistanyň Russiýa, Belorussiýa we Ukraina intellektual elitasyny saklap galmakdaky roly.** Bu döwürde respublikamyza Moskwa, Leningrad, Kiýew, Minsk, Woronež we başga şäherlerden 31 sany ýokary okuw jaýy we 7 sany harby akademiýa ewakuasiýa edildi. Göçürip getirilen ýokary okuw jaýlarynyň, birnäçe ylmy-barlag institutlarynyň respublikada bolmagy Özbegistandaky ähli ýokary okuw jaýlaryny ähli okuw we ylmy-barlag işlerini Merkez derejesine ýene-de ýakynlaşdyrmak mümkinçiligini berdi.

**Pikir ediň!**
7-nji synpda alan maglumatlaryňyzy ýadyňyza salyň! W.Grekow, S.Tolstow, A.Ýakubowskiý ýaly alymlaryň döwletimiz taryhyndaky hyzmatlary nämelerden ybarat boldy? Olaryň meşhur pikirlerini ýadyňyza salyň!

Uruş ýyllary Özbegistan, meselem, Daşkent şäheri müňlerçe ylym, edebiýat we sungat öňdebaryjylary üçin azatlyk bişigi bolup hyzmat etdi. Bu döwürde faşistleriň basyp alan çäklerinde alymlardan daşary 200 sanydan gowrak tanymal ýazyjy we şahyrlar, tankytçylar we edebiýatşynaslardan Anna Ahmatowa, Alekseý Tolstoý, Wladimir Ýan, Aleksandr Deýç, Nikita Pogodin, Ýakub Kolas, Ýanka Kupala, Lidiýa Bat, Wiktor Žirmunskiý we başgalar bardy. Olar Özbegistanyň edebiý durmuşyna kabul edilip, döredijilik etmekleri üçin ähli şert döredilip berildi. Özbek şahyr we ýazyjylary olar bilen arkalaşykda

«Biz ýeňiş gazanarys» atly almanah we «Özbegistan şahyrlary fronta» atly antologiýa döretdiler.

Gepiň gysgasy, uruş ýyllarynda Özbegistan halky beýil adamkärçilik nusgalaryny görkezip, wagtynça basyp alnan çäklerden respublika göçürip getirilen ilaty, aýratyn hem, çagalar we intellektual elitany saklap galmakda kömek berdiler.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Özbegistan ylymlar akademiýasynyň döredilmegi hakynda aýdyp beriň.
2. Özbegistana Günbatardan nähili ylmy edaralar göçürip getirildi?
3. Ýokary tälim ugrunda ýagdaý nähilidi?
4. Uruş ýyllarynda döredijilik eden ýazyjy we şahyrlardan kimleri bilýärsiňiz? Şu ýyllarda nähili eserler döredildi?
5. Öýe işi. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Özbek ýazyjylary | göçüp gelen ýazyjylar | Özbek alymlary | göçüp gelen alymlar |
|---|---|---|---|
| | | | |

# DÖRDÜNJI BAP. ÖZBEGISTANYŇ SOSIAL-YKDYSADY ÝAGDAÝY WE ÖSÜŞINIŇ PROBLEMALARY (1945 - 1959-njy ý.ý.)

## § 20. Özbegistan halk hojalygynyň uruşdan soňky ýagdaýy

**Senagaty gaýta gurmak.** Ikinji jahan urşy gutaran bolsa hem emma urşuň agyr netijeleri respublikanyò durmuşynyň hemme pudaklarynda, şeýle hem, senagatda has duýulýardy. Özbegistanyň senagatyny dikeltmek, ilaty azyk we senagat harytlary bilen üpjün etmek üçin ýangyç, elektrik energiýasy, şeýle hem, kämil hünärmenler we inžener-tehnik işgärlere ýetmezçilik duýulýardy. Bu çylşyrymly meseleleri çözmek üçin Özbegistanyň geografik ýagdaýy, milli däp-dessurlaryny, halkyň peýdalaryny hasaba alyp, halk hojalygyny ösdürmegiň anyk planlaryny işläp çykmak zerurdy. Emma beýle bolmady. Merkeziň bähbitlerinden gelip çykmak bilen Özbegistanyň ykdysadyýetini dikeltmek we ösdürmek meýilnamalary düzüldi.

Merkeziň uly meýilnamalarynda Özbegistana diňe çig-mal ýetirip berýän çetde duran bir ülke diýip seredilýärdi. Edil şu zat Özbegistan ykdysadyýetiniň aslynda bir taraplaýyn ösüp barmagyna alyp geldi. Munda çig-maly gaýtadan işleýän kärhanalary örän az bolup, bu zat sosial planlary amala aşyrmaga päsgel berýärdi.

1945-nji ýylyň ahyryna gelip Özbegistanyň maşyn gurluşygy senagaty oba hojalygy we irrigasiýa zerurlyklary üçin maşyn we enjamlar işläp çykarmaga geçirildi. Özbegistan metallurgiýa zawodynda 1946-njy ýylda täze prokat sehi işe düşürildi. Şu ýyllarda **Polwontoş** we **Günorta Olamuşuk** nebit känleri açyldy we özleşdirildi. Ferganada nebiti gaýtadan işleýän zawody peýdalanmaga tabşyryldy.

**Ýatda saklaň!**
Özbegistana diňe çig-mal ýetirip beriji ülke hökmünde garalmagy onuň ykdysadyýetiniň bir taraplaýyn ösüşine alyp geldi. Meselem , respublika Soýuzyň esasy pagta bazasy bolup galyberdi. Halk hojalygy (senagat, oba hojalygy we ş.m.) başga ugurlarynyň ösüşi pagtaçylygyň bähbitlerine

boýun egdirildi. Bäş ýyllyk planlary düzmekde senagaty dolandyrmagyň ykdysady usullary inkär edildi.

**Özbegistanda pagta monokulturasy we onuň netijeleri.** 1946-njy ýylyň 5-nji fewralynda SSSR hökümeti “ 1946-1953-nji ýyllarda Özbegistanda pagtaçylygy dikeltmek we ýene-de ösdürmek plany we çäreleri dogrusynda” karar kabul etdi. Bu karara esasan Özbegistanda pagta monokulturasyny üzül-kesil yglan etmäge gönükdirilipdi. Sowet hökümetiniň görkezmesi bilen azyk ekinleriniň suwarylýan meýdanlary **çigit** ekmek üçin bölündi. Şeýlelikde pagta ekin meýdanlary köpeldildi. 1946-njy ýylda ÖzSSR üçin pagta ekin meýdany 779 000 gektar edip belgiläp berildi. Şol ýyly respublikada 218 000 gektar suwarylýan meýdan diňe pagta ekmek üçin boşadyldy. Şonuň üçin hem pagta ýetişdirmek ýyldan-ýyla ösdi. Emma pagtanyň haryt nyrhy artdyrylmady. Azyk önümlerini ýetişdirmek gysgaryp, azyk problemasy ýitileşdi. Ekologiýa bozulyp, ilatyň saglygyna ýaman täsir etdi.

1948-nji ýylda “Taşselmaş” zawody pagta ýygýan maşynlaryň ilkinji partiýasyny işläp çykardy. Aradan bir ýyl geçenden soň “Taşawtomaş” zawody işe düşürilip, traktorlar, pagta ýygmaga uýgunlaşdyrylan maşyn we traktor prisepleri (teležkalar) ni işläp çykarmak ýola goýuldy. Şu zawodyň bazasynda 1969-njy ýylda **Daşkent traktor zawody (TTZ)** guruldy. Emma bütin tehnikanyň maşyn-traktor stansiýalary (MTS) elinde toplanmagy ýaman netijelere alyp geldi.



Pagta punkty

**Hünärmentçiligiň ýagdaýy.** 1947-nji ýylyň dekabrynda döwletde azyk we senagat harytlaryna kartoçka sistemasy ýatyryldy. Her ýylda gündelik zerur bolýan önümleriň bahasy arzanlaşdyrylyp baryldy. Emma halkyň durmuş derejesi bu wagtda gowulaşmady diýen ýalydy.

Emma sowet häkimiýeti tarapyndan hünärmentleriň hak-hukuklary, erkin işi çäklendirip goýuldy. Olar kooperatiw artellere birleşdirip goýuldy. Uruşdan

**Pikir ediň!**

1. Uruşdan soňky ýyllarda Özbegistanda oba hojalygy we senagat bir taraplaýyn ösdi. Bu hadysanyň döwletimiziň bu günki gündäki ösüşinde özboluşly gowy we ýaman taraplaryny açyp görkezmäge hereket ediň.
2. “1945-nji ýylda Özbegistanda 850 000 tonna pagta ýetişdirilen bolsa, 1950-nji ýylda onuň mukdary 2 222 000 tonna ýetdi”. Oýlap görüň, ýyllyk plana näçe mukdarda pagta tabşyrmak goşup berlen?

soňky ýyllarda hünärmentçilik kooperasiýasynyň düzüminde birnäçe ýüz arteller iş alyp barýardy. Ýeke tertipde hünärmentçilik bilen meşgullanmak gadagan edildi.

**Özüňizi barlap görüň!**

TTZ - bu ... Pagta monokulturasy - bu ...
1946-njy ýyl-bu ... MTS-bu...
Polwontoş we Günorta Olamuşuk - bu ... 1948-nji ýyl - bu ...

**Mürzeçöl we başga çäklerde boz we tarp ýerleri özleşdirmek.**

Özbegistanda pagtaçylygy ösdürmek üçin täze ýerleri özleşdirmek, irrigasiýa gurluşyny giňeltmek, suwarylýan sistemalary kämilleşdirmek gerekdi.



Mirzaçölde

KPSS MK we SSSR Ministrler Sowetiniň 1956-nji ýylyň 6-njy awgustynda «Pagta ýetişdirmegi köpeltmek üçin Özbegistan SSR we Gazagystan SSR-daky Mürzeçölüň tarp ýerlerini suwarmak dogrusynda»ky karary kabul edildi. Onda pagta ekilýän meýdanlary Özbegistan SSR-da 200 000, Gazagystan SSR-nde 100 000 gektara çenli giňeltmek planlaşdyryldy. Mürzeçöli giň gerimde özleşdirmek işleri başlandy.

Mürzeçölüň ýerlerini özleşdirmek işlerine dogrudan-dogry ýolbaşçylyk etmek üçin ýörite «Glawgolodnostepstroý» guramasy düzüldi. 1955 -1959-njy ýyllaryň dowamynda Özbegistanda 160 000 gektardan gowrak täze ýerler özleşdirildi. 1961-nji ýyl Mürzeçöl şäherçesi **Gülüstan** şäherine aýlandyryldy.

Şeýle hem, 1956-njy ýylda Özbegistanda pagta haryt nyrhlaryny artdyrmak, goşmaça sylaglar tölemegiň täze tertibi, MTS-lere tölenýän natura hakynyň

stawkalaryny 40 % kemeltmek, suw üçin tölenýän haky ýatyrmak, mineral dökünleriň nyrhyny peseltmek yglan edildi.

Özbegistanda tarp we boz ýerleri özleşdirmek hem-de pagta ekinleriniň meýdanyny gitdigiçe giňeltmek soňky ýyllarda hem dowam etdirildi.

***Adalgalara düşündiriş!***

**Prokat sehi** – aýlanyp durýan iki juwa (wal) arasyndan gysyp geçirmek ýoly bilen dürli görnüşdäki metal önümler işläp çykarmak, prokat emele getirmek.

**Monokultura** – çalşyp ekilmäge amal edilmedik ýagdaýda meýdanda diňe bir görnüşdäki ekini yzygiderli ýetişdirmek.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Uruşdan soň Özbegistanyň ykdysadyýetini ösdürmek plany näme esasda düzülipdi?
2. "Özbegistan ykdysadyýetiniň bir taraplaýyn ösdürilişi" diýende nämäni düşündiňiz?
3. Pagta monokulturasy näme?
4. Mürzeçöli özleşdirmek näme maksatda amala aşyrylypdy?
5. Senagat kärhanalary nähili maksatlarda gaýtadan enjamlaşdyryldy?
6. Hünärmentçiligiň ösmegine nämeler päsgel berdi? Siziň pikiriňize görä, ýeke tertipdäki hünärmentçiligiň gadagan edilmegine näme sebäp bolan bolmagy mümkin?

## § 21. Zyýalylaryň repressiýa edilmegi we sowet jemgyýetinde şahsa sygynmagyň paş edilmegi

**Özbegistan zyýalylarynyň repressiýa edilmeginiň täze basgyjy.** Uruş gutarandan soň aradan köp wagt geçmän Özbegistan SSR boýunça ýene bir köpçülikleýin repressiýa tolkuny ýetip geldi. XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyry we 50-nji ýyllaryň başlaryndaky repressiýalar esasan **medeniýet we ylym işgärlerine** garşy gönükdirilendi. Özbegistan Kompartiýasynyň Merkezi Komiteti Merkeziň görkezmelerine esaslanyp dünýägaraýşy we döredijiligi kommunistik partiýanyň ideologiýasyndan tapawut edýän dörediji zyýalylar wekillerine garşy hüjüm başladylar. Özbegistan Kompartiýasy Merkezi

Komitetiniň býurosy 1950-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda “Özbegistan SSR ylymlar akademiýasynyň işi dogrusynda”ky meseläni görüp, akademiýanyň alymlaryndan gündogarşynas we taryhçy **Abdusamad Bobohojaýew**, edebiýatşynas we filosof **Wohid Zohidow**, ykdysatçy **Olim Aminow**, dilşynas Olim Usmonow we başgalary nähak garalady.

**Pikir ediň!**
9-njy synp edebiýat dersinde okan “Alpamyş” dessanyndaky wakalaryny ýadyňyza salyň. Pikir ediň, näme üçin bu döwürde “Alpamyş” dessanyny okamak gadagan edildi.

Ahyrynda , 1952-nji ýylyň fewralynda Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň ideologik meselelerine bagyşlanan X plenumy (köpçülikleýin mejlis) bolup geçdi. Onda Özbegistan Kompartiýasy MK birinji sekretary **Amin Niýazow** “Respublikada ideologik işiniň ýagdaýy we ony gowulandyrmak çäreleri dogrusynda “ doklad etdi. Doklatda Özbegistan zyýalylaryndan bir topary (ýazyjylar, alymlar, şahyrlar we b.) nädogry görnüşde milletçilikde günälendi. Özbek halkynyň repressiýa edilen bu wekilleriniň eserleri we “Alpamyş” dessanyny okamak gadagan edildi. Dokladda ÖzSSR YA düzümindäki Taryh we arheologiýa, Gündogarşynaslyk, Özbek dili we edebiýaty institutlarynyň alymlary ýiti görnüşde, emma nähak tankyt edildi. Şu plenum we onda kabul edilen kararlar Özbegistanyň ruhy durmuşyna güýçli zarba boldy.

Dörediji zyýalylardan Said Ahmad, Şukrullo, Mirzakalon Ismoiliý, Şuhrat, Maksud Şaýhzoda, Mirkarim Osim, Nemat Toşpolat, Ýongin Mirzo, Hamid Sulaýmonow, Muhiddin Koriýokubow we başgalar (12 adam) “sowetlere garşy milletçilik işi” alyp barmakda günälenip, **1951-nji ýylda** tussag edildi we 25 ýyla azatlykdan mahrum edildi. Olar “halklar atasy” we “halklar akyldary” I.W.Stalin wepat edenden soň birnäçe ýyl geçip, 1955-nji ýylda sowet režimi tarapyndan aklanyp, tussagdan azat edildi we Özbegistana gaýtdylar. Şol wagtda özbek halkynyň buýsanjy hasaplanan Oýbek repressiýa uçrady.

**Staliniň ölümi we şahsa sygynmak netijelerini ýatyrmak ugrundaky hereketler.** 1953-nji ýylyň 5-nji martynda KPSS MK Baş sekretary we SSSR Ministrler Sowetiniň başlygy **Iosif Stalin** wepat etdi. **Georgiý Malenkow** SSSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipesine saýlandy.

**Ýatda saklaň!**

Stalin kommunistik partiýa we sowet hökümetine ýolbaşçylyk eden 30 ýyldan gowrak wagt dowamynda (1922-1953) döwletde onuň şahsyna sygynmak has ýokara galdy. Şahsa sygynmak şertinde häkimiýet ýokary derejedäki gymmatlyga aýlandy, ony dolandyrýän bir ýa-da birnäçe şahslar ylahylaşdyryldy.

1956-njy ýylyň 25-nji fewralynda bolan KPSS XX sýezdiniň ýapyk mejlisinde KPSS MK Birinji sekretary **Nikita Hruşew** şahsa sygynmak we onuň netijeleri dogrusynda doklad etdi. Dokladda Staliniň şahsyna sygynmak garalandy we onuň netijelerini ýatyrmaga girişildi.

Bu döwürde repressiýa edilenleri aklamak hadysasy hem başlandy. Özbegistan boýunça atylan we tussag edilenlerden **40 000** sana golaý adam aklandy. Repressiýa edilip, gabawa taşlanan we sürgüne goýberilen ýurtdaşylarymyzyň bir bölümi Özbegistana gaýdyp geldii. Emma olary aklamak hem kommunistik ideologiýa nusgalary astynda amala aşyryldy. Hökümdar sowet režimi özüne makul bolan şahslary graždan (pukara) hökmünde aklady. Şonuň bilen birlikde 1953-nji ýyldan soň hem başgaça pikirleýjiler yzarlandy hem-de olaryň “iň ýitilerini” hemişelik görnüşde repressiýa edip baryldy.

**Özbegistany syýasy dolandyrmakdaky özgerişler we ýolbaşçylaryň çalyşmagy.** 1950-nji ýylyň aprelinde Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary **Usmon Ýusupow** öz wezipesinden azat edilip, Moskwa SSSR Pagtaçylyk ministri wezipesine saýlandy. Emma I.W.Staliniň ölüminden soň bu ministrlik ýatyrylyp, Usmon Ýusupow 1953 - 1954-nji ýyllarda Özbegistan SSR Ministrler Sowetiniň başlygy boldy. Gynansak-da, KPSS MK Birinji sekretary Nikita Hruşew 1954-nji ýylda ony esassyz görnüşde respublika hökümetiniň ýolbaşçylygyndan azat edip, Mürzeçöldäki “4-Baýowut” sowhozyna direktor edip goýberdi.

**Pikir ediň!**

Oýlap görüň we netije çykaryň.

«Içeri işler halk komissarlary (NKWD) işinde örän uly kemçiliklere we kanunyň bozulmagyna ýol goýulýardy. Köpçülikleýin tussag edilmeklere zor berildi, köp ýagdaýlarda olar ýeterli derejede esaslanmady. Içeri işler halk komissarlygynda, onuň raýonlardaky bölümlerinde, hat-da, iň köp tussag etmek

üçin ýaryş yglan edildi. Bu bolsa ýeterli derejede esaslanman tussag etmek üçin giň ýol açdy»

*Özbegistan KP(b) MK birinji sekretary Usmon Ýusupowyň Moskwa Staline ýazan haty.*



Sobir Kamolow

Ozbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary wezipesinde 1950 - 1955-nji ýyllarda **Amin Niýazow,** 1955 - 1957-nji ýyllarda **Nuriddin Muhitdinow,** 1957-nji ýylyň dekabryndan 1959-njy ýylyň mart aýyna çenli **Sobir Kamolow** (1910 -1990) iş alyp bardy.



Amin Niýazow

Amin Niýozow döwründe Özbegistan zyýalylaryna görä repressiýa syýasatyny alyp bardy. Ol Margilonda doglan bolup, öz obadaşy Ýoldaş Ahunbabaýewiň wepatyndan soň aradan köp geçmän 1947-1950-nji ýyllarda Özbegistan SSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy wezipesinde işläpdi.

Nuriddin Muhitdinow 1951-1953 we 1954-1955-nji ýyllarda Özbegistan SSR Ministrler Soweti başlygy hem-de 1957 – 1961-nji ýyllarda (5 ýyl) KPSS MK Prezidiumy agzasy hem-de KPSS MK ideologiýa sekretary ýaly jogapkär wezipelerde işläpdi.



Nuriddin Muhitdinow

Ol özbek zyýalylarynyň aklanmagyna baºyny baºlaýjy boldy. Pagtanyň haryt nyrhyny artdyrmagy Merkeziň öňüne goýup, ol munuň hötdesinden geldi. Sobir Kamolow Daşkentli bolup, ol diňe 15 aý dowamynda respublika partiýa guramasyny dolandyrdy. _ Bu döwürde Özbegistanda kadrlary millileşdirmek hadysasy köpçülikleýin görnüşde amala aşyrylyp başlandy, yslam dinine erkinlikler berildi. Bu ýagdaý Merkeziň ýolbaşçylary (N.Hruşew, M.Suslow we b.)a ýakman, ol öz wezipesinden alyp taşlandy.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Zyýalylaryň nähili topary yzarlanyp, repressiýa edildi?
2. Şahsa sygynmak diýende nämäni düşündiňiz?
3. Näme sebäpden milletiň zyýaly we lider şahslary repressiýa edildi?
4. Özbegistan SSR-yň ýolbaşçy wezipesinde iş alyp baran şahslar näme üçin tankyt edildi?
5. Repressiýa duş gelen şahslar boýunça aşakdaky jedweli dolduryň.

| Repressiýa edilen ýyly | Şahyrlar | Ýazyjylar | Alymlar |
|---|---|---|---|
| | | | |

6. Özbegistan SSR ýolbaşçylarynyň işi boýunça aşakdaky jedweli dolduryň.

| Özbegistan SSR ýolbaşçylary | A.Niýazow | N.Muhitdinow | S.Kamolow | U.Ýusupow |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

## 22-§. Özbegistanda senagatyň bir taraplaýyn ösüşi

**Senagat ugrundaky ýagdaý**. Şol döwürde SSSR çäkleriniň regional bölümi bolan Özbegistan SSR Merkezde işläp çykylan ykdysady syýasaty sözsüz amala aşyrmaga mejburdy. Uruşdan soňky bäş ýyllyklarda (1946 -1950-nji ýyllardaky dördünji we 1951 – 1955-nji ýyllardaky **bäşinji** bäş ýyllyk döwründe) döwlet senagatyny ösdürmek üçin köp mukdarda kapital serişdeler goýberildi. Emma olaryň köpçüligi agyr senagata sarplandy.

Özbegistanda birnäçe iri himiýa kärhanalarynyň gurluşy peýdadan görä köpräk pes netijelere alyp geldi. Birnäçe kärhanalar, (Çyrçyk elektrohimiýa kombinaty, Nowaýy himiýa kombinaty we baş.) Täzeýol biohimiýa

**Ýatda saklaň!**
Özbegistanda agyr senagat esasan pagtaçylygy ösdürmäge, ýagny Merkeziň peýdalary üçin hyzmat edipdi. Şonuň bilen birlikde, senagat gurluşynda öňki görkezmeler saklanyp galyberdi. Bu ýagdaý ösen döwletlerde işläp çykarmakda giňden ulanylýan täze tehnologiýalar, ylym we tehnika üstünliklerinden peýdalanmagy göz öňünde tutmaýardy.

zawody ilatyň gür ýaşaýan ýerlerinde bolup, olar daş-töweregi hapalady we ekologik ýagdaýy çylşyrymlaşdyrdy. Atmosfera zyýanly maddalaryň çykmagy

netijesinde tebigata, ösümlik we haýwanat dünýäsine zyýan ýetirdi. Iň uly zeleli bolsa bu ýerde ýaşaýan ynsanlar gördi.

Ýeňil senagatda hem dürli durnuksyzlyk ýagdaýlary we dartgynlyklar bardy. Ýeňil senagatda işläp çykarmak planlary 5erine ýetirilmeýärdi, ilatyň gündelik zerur harytlary bilen üpjün etmek derejesi Soýuza garanda birnäçe esse kem boldy.

**Transport we ondaky problemalar.** Özbegistan senagatynyň ösmegi bilen bir hatarda transport hem ösüp bardy. Transport pudagy arkaly ähli senagat merkezleri ýeke-täk topluma birleşdirildi.

**Pikir ediň!**
**Agyr we ýeňil senagat ugurlaryna nämeleriň girýänligini ýadyňyza salyň. Ýeňil senagata ünsüň peselmeginiň sebäplerini düşündiriň.**

Bu döwürde awtomobil transporty hem ösdi. Köne ýollar düzedildi, täze asfalt we beton ýatyrylan ýollar guruldy. Awtomobil baza we parklary döwrebap täze maşynlaryň hasabyna köpeldi. 1959 - 1968-nji ýyllarda Daşkent uly halka awtomobil ýoly proýektleşdirildi we guruldy.

Özbegistan howa ýollarynda XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryndan başlap ýokary tizlikler we uçuşlar döwrüni açyp beren TU-104 markaly ýolagçy daşaýan samolýotlar peýda boldy. Howa transporty işgärleri soňky ýyllarda täze samolýotlaryň köpçüligini özleşdirdiler. Käbir şäherlerde döwrebap aeroportlar guruldy. Bu Özbegistan şäherlerini özara baglanyşdyrdy, şeýle hem, döwletiň paýtagty Moskwa, başga respublikalar we döwletleriň paýtagtlarynyň ortasynda yzygiderli perwazlar ýola goýuldy.

**Pikir ediň!**
Birinjisi haýsy bolanlygyny ýadyňyza salyň. Ol haçan, näme maksatda guruldy?

Emma transport ugrunda hem birnäçe problemalar boldy. Demir ýollar we awtomobil ýollarynyň gurluşy başga respublikalar, meselem, Türkmenistan, Täjigistan, Gazagystan çäklerinden geçirilip, ykdysady taýdan olar Merkeze bakna edip goýuldy. Beýle syýasatyň heläkçilige alyp barýanlygy SSSR dargap, regionda garaşsyz döwletler döredilenden soň aýratyn duýuldy.

Mundan başga demir ýollar pudagyny elektrleşdirmek, ýük we ýolagçylar daşamagy dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan sistemasyny döretmek işleri haýallyk  bilen alyp baryldy. Şeýle hem, transportyň ähli görnüşlerinde ýolagçylara hyzmat görkezmek barasynda hem kemçilikler bardy.

**Kadrlary taýýarlamak meseleleri we ruslaşdyrmak syýasaty.** Merkeziň milli syýasatynda kadrlar meselesi möhüm orun tutdy. Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň ikinji sekretarlary, Özbegistan SSR Ministrl-

> **!** **Özüňizi barlap görüň!**
> Çärjew - Goňrat - bu ...
> Daşkent uly halka ýoly - bu ...
> Goňrat - Beýnow - bu ...
> Himiýa kärhanalary - bu ...

er Sowetiniň başlygy hem-de Özbegistan SSR Ýokary Soweti Prezidiumy başlygynyň birinji orunbasarlary, Döwlet howpsuzlyk komiteti we möhüm ministrlikleriň başlyklary, welaýat we şäher partiýa guramalarynyň ikinji sekretarlary Moskwadan goýberilen wekiller (esasan slawýan we ermeniler)den ybarat bolup, olar uly hukuk we ýeňilliklere eýedi, respublikadaky kadrlar ykbalyny öz ygtyýarlary bilen çözüpdirler. Mundan daşary Merkeze boýun egýän wezipeler hem bardy. Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary, respublika hökümeti we döwlet organlarynyň başlyklary, welaýatlar partiýa komitetleriniň birinji sekretarlary we welaýat ispolnitel komitetleriniň başlyklary esasan ýerli millet wekillerinden saýlansa hem bu kandidaturany Kreml hödürleýärdi. Daşardan garanda Özbegistany özbekler dolandyrýan ýaly görünýärdi, hakykatda bolsa häkimiýeti dolandyrmak jylawy Moskwanyň elindedi. Bu ýagdaý sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda yglan edilen bolup, oňa sowet gurluşy krizise duş gelýän döwrüne çenli amal edildi.

Beýle syýasat ýerli ilatyň  bähbitlerine zyýan ýetirýärdi. Öňdebaryjy senagat ugurlary üçin hünärmenler Merkezden teklip edildi. 1959-njy ýylda respublika ilatynyň düzüminde özbekleriň goşandy **62 göterimden** gowrak bolsa hem ondaky özbek işçileriniň mukdary diňe **43 göterimi** döretdi. Soýuza boýun egýän kärhanalar esasan Russiýa we başga respublikalardan teklip edilen hünärmenler we işçiler bilen üpjün edilýärdi. Beýle kärhanalarda iş haky ýerli senagat kärhanalaryndaka garanda 2-3 esse we ondan hem zyýat

boldy. Kadrlar syýasatyndaky beýle ýagdaýlar we ruslaşdyrmak syýasaty ýerli ilatyň maddy we ruhy mümkinçiliklerine zyýan ýetirip, respublikada sosial ýagdaýiň ýitileşmegi hem-de milletlerara aragatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna esas döretdi.

**?**

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Uruşdan soňky ýyllarda senagatyň ösüşinde nähili dartgynlyklar bardy?
2. Merkeziň Özbegistanda agyr senagaty ösdürmekdäki peýdalary nämededi?
3. Respublika senagatynyň merkeze baknalygy nämelerde göründi?
4. Özbegistanda ýolbaşçylaryň wezipä saýlanmak tertibi nähilidi?
5. Täze demir we awtomobil ýollarynyň gurluşy hakynda nämeleri bilýärsiňiz? Olary gurmakdan gözlenýän maksat nämelerdi?
6. Öýe işi. Her bir ugurda amala aşyrylan çäreleriň öz döwri we bu günki gün üçin ýaman we gowy taraplaryny bölüp görkezmäge hereket ediň.

| Ugur | Oňyn | Erbet |
|---|---|---|
| Agyr senagata üns | | |
| Himiýa zawodlary | | |
| Kadrlary ýetişdirmek | | |

# BÄŞINJI BAP. ÖZBEGISTAN DURNUKLY ÖSÜŞ DÖWRÜNDE (1959 - 1983-nji ý.ý.)

## 23-§. Özbegistanyň syýasy durmuşyndaky özgerişler hem-de sowetleriň partiýa organlaryna baknalygy

Özbegistanda syýasy ýolbaşçylaryň özgermegi. Şol döwürde sowet jemgyýetiniň syýasy sistemasyna partiýa, dürli derejedäki Sowet organlary, profsoýuz guramalary, komsomol (ýaşlar guramalary) girýärdi. Sistemanyň esasy sütüni partiýa hasaplanýardy. Ol özüni başçylyk edýän we ugrukdyryjy güýç hasaplap, Sowetler we jemgyýet guramalaryna öz täsirini amalda zorluk bilen geçirýärdi.



Şarof Raşidow

1959-njy ýylyň 15-nji martynda Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary wezipesine **Şarof Raşidow** (1917 - 1983) saýlandy. Ol bu wezipede ömrüniň ahyryna çenli üstünlikli iş alyp bardy.

Şarof Raşidow görnükli döwlet, syýasat we jemgyýet işgäri hem-de meşhur ýazyjy boldy. 1917-nji ýylyň 7-nji noýabrynda Jizzahda doglan. Ol 1950-1959-njy ýyllarda Özbegistan SSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy hökmünde özünden gowy täsirleri galdyrdy. Ol talantly guramaçy we ussat başlykdy. Ş. Raşidowyň ýolbaşçylygynda Özbegistanyň ykdysadyýeti we medeniýetini ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy. Pagtaçylygy ösdürmek, täze ýerleri özleşdirmek, 1966-njy ýyldaky ýer titremesinden soň Daşkendi gaýta dikeltmek işine ol köp güýç-kuwwat we gaýratyny sarp etdi. Daşkent



Daşkent metropoliteniniň gurluşy

metropoliteninin̈ gurluşy onun̈ başlangyjy bilen başlandy. Metropoliten̈iň birinji nobaty (9 sany duralga) 1977-nji ýylyň noýabrynda işe düşürildi.

**Pikir ediň!**

Özegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan 2017-nji ýylyň 27-nji martynda «Şarof Raşidowyň doglan gününiň 100 ýyllygyny bellemek dogrusynda»ky kararynyň kabul edilmeginiň möhümligi we ähmiýeti nämede diýip oýlaýarsyňyz?

1959 - 1970-nji ýyllarda **Ýodgor Nasriddinowa** 1970 -1978-nji ýyllarda **Nazar Matçanow,** 1978 - 1983-nji ýyllarda **Inomjan Usmanhojaýew** Özbegistan SSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy wezipelerinde iş alyp bardy.



Inomjan Usmanhojaýew

1959 - 1961-nji ýyllarda **Orif Alimow** 1961 **-1971-nji ýyllarda Rahmonkul Gurbanow** 1971 -1984-nji ýyllar-da NorMuhammeti Hudoýberdiýew Özbegistan SSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipelerinde zähmet çekdiler.

**Ýatda saklaň!**

Ýodgor Nasriddinowa Kokantda doglan bolup, komsomol we partiýa organlarynda ýolbaşçy wezipelerinde işledi. Ol diňe Özbegistanda ýa-da SSSR-da däl, belki bütin Gündogarda parlament başlygy bolan **birinji aýaldyr.** Ý.Nasriddinowa 1970 - 1974-nji ýyllarda SSSR Ýokary Sowetiniň Milletler Sowetiniň başlygy wezipesinde hem iş alyp bardy.



**Halkyň maddy ýagdaýyndaky öňe gidişlikler.** XX asyryň 60 – 80-nji ýyllarynda öňki döwürlere garanda halkyň durmuş derejesi gowulandy, onuň maddy ýagdaýynda gowy özgerişler bolup geçdi. Şäher we oba ilaty, meselem, obalarda ýaşaýan özbek maşgalalary täze öý-jaýlary gurdy. Her bir öýlerde telewizor, holodilnik, kir ýuwýan maşynlary hem-de ýeňil awtomobiller peýda boldy. Ýaşaýyş gyzyksyz bolman, durmuşdan lezzet almak peýda boldy. Özbek

**Özüňizi barlap görüň!**

Şarof Raşidow - bu ...

Ýodgor Nasriddinowa - bu ..

Nazar Matçanow - bu ...

Inomjan Usmanhojaew - bu

**Pikir ediň!**

Okaň we netije çykaryň!

SSSR Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda KPSS-yň sowet döwletindäki öňdebaryjylyk roly kanun bilen pugtalap goýulandy. Ynha şu maddada kommunistik partiýa jemgyýetiň başçylyk edýän we ugrukdyryjy güýji diýip ýazylandy. Konstitusiýanyň bu maddasy jemgyýetde partiýanyň öňdebaryjylyk roluny üpjün edip berdi, onuň sowet we jemgyýet guramalarynyň üstünden hökümdaryik etmeklerine esas bolup hyzmat etdi.

halkynyň toý-märekeleri hem dabaraly geçip başlady. Emma bu döwürde hem ruhyýete güýçli zyýan ýetirildi. Aýratynam, Özbegistanyň ykdysadyýeti Merkez peýdalaryna doly boýun egdirildi.

Bu döwürde Özbegistanda dürli senagat kärhanalary guruldy, täze şäher we posýoloklara esas salyndy. Mürzeçöl, Surhon-Şerobod we Garşy çölüniň özleşdirilmegi netijesinde ekin meýdanlary giňeldildi.

**KPSS-yň ýolbaşçylyk roly we häkimiýetiň ýerlerdäki syýasy organlary.** Sowet jemgyýetinde döwlet dolandyryş organlary dürli derejedäki Sowetler boldy. Ýokary Sowetden başlap oba sowetlerine çenli bolan organlar zähmetkeşleriň bähbitlerini goramalydy. Hakykatda bolsa beýle bolmady.

1977-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda kabul edilen SSSR-yň täze Konstitusiýasy milli respublikalaryň hukuklaryny resmi çäkledi we Merkeze giň hukuklar alyp berdi. Bu konstitusiýa KPSS MK Baş sekretary we SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy **Leonid Iliç Brežnew** (1906 - 1982) ýolbaşçylygynda taýýarlandy we döwletde ösen sosialistik jemgyýet gurmak teoriýasyny öňe sürdi.

**Sowetler we jemgyýetçilik guramalarynyň hukuklarynyň ýatyrylmagy.** Özbegistanda hem edil bütin Soýuzda bolşy ýaly zähmetkeşler deputatlarynyň raýon, şäher, welaýat Sowetleri hem-de respublika Ýokary Soweti ikinji derejeli meseleleri hem partiýa komitetlerinden rugsat almazdan çözüp bilmeýärdi. Hojalyk başlyklary öz problemalary bilen Sowetleriň ispolnitel komitetlerini çetläp geçip partiýa organlaryna ýüzlenmeli bolýardy. Ilatyň sosial-durmuş meselerine degişli şikaýat we teklipleri hem partiýa komitetleri tarapyndan görüp çykylýardy.

Partiýa organlary komsomol we başga jemgyýetçilik guramalaryna hem kanuna ters görnüşde basym geçirip geldi. Öz nobatynda komsomol we başga guramalar partiýa edaralarynyň görkezmelerini bejermäge mejbur boldular. Buýruklary ýerine ýetirmedik başlyklar öz wezipesinden boşadyldy.

Sowet häkimiýeti döwründe **partiýa nomenklaturasy** (partiýa organlary bilen ylalaşyp saýlanýan wezipeler) diýip atlandyrylýan tertip-düzgün bardy.

Bu tertip-düzgüne görä, jogapkär wezipelere diňe partiýa agzalary, ýagny kommunistler saýlanýardy. Şunuň bilen birlikde dürli derejedäki Sowetler, komsomol hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary kommunistik partiýanyň başlyklarynyň (Merkezi Komitet, welaýat, şäher we raýon partiýa komitetleri) düzümine kabul edilen. Şeýlelikde partiýa organlary bu guramalar bilen goşulyp, olary özüne boýun egdirip alan.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Sowet jemgyýetiniň syýasy sistemasyna haýsy guramalar giirýär? Olaryň işindäki nähili meselelerde päsgelçilikler boldy?
2. 1977-nji ýyldaky Konstitusiýanyň Özbegistan sosial-syýasy durmuşyna täsiri nähili boldy?
3. Administratiw-buýrukbazlyk sistemasynyň hökümdarlygynyň güýçlenmegi nämelerde göründi?
4. Jemgyýet guramalarynyň hukuklarynyň çäklenmegi nähili netijelere alyp geldi?
5. Ş.Raşidowyň totalitar sistema höküm sürýän şertdäki syýasy we sosial işi hakynda nämeler bilip aldyňyz?
6. Jedweli dolduryň.

| Guramanyň ady | Işlän şahslar | Işlän döwri | Işi |
|---|---|---|---|
| Özbegistan SSR Ministrler Sowetiniň başlygy | | | |
| Özbegistan SSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy | | | |

**Özbaşdak iş**

«Şarof Raşidow – özbek halkynyň ýalkymly perzendi» temasynda esse ýazyň.

## § 24. Özbegistanda ýangyç we magdan senagatynyň emele gelmegi hem-de ilatyň milli düzümindäki özgerişler

**Özbegistanyň gazylma baýlyklarynyň Merkez bähbitlerine hyzmat etdirilmegi.** Özbegistan mineral çig-mal görnüşlerine örän baý sebit hasaplanýar. Respublikada birnäçe peýdaly gazylma baýlyklar: altyn, uran, mis, gurşun,sink, wolfram, tebigy gaz, nebit, daşkömür we başga känler tapylyp, işe düşürildi. Gynansak-da , bu känlerden gazylyp alnan peýdaly baýlyklar,meselem, altyn we uran, tebigy gaz Merkez peýdalaryna hyzmat etdi. Bu baýlyklardan olaryň hakyky eýesi bolan özbek halky peýdalanmady diýen ýaly.

**Pikir ediň!**
Oýlap görüp netije çykaryň.
Özbegistanyň ýer asty baýlyklaryndan gymmatbaha resurslary çekip alan Soýuz kärhanalary alnan peýdanyň diňe 1 göterimini ýerli býudjete geçirdi.

Bu talaňçylyk mehanizmi ykdysadyýeti düýp-damary bilen guradyp, özbek halkyna hiç hili peýdasy ýokdy. Altyn , uran, seýrek duş gelýän reňkli metallar, tebigy gaz we başga strategik çig-mallar adatdan daşary gizlinlik perdesi astynda Özbegistandan daşara mugtuna alyp gidilýärdi.


Buharadaky Gazly şäherçesi

**Tebigy gaz känleriniň açylmagy.** Özbegistanyň tebigy gaz bar bolan raýonlarynda aktiw geologik-gözleg işlerini alyp barmaga XX asyryň 50-nji ýyllarynyň başlaryndan girişilipdi. Şol döwürde Jarkorgon, Korowulbozor, Sariktoş tebigy gaz känleri açyldy. Buhara-Hywa geologik regionlarynda **Gazly** we **Jarkok , Demirgazyk** we **Günorta Muborak, Uçkir, Ortabulok** we **Kultak ýaly** iri tebigy gaz känleriniň, şeýle hem, Gissar(Hisor) daglarynyň günorta-günbatar raýonlarynda Odamtoş kondensat

käni, Ustýurtda gelejekli gaz gatlaklarynyň tapylmagy ýagdaýy düýpli üýtgedip, Özbegistany jahandaky iň iri gaz känleri bar regionlardan birine öwürildi.

1956-njy ýylda Buhara welaýatynda dünýäde iň iri we uly **Gazly** nebit-gaz käniniň tapylmagy Özbegistanda tebigy gaz gazyp çykarmagyň tiz depginlerde ösmegine esas boldy. Jahandaky iň iri gaz känlerinden biri hasaplanan bu käniň umumy zapasy 500 mlrd m3 gaz boldy. Bu ýerda “mawy ýalyn “ dikeldijileri - gazçylaryň ýaşaýan **Gazly şäherine** örän tiz esas salyndy. Tebigy gaz gazyp almak depginleri misli görülmedik derejede artdyryldy. 1960-njy ýylda 0,4 mlrd m3 tebigy gaz işläp çykarylan bolsa, 1975-nji ýyla gelip bu maglumat 33,7 mlrd m3-a ýetdi. Soýuz hökümetiniň Özbegistanda gaz işläp çykarmagy artdyrmakdan maksady ony RSFSR-yň senagat merkezlerine köpräk daşap gitmekdi.

Bütin soýuz boýunça gazy gazyp çykarmakda Özbegistanyň ülüşi 1960-njy ýyldaky 1 göterimden 1975-nji ýylda 20 göterime artdy. Bu gatnaşyk soňra hem hemişe ösüp bardy.

Emma ÖzSSR-da öý-jaý fonduny gazlaşdyrmak örän pes derejededi, bu ýagdaý, aýratyn hem respublikanyň ilatynyň köpçülik bölegi ýaşaýan oba jaýlarynda aýdyň göze görünýärdi. Hat-da Sowet Soýuzynyň ýewropa bölümine we sosialistik döwletlere gaz ýetirip berýän Buhara welaýatynyň özünde hem ýagdaý örän aýançlydy. Özbegistanyň gazy esasan respublikadan daşara ugradylýardy.

**Gyzylgumda altyn we uran känlerini özleşdirmek.** XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Özbegistanda altyn işläp çykarmak senagaty has-da ösdi. Altyn we uran bölüp alýan kompleksler, fabrikler, altyn magdan kombinatlary, şeýle hem, mis magdanyny gaýta işleýän kombinatlar işe düşürildi. Gyzylgumuň çäksiz sährasyny merkezi raýonlarynyň senagat taýdan özleşdirilmegi altyn we uran gazyp almak senagatynyň peýda bolmagyny aňladýardy. 1958-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Nowaýy metallurgiýa kombinatynyň düýbi tutulmagy bilen **Nowaýy şäheri** esaslandyryldy. Kombinat Özbegistanyň 5 sany welaýatynda ýerleşen 5 sany kän müdirligi we olaryň esasynda gurlan Nowaýy, Sowetobod (häzirki Nurobod), Zerewşan, Üçkuduk şäherleri, **Muruntow,** Krasnogorsk,

Zafarabat, Şalkar şäherçeleri esaslandyryldy. Dünýäde iň iri Muruntow altyn käni 1961-nji ýylda işe düşürilip, ilkinji sap guýma altyn (999,9 probaly) 1963-nji ýyl taýýarlandy.

**Ýatda saklaň!**
1958-nji ýylyň sentýabrynda Nowaýy şäheri esaslandyryldy. 1982-nji ýylyň aprelinde ýörite Nowaýy welaýaty döredildi.

ÖzSSR altyn we uran gazyp almakda dünýäniň öňdebaryjy orunlaryndan birini eýeledi. XX asyryň 70-80-nji ýyllarynda respublikada her ýyly takmynan 50 tonna etrapynda sap altyn guýup taýýarlanýardy. ÖzSSR altyn öndürip bermek boýunça döwlet altynynyň ýarymyndan köpüsini berdi. Iň soňky maglumatlarda görkezilmegine görä, bu döwürde her ýyly Özbegistanda ýer asty känlerinden takmynan **5,5 mlrd dollar** bahasynda peýdaly gazma baýlyklar alyndy. Bu wagtda altyn zapaslary boýunça ýurdumyz dünýäde ýedinji orny eýeledi.

**Täze senagat şäherlerine esas salynmagy hem-de demografik hadysa-lardaky özgerişler.** Özbegistanda döwrebap metallurgiýa senagatyna esas salynmagy onuň industrial keşbini üýtgedip goýberdi. Birnäçe täze şäherler we posýoloklar (şäherçeler) guruldy. Aýratyn hem, soýuza boýun egýän we "ýapyk şäherler" diýip at alan **Nowaýy, Zerewşan** we **Üçkuduk** ýaly şäherlere başga regionlardan işçi güýji tizlik bilen alyp gelindi. Ýapyk şäherler ýerli häkimiýete boýun egmedi. Bu ýerlerde gizlin kärhanalar ýerleşip, olar diňe Merkeze hasabat berýärdi. Işläp çykaryşda işleýän bütin ilat adatda gelgindilerden ybarat bolup, ýerli ilat ýapyk şäherlerden dürli bahanalar bilen çykaryp goýberildi.

Sosial adalat ugurlarynyň bozulmagyny ýapyk şäherleriň mysalynda aýdyň görmek mümkin. Bu ýere Merkezden göçürip getirilen kadrlar nobatsyz öý-jaý we dürli ýeňillikler bilen üpjün edildi. Obalardan gelen özbek ýigit-gyzlary öý-jaýa eýe bolmak üçin iň gara işleri ýerine ýetirmäge mejbur bolýar we köp ýyllaryň dowamynda öý-jaý almak üçin nobatda durýardy. Şeýle hem, ýerli ýaşlar hemişe kemsidilýärdi.

Özbegistanda asyrlar dowamynda şekillenen we regionyň ýerli halklarynyň wekillerinden ybarat bolan ilatyň köp milletli düzümi sowet häkimiýeti ýyllarynda, meselem, XX asyryň 60 - 80-nji ýyllarynda ýewropaly dürli halklar we başgalaryň hasabyna ýene-de giňeldi. Bu wagtda Özbegistanda 127 sany millet we ilatlar ýaşaýardy. Bu ýerde ýerli ilatdan daşary dürli regionlardan göçüp gelen ruslar, tatarlar, ukrainler, koreýsler we başga halklar ýaşaýardy. Iri senagat kärhanalarynda işleýän özbekleriň sany bu wagtda örän kemeldi.

**Pikir ediň!**

Bu günki günde döwletimizde näçe millet we ilat ýaşaýar. XX asyryň 80-nji ýyllaryndaky 127 sanynyň özgermeginiň faktorlaryny sanamaga hereket ediň.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Özbegistanyň tebigy baýlyklaryndan ýerli ilatyň peýdalanyp bilmeýänliginiň sebäpleri nämelerdi?
2. Gaz känleriniň açylmagy haçan tizleşdi? Muňa dürtgi bolan faktorlary sanaň.
3. Täze döredilen şäherleri sanaň. Olar näme maksatda düzüldi?
4. “Ýapyk şäherler”, “mawy ýalyn” jümlelerini düşündiriň.
5. Täze senagat şäherleriniň peýda bolmagy bilen, sosial adalat ugurlary bozuldy. Muny nähili düşündirýärsiňiz?
6. Öýe işi. Temada berlen ähli seneleri bölüp alyp, tablisa esasynda maglumatlary toplaň.

| Ýyl | Bolup geçen waka | Okuwçynyň waka bolan gatnaşygy |
|---|---|---|
| | | |

## § 25. Özbegistanda ekologik ýagdaýyň agyrlaşmagy we Aral pajygasy

**Ekologik deňagramlylygyň bozulmagy.** Tebigaty we daş-töweregi goramak problemasy, esasan, ynsan işi netijesinde, ýagny ynsanyň tebigy hadysalara aralaşmagy giňelip we çukurlaşyp barmagy sebäpli peýda bolýar. XX asyryň 60 - 80-nji ýyllarynda bu problema ynsanyýet üçin uly howp alyp geldi. Ynsanyň hojalyk işi ýyldan-ýyla güýçlenip barýar, tarp ýerler özleşdirildi, elektr stansiýalary we zawod-fabrikler guruldy, täze şäherleriň sany köpeldi. Täze ýerleriň özleşdirilmegi, senagat we oba hojalyk kärhanalary, transport

işiniň gözegçilikden çete çykyp gitmegi bolsa tebigatyň deňagramlylygyny bozup, nähoş ekologik ýagdaýy emele getirdi.

Alymlar bütin dünýäde ekologik deňagramlylyk bozuldy, onuň howpy ýadro urşunyň howpundan galyşmaýar, diýip duran bir wagtda sowet häkimiýeti we kommunistik partiýa biziň döwletimizde ekologiýa problemasy ýok, diýip bu howpuň öňüni almak üçin hiç bir çäre görmedi. Özbegistanyň alymlary we giň jemgyýetçilikde bu howp dogrusynda aýtmaga ýol berilmedi. Özbegistandaky ähli iri agyr senagat pudaklary - metallurgiýa, gaz-nebit, energetika, himiýa kärhanalary Soýuz ministrlikleri we edaralarynyň garamagyndady. Ekologiýany esasan şol pudaklaryň kärhanalary bozup geldi. Emma Merkez edaralary respublikanyň ilatynyň saglygyny däl-de, belki kem sarp edip, köp girdeji almagy oýlaýardy.

Iri senagat şäherlerindäki kärhanalar daş-töweregi zäherli gazlar we çykyndylar bilen hapaladylar. Aýratyn hem , himiýa zawodlary we kombinatlary ekologik ýagdaýga örän uly ýaman täsir görkezdi. Bu zawodlaryň howply tarapy şu, ýagny Özbegistan aslynda ilaty gür ýaşaýan regionlardan hasaplanýar. Himiýa zawodlary esasan ilaty köp bolan **Nowaýy Çyrçyk,** Fergana şäherlerinde gurlupdy. Zerewşan, Üçkuduk, Olmalik, Bekobod we paýtagt Daşkent şäheriniň hem ekologik ýagdaýy ýaman boldy.

Merkeziň görkezmesi bilen Özbegistan pagtazarlarynda goza zyýankeşlerine we kesellerine garşy göreşde örän zyýanly himiki maddalar ulanyldy. XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalarynda respublikada 90 000 tonna pestisidler oba hojalygynda ulanyldy. Zäherli maddalar bilen işläp bejermek meýdanlaryň takmynan ýarymynda samolýotlarda ýerine ýetirildi. Bu ýagdaý howa we suwy zäherläp, ilatyň saglygy hem-de tebigat we haýwanat dünýäsine uly zyýan ýetirdi.



Pagtany defoliasiýa etmek

Zäherlilik derejesi ýokary bolan himiki madda – butifos gozany defolýasiýa etmek (ýapragyny dökmek) üçin Özbegistanda 20 ýyl dowamynda ulanyldy. Defolýasiýa esasan samolýotlarda ýerine ýetirilýärdi. Köp

ýagdaýlarda butifos her gektar pagta meýdanyna bellenen normadan 2-3 esse köp ulanyldy. Zäherli butifosyň defolýasiýada giňden ulanylmagy daş-töwerek we adamlaryň saglygyna ýaman täsir etdi. Özbegistanyň ýolbaşçylary 1981-nji ýylda respublikada bu himiki maddadan peýdalanmagy gadagan etse hem, käbir hojalyklar bu usuldan soňra hem peýdalandylar.

**Ýatda saklaň!**
Häzirki wagtda Aral deňzi **3 bölege bölünen**: **birinjisi-kiçi** we saý Demirgazyk bölümi; ikinjisi – oňa görä ulurak meýdana eýe bolan we saý Gündogar bölümi; üçünjisi - iň **çuňňur** hasaplanýan günbatar bölümi.

**Aral deňziniň guramagy we onuň aýançly netijeleri.** XX asyryň 60-njy ýyllaryndan suwarylýan ekin meýdanlarynyň giňeldilmegi netijesinde deňze Amyderýa we Syrderýadan guýulýan suw mukdary ýyldan-ýyla kemelip başlady. Netijede Aral deňziniň suw derejesi güýçli depginlerde peselip, ol gurap başlady. Deňiz suwunyň şorlanmagy güýçlenip, balyk we başga suw jandarlary kemelip gitdi.

Aral deňziniň gurap barmagy Merkezi Aziýa regiony hem-de goňşy döwletleriň ekologiýasyna misli görülmedik derejede ýaman täsir etdi.

**Aralboýy regionynda agyr ýagdaýyň emele gelmegi.** Aralboýy (Aşaky Amyderýa) regiony administratiw taýdan **Özbegistan** we **Gazagystan** çäklerinden ybarat bolup, Aral deňziniň guramagy netijesinde bu ýerde agyr ekologik ýagdaý emele geldi. Amyderýanyň aşaky akymynda balykçylyk, deriçilik, awçylyk hojalyklary ýok bolup gitdi. Pagtaçylyk we çarwaçylyk 1980 - 1985-nji ýyllarda her ýyl 30 mln rubldan gowrak zyýan gördi.

Aralboýy regionynda emele gelen agyr ýagdaý ýerli halky örän kyn ýagdaýa saldy. Bu ýerde dürli kesellikler köpeldi. Ýaş çagalaryň ölümi artdy. Maýyp bolup dogulýan çagalaryň sany hem artyp, bir ýaşa çenli bolan çagalaryň arasynda ölüm her müň çaga görä 1980-nji ýyldaky 46,5 sanydan 1986-njy ýylda 72 sana ýetdi. Aýallaryň 60 göterimi kemganlyk keseline duş geldi. Aralboýunda garyn tifi keseli 30 esse, ýokançly sary keseli 7 esse artdy, aýratyn hem, seretan (rak) keseli köpelip gitdi.

Aralboýy regionynda emele gelen agyr ekologik ýagdaýda, aýratyn hem, deňze ýakyn bolan **Moýnak, Goňrat, Çimbaý** şäherleri we töweregindäki

owullaryň ilaty köp ezýet çekdi. Balykçylyk bilen at gazanan moýnoklylaryň köpçüligi 10 – 15 ýylyň içinde işsiz we ejiz ýagdaýa düşdi. Kynçylyklara garamazdan öz ýerinde galan ýerli halk agyr problemalaryň girdabynda galdy.

**Aralgum – dünýädäki iň ýaş çöl**. Aral çöli (Aralgum) Orta Aziýada suwarmagyň güýçli depginlerde ösmegi netijesinde Aral deňzine guýulýan Amyderýa we Syrderýanyň suw möçberiniň kemelmegi we tebigy buglanmagyň ýokarylygy sebäpli Aral deňziniň **40 000 km$^2$**dan zyýat bölümi guramagy netijesinde XX asyryň ahyrynda emele geldi. Gury ýer tipik gum-şorlukly çöl aýratynlyklaryna eýe.

SSSR dargandan soň, täze dörän Özbegistan we Gazagystan döwletleriniň ýolbaşçylary birnäçe gezek duşuşyp, bu problemany çözmäge girişdiler.



Aral deňziniň görnüşi

**Pikir ediň!**

“Merkezi Aziýanyň çäkleri boýunça suwaryş sistemalaryny güýçli depginlerde gurmak birnäçe ilat punktlaryna we senagat kärhanalaryna suw bermek bilen birlikde giň gerimdäki pajyga – Aralyň heläk bolmagynyň sebäbine hem öwrüldi. Ýaňy-ýakynlara çenli çöl we sähralardan bölüp alnyp we suwarylan täze ýerler hakynda buýsanç bilen gepleýärdi. Häzir bolsa ynha şu suwuň Araldan dartyp alnanlygy, onuň “jansyzlandyryp goýlanlygy “ hyýalynada gelmezdi. Häzirki wagtda Aralboýy ekologik külpet çäklerine öwrüldi “.

*Özbegistan Respublikasynyň birinji Prezidenti Yslam Karimowyň sözünden*

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Aral deňzine suwuň barmagynyň kemelmegine nämeler sebäp boldy?
2. Himiki zawodlary esasan, Özbegistanyň haýsy şäherlerinde guruldy? Bu şäherlerde himiki zawodlaryň gurulmagynyň ýaman taraplary nämede?
3. Häzirki gündäki Araly taryplap beriň.
4. Aral regionynda esasan, nähili görnüşdäki kesellikler giň ýaýrapdyr?
5. Aralyň töwereginde ýerleşen raýonlaryň ilatynyň ortasynda işsizligiň emele gelmegine näme sebäp boldy?
6. Aralgum toponimini düşündirip beriň.
7. Aral deňziniň guramagy esasan, haýsy döwletleriň sosial-ykdysady durmuşyna ýaman täsir görkezdi?

# ALTYNJY BAP. ÖZBEGISTANDA SOWET HÄKIMIÝETINIŇ KRIZISI WE GARAŞSYZLYK ÜÇIN HEREKETLER (1984 - 1991-nji ý.ý.)

## § 26. Özbegistanda pagta işi we onuň netijeleri

**SSSR we Özbegistan SSR syýasy dolandyrmakdaky özgerişler.** Döwletiň syýasy durmuşynda 1982 - 1985-nji ýyllarda birnäçe özgerişler bolup geçdi. Syýasy dolandyrmakdaky beýle özgerişler Özbegistany hem çetläp geçmedi.

1982-nji ýylyň noýabrynda KPSS MK Baş sekretary, SSSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy **Leonid Brežnew** wepat etdi. Ol döwleti we partiýany 18 ýyl dowamynda dolandyrypdy. 1982 - 1984-nji ýyllarda **Ýuriý Andropow,** 1984 - 1985-nji ýyllarda **Konstantin Çernenko** Sowet Soýuzyna ýolbaşçylyk etdi. 1985-nji ýylyň 11-nji martynda **Mihail Gorbaçew** KPSS MK Baş sekretary, 2-nji iýulda Andreý Gromiko SSSR Ýokary Soweti Prezidiumynyň başlygy wezipelerine saýlandy. 1985-nji ýyldan döwletde gaýta gurmak syýasaty başlandy.

**Ýatda saklaň!**
1983-nji ýylyň oktýabrynda Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary Şarof Raşidow wepat etdi. Ol respublikany çärýek asyr dowamynda dolandyrdy. 19 8 3-1988-nji ýyllarda Inomjon Usmonhojaýew, 1988-1989-nji ýyllarda Rafik Nişonow Özbegistana ýolbaşçylyk etdi


R.Nişonow

XX asyryň 80-nji ýyllara gelende sowet režimi, onuň syýasy sistemasy we hojalyk dolandyryş usullary özüniň ösüş mümkinçiliklerini ýitirdi. Özbegistanyň ykdysadyýeti uly çig-mal we tebigy baýlyklar zapasyna eýe bolmagyna garamazdan SSSR-yň merkezi regionlaryndan örän yzda galyp başlady. Ynha şeýle şertde Özbegistanyň şol wagtdaky syýasy ýolbaşçylarynda erjellik, batyrgaýlyk, Sowet Soýuzy çäklerinde respublikanyň tutýan abraýyny açyk-aýdyň aýdyp geçmek üçin mertlik ýetişmeýärdi. Bu başlyklar Merkeziň tabşyryklaryny tizräk «bejermek», respublikanyň SSSR-a karzdar ekenligi dogrusyndaky toslamalary gaýtalamakdan aňry geçmeýärdi.

**Pagta işi - sowet režiminiň Özbegistandaky soňky repressiýa syýasaty.** Özbegistan SSR-niň sosial-syýasy durmuşynda 1984-nji ýylyň 23-nji iýunynda bolan Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň XVI plenumy möhüm rol oýnady. Moskwanyň başlangyjy we görkezmesi bilen geçirilen bu plenumda kabul edilen dokumentler Özbegistanda özbek halkyny esassyz ýüzügara etmek kompaniýasyny başlap berdi. Plenumda Moskwadan ýörite goýberilen KPSS MK sekretary Ý.K.Ligaçýow we başgalar gatnaşyp, Kreml görkezmeleri yzygiderlik bilen ýerine ýetirilmegini talap etdiler.



«Pagta işi» boýunça derňew

Şu plenumyň kararlary bilen Merkez tarapyndan Özbegistanda «pagta işi» diýip at alan syýasy repressiýalar başlandy. Soňra bu repressiýa hat-da Özbegistan SSR-yň şol wagtdaky öňki we birinji ýolbaşçylaryny hem çetläp geçmedi.

SSSR Baş prokurorynyň ýanynda aýratyn möhüm işler boýunça ýörite derňewçiler topary düzülip, olaryň ilkinjisi 1983-nji ýylyň başlarynda Özbegistana goýberildi. Ynha şeýle ýörite derňew toparlarynyň esasylaryndan biri **T.H.Gdlýan** we **N.W.Iwanowyň** ýolbaşçylygynda 1983-nji ýylyň aprelinde düzülipdi. Olar soňra Merkezden respublika gelen «desantçylar”-a daýanyp, Özbegistanda nobatdaky repressiýany amala aşyrdy.

**Pikir ediň!**
30 we 50-nji ýyllar repressiýasyny ýadyňyza salyň. 80-nji ýyllaryň repressiýasy haýsy taraplary bilen öňkülerden tapawut edýär.

1983 – 1987-nji ýyllarda Moskwa, Leningrad (häzirki Sankt-Peterburg) we RSFSR-yň başga şäherlerinden 1000 sana golaý «desantçy» Özbegistanyň partiýa, sowet, administratiw-hojalyk organlaryna ýokary ýolbaşçy wezipelerine işe goýberilipdi. Şol wagtda «desantçylar» we 3000 sanydan gowrak derňewçilere ýerli ýolbaşçylar we respublika hukuk-tertip organlarynyň ençeme işgärleri uly kömek berdi.

1985 – 1990-njy ýyllarda Özbegistanda «pagta işi» diýen toslama boýunça jemi 40 000 adam derňew edildi, olaryň köpçüligi derňew izolýatorlarynda

prokuroryň sanksiýasysyz oturdy, 5000 adam bolsa ýalan günäler bilen jenaýat jogapkärçiligine çekildi. Derňew hadysasynda ynsan hukuklary bozulyp, tussaglara fiziki we ruhy basyş edildi. Olaryň maşgala agzalary we dogan-garyndaşlary hem tussag edildi. Kadrlary çalşyrmak syýasaty aýançly geçirilýärdi.

**Pagta işiniň özbekleriň işine aýlandyrylmagy we ähmiýeti.** Merkezi metbugatda yglan edilen makalalarda özbek halky ýüzügara edilip, pagta işine bilgeşlin syýasy görnüş berildi we ol «özbekler işi"ne öwrüldi. Bu syýasy kompaniýany Özbegistanyň şol wagtdaky ýolbaşçylary goldady.

**Özüňizi barlap görüň!**

T.H.Gdlýan we N.W.Iwanow - bu ...     Mihail Gorbaçew - bu ...

Inomjan Usmanhojaýew - bu ...     Rafik Nişonow - bu ...

Merkezden goýberilen kommunistik emeldarlar Ozbegistanyň partiýa we häkimiýet sistemasynda esasy orunlary eýeläp, özbek halkyna garşy repressiýany öjükdirdiler. Repressiýa gylyjy iň ilkinji Özbegistanyň öňki başlygy merhum Şarof Raşidowyň hatyrasyna garşy göterildi. «Şarof Raşidowçylyk» diýen emeli jümle oýlap tapylyp, ondan Ş.Raşidowy ölüminden soň ýüzügara etmek we şöhratyny ýere urmakda peýdalanyldy.

Netijede, sowet režiminiň pagta işi netijesinde Özbegistanda müňlerçe adamlar nähak görnüşde jezalandy. Halk hojalygy ugurlarynda goşup ýazmak, parahorluk we korrupsiýa baglanyşykly jenaýatlar SSSR-yň ähli ýerlerinde diýen ýaly bolan bolsa hem «tejribe meýdany» hökmünde Özbegistan saýlandy hem-de jenaýat işine baglanyşykly adamlardan daşary birnäçe adamlar günäsiz bolsa-da jeza çekildi. Kommunistik ideologiýanyň repressiýa gylyjy bu bilen çäklenmezden pagta işini özbekler işine aýlandyrmaga hereket etdi. Zähmetkeş, sada, ak ýürek we rehimli özbek halky jenaýatçylykda günälendi. Repressiýa syýasatyny amala aşyrmakda Merkez ýolbaşçylary we wekillerinden daşary

***<u>Adalgalara düşündiriş:</u>***

**Izolýator** - (ölmek, ýekelemek) kazarma, lager, ýokumly kesel saklanýan we şunuň ýaly wagtlaýynça bölüp goýulýan otag, jaý.

**Sanksiýa** - (lat. - pugta, örän wajyp karar) dokument, kararlaryň ýokary organ tarapyndan tassyklanmagy, şeýle tassyk netijesinde dokument, kararyň kanuny güýje eýe bolmagy.

Özbegistanyň şol wagtdaky syýasy ýolbaşçylary, halkymyzyň arasyndan çykan hem-de derňewçiler  bilen arkalaşyk edip olaryň ýowuz işlerine kömek eden käbir gorkak we haýynlar hem aktiwlik görkezdi. Bu – taryhyň ajy hakikatydy. Hakykatdan bolsa asla gaçyp gutulyp bolmaýar.

?

**Sorag we ýumuşlar:**

1. XX asyryň 80-nji ýyllarynda SSSR döwletinde nähili syýasy özgerişler bolup geçdi?
2. Özbegistanyň ykdysady taýdan SSSR-yň merkezi çäklerinden yzda galyp gitmeginiň sebäplerini düşündiriň.
3. Pagta işi», «Özbekler işi», «Şarof Raşidowçylyk» jümlelerini taryplap beriň.
4. Ýerli başlyklar we «desantçylar» işini düşündiriň.
5. Özbegistanda kadrlary almaşdyrmak syýasaty nähili ugurlar esasynda amala aşyryldy?
6. Ş.Raşidowdan soňra Özbegistan SSR-ni kimler dolandyrdy?

## § 27. Gaýta gurmak syýasaty we onuň krizisi. Fergana pajygalary

**Gaýta gurmak we onuň basgançaklary.** KPSS MK Aprel (1985-ý ) plenumy sowet jemgyýeti durmuşynyň ähli ugurlaryny çuňňur reforma etmek ýoluny  yglan etdi. Gaýta gurmagyň esasy düzüm bölümleri diýip sosial durmuşy demokratlaşdyrmak we düýpli ykdysady reforma geçirmek belgilendi.



**Ýatda saklaň!**

Gaýta gurmak syýasatynyň maksady we wezipesi döwletde toplanyp galan  sosial-syýasy, ykdysady, medeni we ideologik ugurlardaky problemalary “gaýta gurmak” ýoly bilen çözmekden ybarat boldy.

**Gaýta gurmagyň birinji basgyjy** (1985 – 1986-nji ýyllar) administratiw guramaçylyk çärelerini däp bolan usullarda alyp barylmagy bilen düşündirilýär. Şu basgançakda ylmy-tehnika ösüşiniň gazananlaryny önümçilige çekmek esasynda jemgyýetde düýpli ykdysady ösüşi tizleşdirmek we onuň esasynda ynsan faktoryny aktiwleşdirmek göz öňünde tutulypdy.

**Gaýta gurmagyň ikinji basgançagy** (1987 – 1989-nji ýyllar) jemgyýetiň ähli pudaklaryny kompleks görnüşde reforma etmegi gün tertibine goýdy. Meselem, 1987-nji ýylyň ýanwar we 1988-nji ýylyň iýunynda bu wezipeler


Fergana. 1989-njy ýylyň ýazy

ýene-de konkretleşdirildi we onuň esasy maksady sowet jemgyýetini doly demokratlaşdyrmakdan ybaratlygy nygtap geçildi.

Gaýtadan gurmak açyklyk, demokratiýa we pikirleriň dürlüligi belli bir manyda güýçlenmegine mümkinçilik döretdi. Emma döwletde düýpli demokratik özgerişleri amala aşyrmak, başlanan reformalary ahyryna ýetirmegiň mümkinçiligi bolmady. **Özbegistanda sosial-syýasy krizisiň ýitileşmegi.** Ynha şeýle şertde Özbegistanyň şol wagtdaky ýolbaşçylary Merkeziň öňünde özüniň dogumsyzlygyny we ukypsyzlygyny görkezdi. Respublika ýolbaşçylary Merkezden gaçmak we ony inkär etmek syýasatynyň ornuna köpräk oňa ýakynlaşmak we pugta birleşmek ýoluny saýladylar.

Şol wagtdaky Özbegistan syýasy ýolbaşçylary sosial-ruhy ugurda milliligiň her bir görnüşi "internasionalizm" ähmiýetine ýat ekenligini subut etmäge hereket etdi. Bu ýagdaý özbek dili, yslam dini, milli däp-dessur we dabaralar, Nowruz baýramyna bolan gatnaşyklarynda aýdyň göründi.

**Gaýta gurmak syýasatynyň başa barmazlygy.** Döwletde bolan gaýta gurmak jemgyýetiň sosial we syýasy düzülişinde birnäçe özgerişleri getirip çykardy. KPSS-yň sowet jemgyýetindäki ýolbaşçylyk we öňdebaryjylyk abraýynyň güýjüni ýitirdi, saýlaw sistemasynyň üýtgedilmegi dogrusynda kanun kabul edildi.

Gaýta gurmak netijesinde syýasy taýdan boş sözlüline öwrülip, düýpli demokratik özgerişleri amala aşyrmak we başlanan reformalary soňuna çenli alyp barmak mümkinçiligini amala aşyryp bilmän ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýagdaýyň sebäpleri aşakdaky ýalydy:

*Birinjiden,* gaýta gurmagyň anyk we yzygider, ylmy taýdan pugta işläp çykylan maksatnamasy ýokdy. Demokratiýa we aýdyňlyk ýaly şygarlar hakynda köp aýdylsa hem, amalda partiýanyň syýasy ýolbaşçylary köne pikirler girdabynda bolup, ýolbaşçylygyň demokratiýa ýat bolan administratiw-buýruk berijilik usullaryndan peýdalanmak dowam edýärdi.

*Ikinjiden,* döwletdäki partokratik ýolbaşçylary "nomenklatura"ny saklap

galmakdan peýda görýärdi. Çünki döwleti köne usul bilen dolandyrmak aňsat geçýärdi.

Üçünjiden, gaýta gurmakda milli respublikalaryň suwereniteti hakynda aýdylsa hem Soýuzy täzelenen görnüşde saklap galmak göz öňünde tutulýardy. Kreml soýuzdaş respublikalaryň SSSR-den bölünip, garaşsyz döwlet gurmaklaryna garşy bar güýji bilen gaty durdy.

Dördünjiden, M.S.Gorbaçewiň taglymy esasynda gaýta gurmagy amala aşyrmak mümkin däldi. Çünki sosializm çägindäki mülki aragatnaşyklar, sosial ugurdaky syýasat, milli we dini syýasat, ýekepartiýa esaslanan ýolbaşçylyk hökümdar dolandyryş usuly hiç haçan demokratiýa we aýdyňlyk bilen ylalaşyp bilmedi.

**Fergana pajygasy we onuň mazmuny.** Merkez jylawyny elden bermezlik üçin ähli mümkinçiliklerini işe salýan bir şertde 1989-njy ýylyň maý-iýun aýlarynda Kuwasoýda ýaşlaryň arasynda bolan tertipsizlik jülgede milletlerara çaknyşygy (mesheti türkleri bilen ýerli ýaşlaryň arasynda) getirip çykardy. Ol Fergana jülgesi we Daşkent welaýatyna ýaýrap, howply görnüş aldy.

1989-njy ýylyň 7-8-nji iýunynda **Kokant** şäherinde ýerli ilat gatnaşan parahat çykyşlary harby bölümiň esgerleri tarapyndan oka tutulmagy netijesinde 50 den gowrak gatnaşyjylar heläk boldy. Resmi maglumatlara garanda, 1989-njy ýylyň 3 – 12-iýunynda Fergana welaýatynda bolan milletlerara çaknyşyklar we çykyşlaryň harbylar tarapyndan oka tutulmagy netijesinde 103 sany adam heläk boldy, 1011 adam ýaralandy we 757 sany öý ýandyrylyp, weýran edildi.

Fergana pajygalaryndan soňra Özbegistanyň Yslam Karimow ýolbaşçylyndaky täze syýasy başlyklary bu meselede prinsipial orny eýeledi. Özbe-

**Pikir ediň!**

Okaň we ara alyp maslahatlaşyň!

“Hukugy goramak organlary öz ukypsyzlyklaryny görkezdi. Olar köpçülikleýin tertipsizlikleriň öňüni almak beýle-de dursun, köplenç şu tertipsizliklere özleri ýol açyp berdiler. Soňra bolsa, ýene ýagdaý durnuklylaşyp, derňew başlanandan soň, olar işi ýüzlekeý alyp barmagy makul bildiler. Netijede pajyganyň baş guramaçylary we esasy sebäpçileri bukuda galyp gitdi “.

***Yslam Karimow***

gistandaky sosial-ykdysady ýagdaýy öwrenip, oňa dogry baha berdi, Yslam Karimow metbugat konferensiýalarynyň birinde “Özbegistan ýene bir Fergana çydap durup bilmeýär “, diýip nygtady.

**Özbek diline döwlet dili adynyň berilmegi.** 1989-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda respublika Ýokary Sowetiniň XI sessiýasy **“Özbegistan SSR döwlet dili hakynda” ky** Kanuny kabul edilip, özbek diline döwlet dili adyny berdi.

Kanunyň kabul edilmegi özbek halky we respublikada ýaşaýan başga halklaryň medeni, ruhy we syýasy durmuşynda bolup geçen möhüm wakady.

Kanun özbek dili we medeniýetiniň ösmegine mümkinçilik döretdi. Şonuň bilen birlikde onda respublika çäklerinde ýaşaýan başga halklaryň dillerini ösdürmek mümkinçilikleri hem belgiläp berildi.

1990-njy ýylyň iýunynda Fergana jülgesiniň **Oş** we **Özgan** şäherlerinde (goňşy Gyrgyzystan çäklerinde) gyrgyzlar bilen özbekleriň arasynda etnik dawalar gelip çykdy. Bu dawa (Oş gyrgyny) netijesinde müňlerçe günäsiz özbekler heläk boldy. Merkez çylşyrymly etnik ýagdaýdan öz maksatlary ugrunda peýdalanmaga ymtyldy, öňden garyndaş hasaplanýan türki halklaryny biri-birine garşy goýdy. Ynha şeýle çylşyrymly bir şertde özbek halky asyrlar dowamynda synagdan geçen özüniň sabyr-kanagaty we çydamyny, rehim şepagatlylygyny görkezdi, Dürli syýasy güýçler we hilegärleriň öjükdirmegine gitmedi. Özbegistan hökümeti hem bu meselede yzygiderli syýasat alyp bardy, bütin regionda parahatçylygy saklamakda möhüm rol oýnady.

***Adalgalara düşündiriş:***

**Internasionalizm** - halklar we sosial toparlaryň milletler azatlygy, garaşsyzlygy, hukuky deňligine esaslanan birdemlik we özara arkalaşyk tarapy.

**Partokratik** - partiýa hökümdarlygyna esaslanan.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Nähili sebäpler SSSR-ny krizisli ýagdaýa alyp geldi?
2. “Gaýta gurmak” syýasaty diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Näme üçin “gaýta gurmak” syýasaty amala aşmady?
4. Özbek diline döwlet dili adynyň berilmegine näçe wagt boldy? Özbek diliniň beýle ada eýe bolmagy nähili mümkinçilikleri döretdi?

5. Fergana pajygalarynyň başga regionlara hem dargamagyna nämeler sebäp boldy?
6. Fergana pajygasy näme sebäpden bolup geçdi, onuň netijelerini bilýärsiňizmi?
7. Öýe işi. Gaýta gurmak syýasaty temasyna degişli jedweli dolduryň.

| Gaýtagurmak | Basgançaklary | Mazmuny | Netijeleri |
|---|---|---|---|
| | | | |

## § 28. -§. Özbegistan garaşsyzlygyň bosagasynda


Islam Karimow

**Özbegistan SSR syýasy ýolbaşçylygyndaky täze özgerişler.** 1989-njy ýylyň 23-nji iýunynda tejribeli ykdysatçy we partiýa işgäri Islam Karimow Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary edip saýlandy. Ol özi saýlanan plenumda sözlän sözünde Özbegistanyň Soýuzda tutan orny we roluny anyk we aýdyň kesgitläp berdi, medeni mirasy we taryh hakykatyny diklemek, milli däpleri we dabaralaryny ösdürmekligiň obýektiw zerurlykdygyny nygtady.

**Ýatda saklaň!**
Özbegistan SSR Ministrler Sowetine 1989-1990-njy ýyllarda Mirahmad Mirhojiýewiç Mirkasimow we 1990-njy ýylyň mart - oktýabr aýlarynda Şukurulla Rahmatowiç Mirsaidow ýolbaşçylyk etdi.

**«Birlik» halk hereketi we «Erk» demokratik partiýasynyň sosial-syýasy çäklenmegi we ýalňyşlyklary.** Bu döwür Özbegistanyň sosial-syýasy durmuşynda düýpli özgerişler, aýratyn hem, jemgyýetçilik guramalarynyň aktiwleşmegi we syýasy medeniýetiň ýiti göterilmegi bolup geçdi. 1988-nji ýylyň noýabrynda **«Birlik» halk hereketi** (başlygy professor Abdurahim Polatow) jemgyýetçilik guramasy hökmünde döredildi. Şeýle hem, hereketiň ýanynda Özbegistan ýaşlarynyň erkin birleşmesi (1988-nji ýylyň noýabrynda esas salnan) hem-de «Tomaris» aýallar hereketi hem iş alyp bardy. Olar XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyry we 90-njy ýyllarynyň başlarynda respublikanyň sosial-syýasy durmuşynda uly rol oýnady. Hereketiň «Birlik», «Tomaris» we

başga gazetleri ýarym açyk ýagdaýda neşir edildi hem-de Özbegistan ilatynyň ortasynda ýaýradyldy. durmuşynda düýpli özgerişler, aýratyn hem, jemgyýet guramalarynyň aktiwleşmegi we syýasy medeniýetiň ýiti göterilmegi bolup geçdi. 1988-nji ýylyň noýabrynda «Birlik» halk hereketi (başlygy professor Abdurahim Polatow) jemgyýetçilik guramasy hökmünde döredildi. Şeýle hem, hereketiň ýanynda Özbegistan ýaşlarynyň erkin birleşmesi (1988-nji ýylyň noýabrynda esas salnan) hem-de «Tomaris» aýallar hereketi hem iş alyp bardy. Olar XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyry we 90-njy ýyllarynyň başlarynda respublikanyň sosial-syýasy durmuşynda uly rol oýnady. Hereketiň «Birlik», «Tomaris» we başga gazetleri ýarym açyk ýagdaýda neşir edildi hem-de Özbegistan ilatynyň arasynda ýaýradyldy.

«Birlik» halk hereketiniň aktiwleriniň bir topary soňra, modern şahyr Muhammet Solih (Saloý Madaminow) ýolbaşçylygynda syýasy partiýa düzmek üçin hereket başladylar. 1990-njy ýylyň 30-njy aprelinde **«Erk» demokratik partiýasynyň** guramaçylyk gurultaýynda onuň maksatnamasy we nyzamy kabul edildi. Partiýa tarapyndan 1990 - 1992-nji ýyllarda neşir edilen «Erk» gazeti Özbegistan ilatynyň arasynda örän meşhur bolup gitdi.

**Özüňizi barlap görüň!**

“Tomaris” - bu ...
“Birlik” - bu ...
“Erk” - bu ...
Islam Karimow - bu ...
Mirahmad Mirkasimow - bu ....
Şukurulla Mirsaidow - bu ....

Bu hereket we partiýalar (soňra, Özbegistanda demokratik ruhdaky başga syýasy partiýalar we hereketler hem döredildi) aýdyňlygy giňeltmek, syýasy we sosial-ykdysady reformalary aktiwleşdirmek, özbek halkynyň milli gymmatlyklaryny, meselem, dabara we däp-dessurlaryny gaýtadan diklemek, şeýle hem, respublika durmuşynda Merkez hökümdarlygy gutarmak hem-de Özbegistanyň hakyky manyda syýasy we ykdysady garaşsyzlygyna gazanmak talaplary bilen çykyş etdi. Emma bu hereket we partiýalaryň başlyklary soňky

**Ýatda saklaň!**

1990-njy ýylyň 12-15 –nji martynda Moskwada bolan SSSR halk deputatlarynyň adatdan daşary III sýezdinde SSSR Prezidenti wezipesi yglan edilib, bu wezipä KPSS MK Baş sekretary, SSSR Ýokary Sowetiniň başlygy Mihail Sergeýewiç Gorbaçew saýlandy

ýyllarda Özbegistan Prezidenti we Özbegistan Ýokary Geňeşi syýasatyna garşy topar ýoluna geçdiler, bu zat jemgyýetdäki graždanlaryň dynçlyk we agzybirligine zyýan ýetirip başlady. Şondan soň 1992-nji ýyldan «Birlik» we «Erk» Özbegistan çäklerinde öz syýasy işini ýatyrdy.

**Özbegistan SSR-da prezidentlik dolandyryşynyň yglan edilmegi.** 1990-njy ýylyň 24-nji martynda bolan Özbegistan SSR Ýokary Sowetiniň on ikinji çagyryş I sessiýasynda Özbegistanda prezidentlik dolandyryş yglan edildi we Özbegistan Kompartiýasy Merkezi Komitetiniň birinji sekretary **Yslam Karimow** Özbegistan SSR Prezidenti edip saýlandy. Soýuzdaş respublikalaryň ortasynda birinji bolup Özbegistanda **prezidentlik dolandyryş** yglan edildi.

Özbegistanda häkimiýetiň prezidentlik dolandyryş şekiline geçmegi respublika suwereniteti we döwletçiligi taryhynda mazmun taýdan täze basgançak boldy. Prezidentlik dolandyryşynyň peýda bolmagy we ösüşi respublikada aşakdaky basgançaklardan amala aşyryldy:

**Pikir ediň!**
Yslam Karimow şol bir wagtda Ministrler Kabinetiniň başlygy wezipesinde 2005-nji ýylyň ýanwar aýyna çenli işledi. 8-nji synpda Döwlet we hukuk esaslary sapagyndan alan bilimleriňize esaslanyp, näme üçin hut 2005-nji ýyla çenli bu wezipede oturanlygyny düşündiriň.

**Birinji basgançak** 1990-njy ýylyň mart - oktýabr aýlaryny öz içine aldy. Onda 1990-njy ýylyň mart aýynda Özbegistan SSR Prezidenti wezipesini yglan etmek hem-de «Özbegistan SSR Konstitusiýasy (Esasy Kanuny)-a üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek dogrusynda»ky Kanun kabul edilip, Özbegistan SSR-yň birinji Prezidenti saýlandy. 1990-njy ýylyň iýun aýynda Özbegistanyň Garaşsyzlyk deklarasiýasy kabul edildi hem-de Y.Karimow ýolbaşçylygynda Konstitusiýanyň komissiýasy düzüldi.

**Ikinji basgançak** 1990-njy ýylyň noýabr - 1991-nji ýylyň awgust aýlaryny öz içine alýar. 1990-njy ýylyň 1-nji noýabrynda «Özbegistan SSR-da ispolnitel we dolandyryş häkimiýetiniň düzülmegini kämilleşdirmek hem-de Özbegistan SSR Konstitusi¬ýasy (Esasy Kanuny, 1978-nji ýylda kabul edilen)-a üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek dogrusynda»ky Kanun kabul edildi. Kanuna görä, Özbegistanda prezidentlik häkimiýeti bilen Ministrler Sowetiniň

ispolnitel dolandyryş häkimiýeti goşup goýberildi. Özbegistan SSR Ministrler Soweti Özbegistan SSR Prezidentiniň ýanyndaky Ministrler Mahkamasyna aýlandyryldy. Özbegistan SSR Prezidenti **Yslam Karimow** şol bir wagtda Ministrler Mahkamasynyň başlygy hem boldy.

**Üçünji basgançak** 1991-nji ýylyň sentýabr - 1992-nji ýylyň ýanwar aýlaryndan ybarat bolup, Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygy gazanandan soň 1991-nji ýylyň 29-njy dekabrynda birinji gezek gizlin ses bermek ýoly bilen geçirilen dogrudan-dogry umumy we alternatiw esasdaky prezidentlik saýlawynda **Yslam Karimow** 5 ýyl möhlete **Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti** edip saýlandy. Bu basgançak 1992-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda «Özbegistan Respublikasynyň wise-prezidenti wezipesini ýatyrmak hem-de Özbegistan Respublikasy Baş ministri wezipesini dikeltmek we Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy (esasy Kanuny)-a üýtgeşmeler girizmek dogrusynda»ky Kanun kabul edilmegi bilen gutardy.

**Garaşsyzlyk Deklarasiýasy we onuň ähmiýeti.** Özbegistanda we soňra başga soýuzdaş respublikalarda prezidentlik wezipesiniň yglan edilmegi Merkez üçin güýçli zarba boldy. Emma şoňa garamazdan Moskwa we onuň respublikalardaky ýaranjaňlary ähli mümkinçiliklerini işe salyp Soýuzy saklap galmak üçin hereket etdiler. Emma taryhyň hökümi başgaçady.

1990-njy ýylyň 20-nji iýunynda bolan Özbegistan SSR Ýokary Soweti on ikinji çagyryş II sessiýasynda **Garaşsyzlyk Deklarasiýasy** kabul edildi. Şu Garaşsyzlyk Deklarasiýasy Özbegistanyň garaşsyzlyga tarap äden örän möhüm we saldamly ädimi boldy. Netijede , Garaşsyzlyk Deklarasiýasy Özbegistan milli döwlet garaşsyzlygynyň hukuky we syýasy esaslaryny döretmek üçin uly hyzmat etdi. 14-nji dekabrda Özbegistan SSR düzümindäki Garagalpagystan ASSR suwereniteti dogrusynda **Deklarasiýa** kabul edildi.

**Täze Soýuz şertnamasy we GKÇP.** Özbegistandaky beýle wakalar hem-de Sowet Soýuzynyň düzüminden 1990-njy ýylyň mart - maý aýlarynda Litwa, Latwiýa we Estoniýanyň bölünip çykmagy SSSR-yň döwlet bitewiligine çynlakaý täsir görkezdi. 1990-njy ýylda SSSR-da kommunistik partiýanyň hökümdarlygy ýatyryldy we milli hereket güýçlendi Baltikboýy döwletleri öz

garaşsyzlyklaryny yglan etdi. Hatda **1990-njy ýylyň 12-nji iýunynda** RSFSR-yň döwlet suwereniteti barada Deklarasiýa kabul edildi. 1991-nji ýylyň 17-nji martynda birinji gezek SSSR-da umumhalk referendumy geçirilip, Merkez tarapyndan Soýuzy saklap galmak üçin çynlakaý hereket edildi.

1991 -nji ýylyň 23-nji aprelinde Moskwa golaýyndaky Nowo-Ogarýowoda SSSR Prezidenti M.Gorbaçew hem-de 9 sany soýuzdaş respublikalar - RSFSR, Ukraina, Belorussiýa, Özbegistan, Gazagystan, Azarbeýjan, Täjigistan, Gyrgyzystan we Türkmenistan döwlet ýokary edaralarynyň başlyklarynyň gatnaşmagynda «Döwletdäki ýagdaýy durnuklylaşdytmak we dartgynlygy çözmäge degişli gijikdirip bolmaýan çäreler dogrusynda goşma beýanat» kabul edildi. Beýanatda täze Soýuz şertnamasy dokumentiniň proýektini taýýarlamak işini tiz wagt içinde bitirmek nygtap geçildi. Goşma beýanat «9+1» (dokuz respublika + Merkez) diýen at aldy. Hadysalar çylşyrymly geçdi, çekişikler uzak dowam etdi. «Garaşsyz Döwletler Soýuzy dogrusyndaky şertnama» proýekti Özbegistan metbugatynda 28-nji iýun we 16-njy awgust günleri yglan edildi. 20-nji awgustda täze Soýuz şertnamasyna gol çekmelidi.

**Pikir ediň!**
Beýanatyň "9+1" diýip at almagynyň sebäbini düşündiriň. Ýadyňyza salyň! 1940-njy ýyl awgustdan SSSR 15 sany soýuzdaş respublikadan ybaratdy.

Moskwada 1991 -nji ýylyň 19-21 –nji awgustynda bolup geçen wakalar, KPSS MK Baş sekretary we SSSR Prezidenti M.S.Gorbaçewiň häkimiýetden çetledilip, wise-prezident **Gennadiý Ýanaýewiň** ýolbaşçylygyndaky ýokary eşelon başlyklary tarapyndan **Adatdan daşary Ýagdaý Döwlet Komiteti (GKÇP)** düzülmegi, emma tiz arada onuň RSFSR prezidenti **Boris Ýelsin** ýolbaşçylygyndaky demokratik güýçler tarapyndan basyp ýatyrylmagy SSSR-iň gelejeginiň ýoklugyny delillendirýärdi.

Pitne amala aşmandan soň, SSSR düzümindäki soýuzdaş respublikalar öz garaşsyzlyklary we suwerenitetlerini yglan etdi. KPSS we SSSR krizise duş geldi. KPSS syýasy partiýa hökmünde 1991-nji ýylyň 29-njy awgustynda öz işini togtatdy. 1991-nji ýylyň 25-nji dekabrynda SSSR döwleti hem halkara hukuk subýekti hökmünde öz işini gutardy.

Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygynyň yglan edilmegi. Özbegistan entek Soýuz düzüminde bolup, SSSR-yň konfederatiw döwlete öwrülmegine köpçülik umyt edip duran bir wagtda möhüm syýasy waka bolup geçdi. Özbegistan özüni SSSR-dan garaşsyz diýip yglan etdi. 1991-nji ýylyň 31-nji

***<u>Adalgalara düşündiriş:</u>***

**Referendum** - (lat. - habar berilmegi zerur bolan zat) döwlet ähmiýetine eýe bolan möhüm meseleler boýunça geçirilýän we käte kanunlar kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýän umumhalk soragy, ses bermek ýoly bilen halkyň pikirini anyklamak.

**Wise-prezident** - (lat. wice - ornuna) «orunbasar», «kömekçi» diýen manylary aňladýan birinji guramaçylyk bölümi. Wise-prezident – prezidentiň orunbasary.

**Deklarasiýa** - (mälim edýärin) - hökümetiň, bir guramanyň möhüm bir dokumentini, kanuny, wakany köpçülige ýetirýän beýannamasy.

awgustynda Özbegistan Respublikasy Ýokary Geňeşiniň on ikinji çagyryş nobatdan daşary VI sessiýasynda Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Garaşsyzlygy dogrusynda prezident Y.A.Karimowyň doklady diňlendi. Sessiýada «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Garaşsyzlygy esaslary dogrusynda» ky Kanun kabul edildi. Şu kanun 17 maddadan ybarat bolup, onda suweren Özbegistan Respublikasynyň esasy belgileri anyklap berildi. Kanunda 1-nji sentýabr Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlýk güni diýip yglan edildi.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Näme sebäpden Özbegistanda «Birlik» hereketi we «Erk» partiýasynyň işi gysga möhletde gutardy?
2. 1989-njy ýylyň 23-nji iýunyndan Özbegistanyň Soýuzdaky ornunda nähili özgerişler boldy?
3. Yslam Karimow Özbegistanyň ýolbaşçysy bolandan soň, Merkeziň öňüne nähili talaplar goýupdy?
4. Özbegistanda haçan resmi bolmadyk gurama we hereketler emele geldi, näme üçin olar halk arasynda daýanç we ynama eýe bolup bilmedi?
5. Täze Soýuz şertnamasynyň gol çekilmän galmagyna näme sebäp boldy?

# MAZMUNY

Giriş..........................................................................................................................3

**Birinji bap. Türküstan ülkesinde sowet häkimiýetiniň ornaºdyrylmagy hem-de özbek halkynyň garaşsyzlyk üçin göreşi (1917- 1924-nji ý.ý.)**

1-§. Türküstan ülkesi 1917-nji ýylyň fewral - oktýabr aralygynda ....................................5
2-§. Türküstanda sowet häkimiýetiniň mejbury ýagdaýda ornaºdyrylmagy hem-de bolşewikler diktaturasy ..........................................................................................11
3-§. Türküstan Awtonomiýasy – ýerli halklaryň döwletliliginiň taryhynda täze basgançak.............................................................................................................14
4-§. Türküstan ülkesinde sowet häkimiýetiniň dolandyryş sistemasynyň gurluşy we ykdysadyýet ugrundaky özgerişler ...........................................................................20
5-§. Türküstan ASSR-da sowet häkimiýetine garşy ýaragly hereketler ...........................25
6-§. Buhara emirliginde reformalar üçin göreş hem-de gyzyl armiýa tarapyndan emir häkimiýetiniň agdarylmagy. BHSR-yň döredilmegi we işi .............................................31
7-§. Hywa hanlygyndaky ýagdaý hem-de han häkimiýetiniň agdarylmagy. HHSR-yň düzülişi we dürli reformalar.............................................................................................37
8-§. BHSR we HHSR-da gyzyl armiýa garşy göreş .......................................................42
9-§. Orta Aziýa respublikalarynda geçirilen milli-sebitleýin serhetlenme we onuň netijeleri ..........................................................................................................................48

**Ikinji bap. Sowet häkimiýetiniň Özbegistanda alyp baran syýasaty (1925-1939-njy ý.ý.)**

10-§. Özbegistan SSR-niň döredilmegi ..........................................................................55
11-§. Özbegistanda oba hojalygyny kollektiwleşdirmek syýasaty hem-de kulaklaryň sürgün edilmegi.............................................................................................................61
12-§. Özbegistanda industrlaşdyrmak syýasatynyň alyp barylmagy we kadrlar meselesi..........................................................................................................................67
13-§. Özbek aýal-gyzlaryny azatlyga çykarmak hadysasy we problemalar......................71
14-§. Özbegistanda sowet häkimiýetiniň alyp baran medeni syýasaty.............................75
15-§. Sowet häkimiýetiniň Özbegistandaky repressiýa syýasaty: onuň mazmuny we netijeleri .........................................................................................................................80

**Üçünji bap. Özbegistan Ikinji jahan urşy ýyllarynda (1939 - 1945-nji ý.ý.)**

16-§. Ikinji jahan urşunyň başlanmagy hem-de Özbegistanyň uruş girdabyna çekilmegi ........ 87
17-§. Özbegistanyň senagaty we oba hojalygy front hyzmatynda ........ 91
18-§. Özbegistanlylaryň frontdaky mertligi we gahrymançylyklary ........ 95
19-§. Özbegistanyň ylmy we medeniýeti - ýeňiş üçin hyzmatda ........ 101

**Dördünji bap. Özbegistanyň sosial-ykdysady ýagdaýy we ösüşiniň problemalary (1945 – 1959-njy ý.ý.)**

20-§. Özbegistan halk hojalygynyň uruşdan soňky ýagdaýy ........ 105
21-§. Zyýalylaryň repressiýa edilmegi we sowet jemgyýetinde şahsa sygynmagyň paş edilmegi ........ 108
22-§. Özbegistanda senagatyň bir taraplaýyn ösüşi ........ 112

**Bäşinji bap. Özbegistan durnukly ösüş döwründe (1959 - 1983-nji ý.ý.)**

23-§. Özbegistanyň syýasy durmuşyndaky özgerişler hem-de sowetleriň partiýa organlaryna baknalygy ........ 116
24-§. Özbegistanda ýangyç we magdan senagatynyň emele gelmegi hem-de ilatyň milli düzümindäki özgerişler ........ 120
25-§. Özbegistanda ekologik ýagdaýyň agyrlaşmagy we Aral pajygasy ........ 123

**Altynjy bap. Özbegistanda sowet häkimiýetiniň krizisi we garaşsyzlyk üçin hereketler (1984 - 1991-nji ý.ý.)**

26-§. Özbegistanda pagta işi we onuň netijeleri ........ 128
27-§. Gaýta gurmak syýasaty we onuň krizisi. Fergana pajygalary ........ 131
28-§. Özbegistan garaşsyzlygyň bosagasynda ........ 135

**QAHRAMON KENJAYEVICH RAJABOV,
AKBAR TURG‘UNOVICH ZAMONOV**

# O‘ZBEKISTON TARIXI (1917 - 1991-yillar)

*O‘rta tälim muassasalarining 10-sinf o‘quvchilari uchun darslik*

*(Turkman tilida)*

*1-nashri*

*G‘afur G‘ulom nomidagi nashriyot-matbaa ijodiy uyi
Toshkent – 2017*

Terjime edenler: *G.Ablullaýewa, K.Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Çeper redaktor *Ş. Mirfaýozow*
Tehnik redaktor *D. Jalilow*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *U. Walijanowa*

Nesirýat lisenziýa nomeri AI № 290. 04.11.2016
Çap etmäge 2017-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda rugsat edildi.
Ölçegi 70×90 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Ofset çap usulynda çap edildi. Şertli çap listi 10,53.Neşir listi 9,3.
1018 nusgada çap edildi. Buýurma №

Original-maket Özbegistanyò Metbugat we habar agentliginiň
Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100128. Daşkent. Labzak, 86.

Telefonlar: (371) 241-25-24, 241-48-62, 241-83-29
Faks: (371)241-82-69

***www.gglit.uz*** ***info@gglit.uz***

Özbegistanyò Metbugat we habar agentliginiň
«Özbegistan» adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100129. Daşkent. Nawoi, 30.

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | |
| **2** | | | | | | |
| **3** | | | | | | |
| **4** | | | | | | |
| **5** | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |